# ABŞ-nyň HÖKÜMETI

BARADA GYSGAÇA ÝAZGYLAR



**Baş redaktor:** Rozali Targonski
**Çeperçilik bezegi:** Klou D. Ellis
**Surat redaktory:** Meggi Jonson Slaýker
**Redaktorlar:** Ketlin E. Hag we Kerol Norton

Birinji neşir Riçard Şreder tarapyndan ýazylan. «Konstitusiýanyň düşündirilişi: Federalistiň ýazgylary» atly kitabyň II-nji bölüminiň awtory Natan Glik tarapyndan bu kitap 1989-njy ýylda gözden geçirilen we üsti ýetirilen. Kitabyň «Ýokary suduň taryhy kararlary» diýen 6-njy bölüminiň awtory hökmünde çykyş edýän Rozali Targonski tarapyndan bu kitap 2000-nji ýylda gaýtadan seredilen we üsti ýetirilen. Şu neşiriň «Halk hökümeti: Raýatyň wezipesi» atly 8-nji bölümi Robert L. Teýlor tarapyndan taýýarlanan.

# ABŞ-nyň HÖKÜMETI

BARADA GYSGAÇA ÝAZGYLAR

## MAZMUNY

**I bap**
Konstitusiýa: Asyrlara niýetlenen dokument . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 4

**II bap**
Konstitusiýanyň düşündirilişi: Federalistiň ýazgylary . . . . . . . . . . . . . . . . 30

**III bap**
Ýerine ýetiriji pudak: Prezidentlik wekilçilikleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 38

**IV bap**
Hökümetiň kanun çykaryjy pudagy: Kongresiň hukuklary . . . . . . . . . . . 66

**V bap**
Sud pudagy: Konstitusiýanyň düşündirilişi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 80

**VI bap**
Ýokary suduň taryhy kararlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 88

**VII bap**
Köp hökümetleriň ýurdy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 98

**VIII bap**
Halk hökümeti: Raýatyň wezipesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 106

ABŞ-nyň hökümeti barada goşmaça edebiýatyň sanawy . . . . . . . . . . . 122




«Amerikanyň döwlet hökümetiniň düýbüniň tutulyşy» atly bu suratda Konstitusion Konwentiň wekilleriniň biriniň ABŞ-nyň Konstitusiýasyna gol çekýän pursadyna seretmek üçin stoluň üstüne eglip duran Jorj Waşington we bu waka syn edip duran beýleki wekiller şekillendirilipdir.



I

bap

## KONSTITUSIÝA

# AŞYRLARA NIÝETLENEN DOKUMENT

*«Konstitusiýa girizilen bu düzgün asyrlara niýetlnendir, şeýle-de jemgyýetçilik durmuşyndaky dürli kynçylyklary çözmek maksady bilen üýtgedilip bilner» – ABŞ-nyň ýokary sudunyň başlygy Jon Marşall, MakKullohyň Merilend ştatynyň garşysyna işi, 1819-njy ý.*



XVIII-nji asyryň bir grawýurasynda 1787-nji ýylda ABŞ-nyň Konstitusiýasynyň taslamasy ýazylan ýeri bolan Garaşsyzlyk jaýynyň ýanynda üýşüp duran filadelfiýalylar şekillendirilen.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Konstitusiýasy döwlet dolandyryşynyň esasy guralydyr we ýurduň esasy kanunydyr. 200 ýylyň dowamynda onuň bilen döwlet edaralary dolandyryldy, ol syýasy durnuklylygyň, şahsyýet azatlygynyň, ykdysady we sosiýal ösüsiň esasyny düzdi.

Amerikanyň Konstitusiýasy dünýädäki konstitusiýalaryň iň irkisi bolup, köp ýurtlaryň konstitusiýalary düzülende nusga bolup hyzmat etdi. Konstitusyýanyň öçmejek gymmatlygy onuň ýönekeýligine we çeýeligine baglydyr. XVIII-nji asyryň ahyrynda, entek Konstitusiýa işlenip taýýarlanýarka, ol Amerikanyň Atlantik kenar ýakasynda ýerleşen we öziralarynda örän tapawutlanýan 13 sany ştatlaryň 4 million ilatyny dolandyrmakda ýuridiki esas bolup hyzmat etmelidi. Ýöne Konstitusiýanyň esasy düzgünleri şeýle bir akylly-başly düzülipdir welin, oňa bary-ýogy 27 sany düzediş girizilen hem bolsa, Atlantik okeanyndan Ýuwaş okeany aralygynda ýerleşen biri-birinden tapawutly 50 ştatlarda ýaşaýan 260 million amerikanlylaryň şu günki isleglerini hem kanagatlandyrýar.

Konstitusiýanyň işlenip taýýarlanylşynyň we kabul edilişiniň taryhy ýeňil bolmandy. Dokumentiň taslamasy dartgynly jedelleriň netijesinde we federal birleşmesiniň başky görnüşiniň ulany-

lyşynyň 6 ýyllyk tejribesinden soň, 1787-nji ýylda işlenip düzüldi. 1776-njy ýylda Britanyýanyň Amerikadaky 13 koloniýasy özleriniň garaşsyzlygyny yglan etdi. Ondan bir ýyl öň koloniýalar bilen Beýik Britaniýanyň arasynda uruş başlanypdy. Garaşsyzlyk ugrundaky uruş uzak alty ýyla çekdi. Uruş entek gidip durka, şol wagta çenli özlerini «Amerikanyň Birleşen Ştatlary» diýip atlandyrýan kolonyýalar özlerini bir döwletiň çäginde birleşdirýän şertnamany düzdüler. Bu şertnamanyň doly ady «Konfederasiýanyň we Baky Birleşigiň maddalary» bolup, ştatlaryň Kongresi tarapyndan 1777-nji ýylda tassyklandy we 1778-nji ýylyň iýulynda resmi ýagdaýda gol çekildi. Maddalar 13-nji ştat, ýagny Merilend ştaty, 1781-nji ýylyň martynda tassyklanylandan soň kanuny güýje girdi.

Konfederasiýanyň maddalary ştatlaryň erkin birleşigini we federal hökümetiň örän çäklendirilen ygtyýarlylygyny göz önünde tutýardy. Federal hökümeti goranmak, döwletiň maliýe we söwda ýaly möhüm meselelerinde ştatlaryň kanun çykaryjy ýygnaklaryna doly garaşlydy. Bular ýaly döwlet gurluşy durnuklylygy we güýji üpjün edip bilmeýärdi. Tiz wagtdan Konfederasiýanyň gowşaklygy hemmä mälim boldy. Syýasy we ykdysady taýdan ýaş döwlet bulambujarlyga tarap gidip barýardy. Birleşen Ştatlaryň ilkinji prezidenti bolup 1789-njy ýylda saýlanmaly Jorj Waşingtonyň aýtmagyna görä, 13 ştatlar «çägeden edilen ýalydy».

Hut şular ýaly agyr ýagdaýda Birleşen Ştatlaryň Konstitusiýasy işlenip düzülipdi. 1787-nji ýylyň fewralynda Kontinental kongres, respublikanyň kanun çykaryjy organy, Maddalara gaýtadan seretmek üçin ştatlara öz wekillerini Filadelfiýa (Pensilwaniýa ştaty) ibermeklerini teklip etdi. Konstitusiýon Konwent 11 ýyl ozal, 1776-njy ýylyň 4 iýulynda Garassyzlyk jarnamasyny kabul edilen Garaşsyzlyk jaýynda 1787-nji ýylyň 25-nji maýynda ýygnanyşdy. Wekillere diňe Konfederasiýanyň maddalaryna üýtgeşmeler girizmeklige ygtyýar berilen hem bolsa, olar Maddalary aradan aýryp, düýbünden täze, has merkezleşdirilen döwletiň düzgünnamasyny taýýarlamaga girişdiler. Täze dokument, Konstitusiýa 1787-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda işlenip gutaryldy, 1789-njy ýylyň 4-nji martynda bolsa resmi taýdan kabul edildi.

Konstitusiýanyň taslamasyny taýýarlan 55 wekilleriň köpüsi görnükli ýolbaşçylardan ýa-da täze döwletiň «atalaryndan» ybaratdy. Olar bähbitleriň giň görnüşini we durmuşy gatlaklary göz önünde tutdular. Olaryn hemmesi Konstitusiýanyň girişindäki esasy maksatlary görkezýärdi: «Biz, Birleşen Ştatlarynyň halky, has kämilleşen birleşigi döretmek, adyl sudy berkarar etmek, içerki asudalygy kepillendirmek, goranyşy bilelikde üpjün etmek, umumy abadancylyga ýardam bermek, özümiz we neslimiz üçin azatlygyň gazananlaryny berkitmegi dabaraly yglan edýäris we şu Konstitusiýany Amerikanyň Birleşen Ştatlary üçin berkarar edýäris».

## DÜRLI HALKLARYŇ BIRLEŞMESI

Konstitusiýanyň esasy maksady – halkyň islegini ýerine ýetirýän berk, saýlawly hökümeti döretmekdir. Öz-özü-

ni dolandyrmak düşünjesi Amerikada dörän däldir. Öz-özüni dolandyrmagyň belli bir görnüşi şol wagtlar Angliýada bardy. Dünýäniň beýleki ýurtlarynyň hökümetleri bilen deneşdireniňde Konstitusiýa Birleşen Ştatlary dolandyrmakda halkyň gatnaşmagynyň täsin, hatda iň täze derejesini göz önünde tutdy. Konstitusiýanyň kabul edilen wagtyna çenli, amerikanlylar öz-özüni dolandyrmakda uly tejribe topladylar. Garaşsyzlygyň yglan edilmezinden kän öň, koloniýalar halkyň gözegçiligindäki döwlet bölümlerinden ybaratdy. Rewolýusiýa başlandan soň, 1776-njy ýylyň 1-njy ýanwaryndan 1777-nji ýylyň 20-nji apreline çenli aralykda 13 ştatlaryň 10-sy özleriniň hususy konstitusiýasyny kabul etdi. Köp ştatlarda ştatyň kanun çykaryjy ýygnagy tarapyndan saýlanan gubernator ýolbaşçylyk edýärdi. Kanun çykaryjy ýygnak ählihalk saýlawlary bilen döredildi.

Konfederasiýanyň maddalarynda özözüni doladyrýan ştatlary birikdirmäge synanyşyk edildi. Konstitusiýa bolsa onuň tersine, ştatlaryň arasyndaky gatnaşyklary sazlaşdyrýan we diňe halkara gatnaşyklarynda hem goranmak meselesinde giň ygtyýarly güýçli merkezi ýa-da federal hökümeti göz önünde tutýardy.

Köp adamlar merkezleşdirme meselesini kabul etmegi kyn gördüler. Amerika gelenleriň köpüsi, adamynyň tejribesine we gujyr-gaýratyna garamazdan ony bir sosiýal ýagdaýda saklaýan «Köne dünýän» dini we syýasy jebirlerden sypmak, seýle-de onun agyr we çeýe däl ykdysady gatnasyklaryndan azat bolmak maksady bilen watanyny taşlan ýewropalylardyr. Bu göçüp gelenler şahsy azatlyga örän uly baha berýärdiler we hemme häkimiýete ynamsyz garaýardylar. Öz şahsy azatygyna zeper ýeter öýdüp, olar esasanam dowlet hökümetinden gorkýardylar.

Birleşmegi has kynlaşdyrýan zat ilatyň dürli milletlerden bolmagydyr. Konstitusiýa laýyklykda merkezi hökümeti saýlamak we oňa gözegçilik etmek hukugy berilen halk, gelip çykyşy boýunça dürli-dürli dinlerden bolan we dürli islegli adamlardan ybaratdy. Olaryň köpüsi Angliýadan gelenlerdi, ýöne Şwesiýa, Norwegiýa, Fransiýa, Gollandiýa, Prussiýa, Polşa we başgada köp ýurtlar hem «Täze dünýä» emmigrantlary iberýärdiler. Olaryň dürli dini garaýyşlary bolup, dine berk ynanýan adamlardyr. Olaryň arasynda anglikan we rim-katolik buthanalarynyň, kalwinistleriň, gugenotlaryň, lýuteranlaryň, kwakerleriň we iýudeýleriň wekilleri bolupdyr. Ykdysady we sosiýal gatnaşyklarynda amerikan halky ýer aristokratiýasyny, afrikan gullaryny we öz bergilerini isläp üzýän batraklary özünde jemleýär. ýöne ýurdyň esasyny orta synp bolan-fermerler, söwdagärler, mehanikler, deňizçiler, gämi gurujylar, dokmaçylar, agaç ussalary we başgalar düzýär.

Şol wagt hem häzirki amerikanlarda bolşy ýaly, Britan koronasyndan aýrylmagyň maksada laýyklygyndan başlap beýleki ähli zatlar barada dürli garaýyşlar bolupdyr. Amerikan rewolýusiýasy döwründe Tory diýip atlandyrylýan iňlis loýalistleri (wepalylary) ýurtdan gaçypdyrlar we esasan Kanadanyň gündogar kenar ýakasynda ýerleşipdiler. Galanlary dürli sebäpler boýunça rewolýusiýa garşy çykyş eden hem bolsalar, örän uly

oppozision topary döretdi we olaryň arasynda täze amerikan respublikasy bilen nähili şertlerde ylalaşyk baglaşmak barada bir pikir ýokdy.

Soňky iki ýüz ýyllykda ýurduň ilatynyň köp dürlüligi has hem artdy, ýöne şeýle-de bolsa ýurduň bütewiligi berkedi. XIX we XX asyrlaryň dowamynda immigrantlaryň tükeniksiz akymy ýurduň bilimini we däp-dessuryny baýlaşdyrdy. Amerikany ilkinji açanlar gündogarda Appalaçi daglaryndan geçip, Missisipi jülgesinde we kontinentiň merkezinde ýerleşýän Uly düzlükde ornaşdylar, soňra olar Gaýaly daglary geçip, ilkinji koloniýaýylaryň düşen ýeri bolan Atlantik okeanynyň 4500 km günbatarynda ýerleşen Ýuwaş okeanynyň kenaryna çykdylar. Täze ýerleri özleşdirenlerinde ýerleriň: barylmadyk tokaýlaryň, kömüriň, misiň, demiriň we nebitiň känleriniň, baý suw ýataklaryň we mes toprak ýaly tebigy baýlyklaryň köpdügine göz ýetirdiler.

Täze ýurduň baýlygy öz gezeginde başga görnüşleriň döremegine getirdi. Ýörite sebit we söwda islegleriniň toparlary döredi. Gündogar kenar ýakasynyň gämi gurujylary azat söwdanyň tarapdarlary bolup çykys etdiler. Orta günbataryň senagatçylary ABŞ-nyň giňelýän bazarynda öz ýagdaýlaryny goramak üçin daşyndan gelýän harytlara salgyt salynmagyny talap etdiler. Fermerler ulag tariflaryny peseldilmegini we öz önümleriniň bahasynyň galdyrylmagyny talap etdiler; kilwanlar we Cöçrek bişirijiler bugdaýyň bahasyny peseltmek ugrunda göreşdiler; demir ýol eýeleri ýük daşamagyň bahasyny galdyrmaga dyrjaşýardylar. Nýu-Ýorkuň bankirleriniň, ýurduň günortasyndaky pagtaçylaryň, Tehasyň mal eýeleriniň we Oregon ştatynyň tokaý ýatyryjylarynyň hemmesiniň ykdysadyýet we ony kadalaşdyrmakda döwletiň wezipesi barada öz garaýyşlary bardy.

Konstitusiýanyň we oňa laýyklykda döredilen hökümetiň wajyp wezipeleri dürli isleglerin hemmesini bir ýere jemlemekden we şol bir wagtda halkyň esasy hukuklaryny goramagy üpjün etmekden ybaratdyr.

Daşyndan seredeňde, ykdysady ösüşiň has pes şertlerinde 4 mln halky dolandyrmak, häzirki zaman hökümetiň duş gelýän cözmesi kyn meselelerinden has ýeňil görünýär. Ýöne Konstitusiýanyň awtorlary diňe häzirki döwrüň däl, eýsem geljegiň hem düýbüni tutupdyrlar. Olar diňe öz asyry üçin däl, eýsem indiki geljek ençeme nesilleriň durmuşyna ýaramly hökümet gurluşynyň zerurlygyna doly akyl ýetiripdirler. Şonuň üçin hem olar sosiýal, ykdysady we syýasy şertler talap eden ýagdaýynda, Konstitusiýa üýtgetmeler girizer ýaly mümkinçilikleri göz önünde tutupdyrlar. Konstitusiýanyň tassyk edilen wagtyndan bäri, oňa 27 düzediş girizildi. Şeýlelik bilen, Konstitusiýa özüniň iň güýçli tarapyny, ýagny özüniň çeýeligini görkezdi. 200 ýyl mundan ozal döredilen dokument çeýe bolmasa, häzirki Birleşen Ştatlaryndaky 260 mln ilatyň we müňlerçe döwlet edaralarynyň isleglerine kanagatlanarly hyzmat etmegi göz önüne getirmek mümkin däl. Şeýle-de Konstitusiýany kiçi hem uly şäherleriň meselelerini çözmekde deň derejede netijeli we doly ulanyp bolmagyny göz öňüne getirmek hem kyndyr.



Şeýsiň gozgalaňyny özüçe beýan eden bir suratkeş polisiýa goşunynyň gozgalaňçylaryň üstüne çozuşyny şekillendiripdir. Massaçusets ştatynyň oba ýerindäki bu gozgalaň merkezi hökümetiň «Konfederasiýanyň maddalarynyň» gowşaklygyna üns berilmegini talap etdi we täze Konstitusiýanyň taslamasyny taýýarlamaga girişmeklige ýardam etdi.

Konstitusiýa we federal häkimiýet hökümetiň çür depesinde durýar, oňa ýerli we ştatlar derejesindäki hökümetler hem girýär. Birleşen Ştatlarynyň hökümet gurluşynda her dolandyryş derejesi örän özbaşdakdyr we berilýän ygtyýarlyklar diňe şonuň özüne degişlidir. Dürli derejelere degişli jedeller sudda çözülýär. ýöne umumy halk bähbitli meseleler çözülende hökümet derejeleriniň ählisiniň özara hyzmatdaşlygy zerurdyr, Konstitusiýa muny hem göz önünde tutandyr. Mysal üçin, Amerikada döwlet mekdepleri esasan ýerli häkimiýetleriň

garamagynda bolýar we ştatlar derejesinde bellenýän düzgünlerden ugur alynýar. Ýöne federal hökümeti mekdeplere kömek hem berýär, sebäbi sowatlylyk we bilim derejesi milli bähbitler üçin örän möhümdir. Şonuň üçin hem federal hökümeti bilim almak mümkinçiliklerini deňlemek üçin bir meňzeş talaplaryň saklanmagyny üpjün edýär. Ýaşaýyş jaýlary, saglygy goramak we sosiýal üpjünçilik meselelerinde-de hökümetiň dürli derejeleriniň arasynda bir meňzeş özara gatnaşyklary görmek bolýar.

Adamzat jemgyýetiniň hiç bir önümi kämil bolup bilmez. Ähli düzedişlere garamazdan, Birleşen Ştatlarynyň Konstitusiýasynda nähili hem bolsa ýetmezçilikler bardyr. Olar geljekde howply ýagdaýlar döwründe ýüze çykar. Ýöne iki asyryň dowamynda görülip-eşidilmedik ykdysady ösüş, Amerikan döwletiniň düýbüni tutmak üçin 1787-nji ýylyň bütin tomsuny işläp geçiren 55 sany döwlet adamlarynyň öňdengörüjiligini subut edýär. Birleşen Ştatlarynyň önki Baş ýurist Arçibalda Koksyň aýdan sözlerine görä: «Ilibaşky Konstitusiýa Birleşen Ştatlarynyň durmuşyndaky ähli özgerişlere garamazdan, bize henizem gowy hyzmat edýär, sebäbi Konstitusiýany taýynlanlaryň azam däl, känem däl ylaýjak gerek zady oňa girizmäge akyl – paýhaslary ýetendir. Konstitusiyon Kowentiň bellän maksatlarynyň abraýly ýerine ýetirilişine görä, ýurduň maddy taýdan pajarlap ösmegine we ideallaryň durmuşa geçişine görä, Konstitysiýa bir ýa-da birnäçe şahsyýetler bilen deňeşdiren has uly güýje we abraýa eýe boldy.»

## KONSTITUSYÝANYŇ TAÝÝARLANYŞY

Konfederasiýanyň maddalarynyň kabul edilen 1781-nji ýyly bilen Konstitusiýa taýýarlanan 1787-nji ýyl aralygy gowşaklygyň, agzalalygyň we bulam-bujarlygyň dowrü boldy. Konfederasiýanyň maddalary ýerine ýetiriji pudagyň kanunlary gürrüňsiz ýerine ýetirmelidigini we milli sud ulgamynyň kanunlary düşündirmelidigini göz önünde tutmandyr. Kanun çykaryjy kongres federal hökümetiniň ýeke-täk guramasy bolup, onuň hem ştatlara öz isleglerine garşy hereket etmäge zor salmaga hukugy ýokdur. Teoriýa taýdan ol uruş yglan edip we goşun ýygnap bilýär, ýöne ol belli bir mukdarda goşun ibermäge ýa-da olar üçin ýarag we enjamlar bermäge ştatlary borçlandyryp bilmeýär. Maliýe gatnaşyklarynda hem ol garaşlydyr, sebäbi ol federal býudjetine tölemeli salgytdan boýun gaçyran ştata jeza berip bilmeýär. Salgyt salmak we tariflar meselesi ştatlaryň garamagynda galýardy, her ştat öz pul birligini çykaryp bilýärdi. Ştatlaryň arasynda jedeller ýüze çykanda (esasanam ştatlaryň arasyndaky serhetler barada köp çözülmedik meseleler bardy), Kongres araçynyň we sudýanyň wezipesini ýerine ýetirýärdi, ýöne onuň çykaran kararyny ştatlaryň ýerine ýetirmegi hökman däldi.

Netijede hemme zat bulam-bujardy. Federal hökümetiniň salgyt ýygnamaga hukugy bolmanson bergä batdy. 13 ştatlaryň ýedisi köp mukdarda çykdajysy uly, emma hümmetsiz kagyz puluny çykardy, we ol pul Rewolýusiýa urşunuň weteranlaryna pensiýa we karyz pul berýänlere tölemäge, şeýle-de ownuk fer-

merleriň we uly plantatorlaryň arasynda ýygnanan bergileri üzmäge peýdalanyldy.

Munuň üstesine-de, Massaçusets ştatynyň kanun çykaryjy ýygnagy pul çykarmaga we uly salgytlary salmaga berk çäklendirme girizdi. Netijede, Garaşsyzlyk urşunyň weterany kapitan Daniýel Şeýs kiçiräk fermerler goşunyny ýygnady. Şeýs we onuň tarapdarlary girew goýmagyň adalatsyz şertleriniň ýatyrylmagyny talap edip, Massaçusets ştatynyň kanun çykaryjy ýygnagynyň jaýyny basyp almaga synanyşyk etdiler. Gozgalaňy ýatyrmak üçin goşun çagyryldy, ýöne federal hökümet bu wakadan netije çykardy.

Ýeke-täk we durnukly milli puluň ýoklugy ştatlar bilen daşary ýurtlaryň arasynda söwdanyň ösmegine päsgel berýärdi. Kagyz puluň gymmaty ol ştatdan bu ştata geçende üýtgeýärdi. Ondan başga-da käbir ştatlar (mysal üçin Nýu-Ýork, Wirjiniýa) başga ştatlardan öz portlaryna getirilýän önümlere salgyt salýardylar, şeýlelik bilen olary hem şeýle herekete iterýädiler. Federal maliýe işlerini dolandyryjysynyň dilinde aýdanyňda, ştatlar özleri barada: «Jemgyýetçilik ynamynyň karzy bizde gutardy» diýip bilerler. Ýaragly gozgalaňlaryň netijesinde Angliýadan aýrylan we eýýäm britan portlaryndaky ýeňilliklerden kesilen täze garaşsyz ştatlaryň döremegi ýagdaýy hasam kynlaşdyrdy. Haçanda ABŞ-nyň ilçisi Jon Adams 1785-nji ýylda iňlisler bilen söwda barada şertnama baglaşjak bolanda, onuň käbir ştatlaryň öňünde borçly däldigine salgylanyp garşy boldular.

Özüniň syýasatyny harby güýç bilen berkidip bilmeýän gowşak merkezi hökümetiň halkara işlerinde hem ýagdaýlarynyň gowşaklygy gürrüňsizdir. Garaşsyzlyk ugrundaky urşuň gutarandygynyň nyşany bolan parahatlyk baradaky şertnama (1783 ý.) laýyklykda iňlisler fortlardan we täze dörän Demirgazyk çäklerindäky söwda-üpjünçilik ýerlerindäki öz goşunlaryny çykarmakdan boýun gaçyrdylar. Ondan beteri hem, demirgazyk serhet ýakalaryndaky Britan ofiserleri we Günortadaky Ispan ofiserleri ýerleşen dürli indeý taýpalaryny ýarag bilen üpjün edýärdiler we olary amerikan kolonistleriň üstüne küşgürýärdiler. Florida, Luiziana, şeýle-de Missisipi derýasynyň günbataryndaky çäkligi elinde saklaýan ispanlar Günbataryň fermerlerine öz önümlerini çykarmak üçin Täze Orleana portuny ulanmagy gadagan edýärdiler.

Ýaş döwletiň käbir welaýatlaryndaky ykdysady galkynyşa garamazdan, ýurduň içeri we daşary durmuşyna degişli çözülmeli meseleleriň sany gitdigiçe artýardy. Konfederasiýanyň merkezi hökümetiniň örän gowşakdygy we netijeli maliýe sistemasyny döretmäge, söwdany kadalaşdyrmaga, şertnamalary ýerine ýetirmäge we gerek bolanda daşky duşmanlaryň garşysyna harby güýji ulanmaga ýaramsyzdygy aýdyn boldy. Fermerler bilen söwdagärleriň, bergidarlar bilen algydarlaryň we ştatlaryň öz aralaryndaky gapma-garşylyklar gitdigiçe ýiteleşýärdi. Şeýsiň ýolbaşçylygyndaky umytdan düşen fermerleriň gozgalaňyny ýatlap, Jorj Waşington «Her ştatda sähelçe uçgundan tutaşyp gitjek ýangyç materiallary köpelendir» diýip duýdurdy.



Amerikan suratkeşi Genri Beýkonyň çeken suratyndan alynan bu sahnada, Benjamin Franklin (tomaşaçylara seredip otyr) Filadelfiýada öz öýünde Aleksandr Gamilton we beýleki myhmanlar bilen ABŞ-nyň Konstitusiýasynyň taslamasyny işläp taýýarlamak meselesini ara alyp maslahatlaşýar.

1787-nji ýylyň 25-nji maýynda açylan Konstitusiýon konwent syýasy betbagytlygyň abanýandygy we aýgytly öwrülişigiň zerurlygy baradaky duýgulardan dolydy. Hemme wekiller konfederasiýanyň maddalaryna laýyklykda döredilen gowşak Kongresi giň ygtyýarly we netijeli merkezi hökümet bilen çalşyrylmalydygyna ynanýardylar. Çykyşlaryň başynda delegatlar täze hökümetiň üç sany: kanun çykaryjy, sud we ýerine ýetiriji pudaklardan ybarat we hersiniň beýleki iki pudagyň ygtyýarlyklaryny kadalaşdyrar ýaly aýdyň kesgitlenen ygtyýarlygy bolmalydygy hakda gürleşdiler. Şeýle-de hökümetiň kanun çykaryjy pudagy, iňlisleriňki ýaly iki palatadan ybarat bolmalydygy karar edildi.

Ýone beýleki ähli meselelerde örän güýçli agzalalyklar ýüze çykdy we birnäçe gezek Konwentiň bozulmagyna, Konstitusiýa taýýarlanmazdan ön öz işiniň togtadylmagyna howp abandy. Has uly ştatlar kanun çykaryjy ýygnakda deň ölçegli wekilçiligi, ýagny her ştatyň saýlaw hukugy onuň ilatynyň sanyna görä bolmalydygyny gorap çykys etdiler. Kiçiräk ştatlar bolsa, uly ştatlaryň agalygyndan howatyrlanyp ähli ştatlaryň deň wekilçiligini goldap çykyş etdiler. Mesele «Uly ylalaşyk» görnüşinde çözüldi, ýagny Kongresiň bir palatasynda deň ölçegli wekilçilik, beýlekisinde bolsa deň wekilçilik bolmaly. Senata her ştat iki wekilini saýlamaly. Wekiller Palatasyna bolsa wekiller öz ilatynyň sanyna pro-



Konstitusiýanyň ahyrky görnüşini taýýarlan komitete ýolbaşçylyk eden, Konstitusion konwente Pensilwan ştatyndan wekilçilik eden, gubernator Morris

porsiýonal mukdarda saýlanmalydyr. Wekiller Palatasy köpçüligiň pikirine has jogapkärli hasaplanyp, oňa federal býüdjet we girdejiler meselelerine degişli kanun çykaryjylykda has uly hukuk berildi.

«Uly ylalaşyk» uly we kiçi ştatlaryň arasyndaky gapma-garşylygy togtatdy. Ýöne wekiller bütin tomus beýleki gapma-garşylyklaryň üstünde işlemegini dowam etdirdiler. Birnäçe wekiller halka has uly hukuk berilmeginden howatyrlanyp, federal derejesindäki ähli ýolbasçylary göni saýlamaklyga garşy çykdylar; beýlekileri has giň saýlaw bazalarynyň tarapdary boldy. Birnäçeler günbatar çäkleriniň döwlete girmegine garşy boldular, başgalar onuň tersine, ýurduň geljekdäki kuwwatlylygy Appalaçeý daglaryndan günbatardaky ýerleriň özleşdirilmegine bagly hasap etdiler. Ilatyň dürli gatlaklarynyň isleglerini deňleşdirmek zerurdy; prezidenti nähili ýol bilen saýlanjakdygy, onuň möhleti we ygtyýarlyklary baradaky dürli garaýyşlary birleşdirmelidi; federal sud sistemasynyň wezipesi baradaky gapma-garşylykly pikirleri çözmelidi.

Konwentiň wekilleriniň derejesiniň ýokarylygy ylalaşyga gelmegi ýeňilleşdirdi. Amerikan Rewolýusiýasynyň görnükli ýolbaşçylarynyň hemmesi diýen ýaly gatnaşýardy. Geljekki prezidentleriň ikisi – Tomas Jefferson we Jon Adams Amerikanyň Fransiýadaky we Angliýadaky wekilleridiler; Jon Jeý Konfederasiýanyň daşary işler ministri hökmünde işiniň köplügi sebäpli gatnaşyp bilmedi. Semuel Adamsy we Patrik Genrini öz içine alýan kiçiräk topar şol wagtky döwlet hökümetiniň sistemasyny kanagatlanarly hasap edip bilgeşleýin Konwente gatnaşmady. Gatnaşanlaryň içinde iň görnüklisi, Ga-

raşsyzlyk Urşunyň gahrymany, amerikan goşunlarynyň serkerdesi we Konwentde başlyklyk eden, elbetde Jorj Wasingtondy. Akyldar, alym we diplomat Benjamin Franklin hem gatnaşdy, şeýle-de Pensilwan ştatyndan Jeýms Medison, Gawernir Morris we Nýu-Ýorkly ajaýyp ýaş ýurist Aleksandr Gamilton ýaly görnükli şahsyýetler gatnaşdylar.

20–30 ýaşly ýaş wekiller hem özleriniň syýasy we aýratyn ukyplaryny görkezmäge ýetişdiler. Tomas Jeffersonyň Parižden Londona Jon Adamsa iberen hatynda: «Bu hakykatdan hem ýarym hudaýlaryň ýygnagy» diýip ýazdy. Konstitusiýa girizilen pikirleriň birnäçesi täzedi, köpüsi bolsa iňlisleriň döwlet gurluş ulgamyndan alnan ýa-da 13 ştatlarynyň öz-özüni dolandyrmakdaky tejribesine esaslanylypdy. Garaşsyzlyk baradaky Jarnama iň möhüm ýol görkeziji bolup, ol wekilleri öz-özüni dolandyryş düzgünlerini sylamaga we esasy adam hukuklaryny hormatlamaga gönükdirýärdi.

Iýulyň ahyrynda Konwent gazanylan ylalaşyklaryň esasynda dokument işläp düzmek üçin komitet döretdi. Jedeller we gaýtadan işlemeler ýene bir aý dowam etdi, ondan soň Gawernir Morrisiň ýolbaşçylygynda ýene bir komitet döredildi. Komitet Konstitusiýanyň gutarnykly görnüşini 17-nji sentýabrda taýýar etdi. Gazanylan netijeler hemme wekilleri kanagatlandyrmady. Birnäçeleri dabara garaşman gaýtdylar, galanlaryň üçüsi-wirjiniýaly Edmund Randolf hem Jorj Meýson we Massaçusets ştatyndan Elbrij Jerri dokumente gol çekmekden boýun gaçyrdylar. Asla dokumente gol çekenleriň 39-y hem doly kanagatlanmandy. Benjamin Franklin: «Konstitusiýanyň birnäçe bölümini men häzirem goldamaýaryn, ýöne ol meniň olary hiç wagt goldamajagymy aňlatmaýar» diýip olaryň ýagdaýlaryny gowy suratlandyrdy. Şeýle-de bolsa ol: «sebäbi men gowusyna garaşmaýaryn, ýöne munuň iň gowusy däldigine hem ynanyp bilmeýärin» diýmek bilen Konstitusiýany kabul edilmeginiň tarapdary boldy.

## TASSYKLAMA – TÄZE BAŞLANGYÇ

Indi tassyklamanyň kyn döwrüne ýol açyldy, ýagny Konstitusiýany pesinden 9 ştat kabul etmelidi. Ilkinji bolup Delawer ştaty, az wagt geçenden soň Nýu-Jersi we Jorjiýa ştatlary kabul etdiler. Pensilwaniýa we Konnektikut ştatlarynyň kanun çykaryjy ýygnagy has köp ses bilen tassykladylar. Massaçusets ştatynda ýiti jedeller boldy. Ahyrynda bu ştat hem esasy hykuklary kepillendirýän 10 sany düzedişleri girizmek şerti bilen Konstitusiýany tassyklady. Ol düzedişlere din azatlygy, söz, metbugat we ýygnaklar azatlygy; oturdaşlaryň gatnaşmagyndaky suda hukuk we esassyz barlag we tussag etmegi gadagan etmek girýär. Şuna meňzes düzgünler beýleki ştatlar tarapyndan hem girizildi. Netijede 1791-nji ýylda hukuklar baradaky Bill ady bilen belli bolan 10 sany düzediş Konstitusiýa girizildi.

1788-nji ýylyň iýun aýynyň ahyrynda Merilend, Günorta Karolina we Nýu-Hempşir ştatlary hem öz razylygyny berdiler. Şeýlelik bilen Konstitusyýany tassyklan ştatlaryň sany dokuza ýetdi. Konstitusiýa resmi taýdan güýje girdi.

*Dowamy 17-nji sahypada*

# WAŞINGTON WE KONSTITUSION KONWENT



Jorj Waşington Kontinental Goşunyň baş serkerdesi wezipesinde.

*Haçanda Filadelfiýada wekilleriň ýeterlikli sany ýygnalanda, Konstitusion ýygnak biragyzdan Jorj Waşingtony prezident saýlady. Bu wezipe üçin özünde zerur häsiýetleriň ýokdugyny aýtsa-da, ol wezipäni ikirijiňlenmän kabul etdi. Öz çykyşynda ýygnaga gatnaşyjylaryň buýsanjyna we geljege bolan ynamyna daýanyp: «Geliň baýdagy götereliň, goý onuň astyna hemme akylly we dogruçyl adamlar ýygnansyn» diýdi.*

*Ýolbaşçy hökmünde Waşington tutanýerli, hoşamaý we birneme täsinräk adamdy. Ýygnagyň diňe in soňky gününde ol jedellere gatnaşdy. Ol daşky görnüşinden haýbatly bolşy ýaly ahlak taýdanam berkdi. Wekilleriň biri: «Ýanynda oturamda meni galpyldadan ýeke täk adam Waşingtondyr» diýip belledi.*

*Waşingtonyň berk bir Birleşigiň tarapdary bolup çykys etmegi onuň garaşsyzlyk ugrundaky uruşda Kontinental goşuna baş serkerdelik eden wagtyndaky tejribesi bilen baglanşyklydyr. Ol Nýu-Jersi ştatyndan bolan meýletinlere Birleşen Ştatlaryna wepaly bolmaga kasam içdirjek bolup synanşyny ýatlady. Olar: «Biziň watanymyz Nýu-Jersi» diýip kasam içmekden boýun gaçyrdylar. Waşington ýygnagyň arakesmesinde, başga ştatlaryň öz meýletinlerini urşa ibermäge howlukmanlygy sebäpli goşunyň örän gazaply gyşy geçiren we garaşsyzlyk ugrundaky bir Söweşiň geçen ýeri bolan Pensilwan ştatynyň Forj jülgesine baryp gördi.*

*Ýygnak tamamlanyp, tassyklama işi başlanda Waşington ahyry çykyp gepledi we Konstitusiýany batyrgaý goldady, şeýlelik bilen öz ştaty Wirjiniýadan bolan garşydaşlarynyň bir toparynyň pikirini üýtgedip bildi. Ol hukuklar baradaky Billi (ol Konstitusiýanyň birinji on sany düsündirişleriniň esasy boldy) saýlawçylaryň çözmegine bermeli diýenleri dogry hasap etdi. Şol bir wagtda ol «Federalistiň ýazgylarynda» Konstitusiýany goldandyklary üçin Jeýms Medisona we Aleksandr Gamiltona ýokary baha berdi. «Olar döwlet dolandyryş ylmyna aýdyňlyk saldylar, adam hukuklary meselesini doly hem dogry cözdüler we ony şeýle bir aýdyň we ynandyrjylykly düsündirdiler welin olaryň işleri öçmejek many aldy» diýip ol belledi.*

15-nji sahypaň dowamy

Demirgazyk Karolina we Rod-Aýlend ýaly iki sany ownuk ştaty hasap etmände-de, Nýu-Ýork we Wirjiniýa ýaly güýçli hem uly ştatlaryň tassyklama garaýşy düşnüksiz bolup galýardy. Nýu-Ýork we Wirjiniýa ştatlary tassyklamasalar Konstitusiýanyň ýagdaýy gowşak boljakdygy aýdyňdy.

Wirjiniýa ştatynda garaýyşlar birden ikä bölündi we Jorj Waşingtonyň hut özüniň täsiri bilen bu ştat hem tassyklamaga razy boldy. 1788-nji ýylyň 26-njy iýunynda ştatyň kanun çykaryjy ýygnagynda sähelçe artykmaç ses bilen Konstitusiýa tassyklandy. Nýu-Ýork ştatynda Aleksandr Gamilton, Jeýms Medison we Jon Jeý dagy Konstitusiýanyň peýdasyna delliller getirip «Federalistiň ýazgylaryny» taýynladylar. 26-njy iýulda bu ştatyň kanun çykaryjy ýygnagy hem ujypsyz ses artykmaçlygy bilen Konstitusiýany goldady. Noýabr aýynda Demirgazyk Karolina hem öz sesini goşdy. Rod-Aýlend 1790-njy ýyla çenli saklandy, ýöne özi kiçijik we gowşak ştat bolup, ullakan we güýçli respulikanyň ortarasynda öz ýagdaýyny uzak saklap bilmedi.

Konstitusiýany Nýu-Ýork we Wirjiniýa ştatlary tassyklandan az wagtdan soň, hökümeti düzmeklige girişildi. 1788-nji ýylyň 13-nji sentýabrynda Kongres täze hökümetiň oturmaly ýeri edip Nýu-Ýork şäherini belledi. (1790-njy ýylda paýtagt Filodelfiýa geçirildi, 1800-nji ýylda bolsa Waşingtona, Kolumbiýa okrugy) 1789-njy ýylyň ýanwarynyň birinji çarşenbesi prezidenti saýlaýjylaryň saýlaw güni, fewralyň birinji çarsenbesi prezident saýlawyny geçirmek üçin saýlaýjylaryň ýygnak güni, martyň birinji çarşenbesi bolsa täze saýlanan Kongresiň mejlisiniň açylyş güni diýlip bellenildi.

Konstitusiýa boýunça her ştatyň kanun çykaryjy ýygnagy prezidenti saýlaýjylaryň ses berişiniň, şeýle-de wekiller Palatasyna we Senata wekilleri saýlamagyň düzgünini özüçe kesgitleýär. Birnäçe ştatlar açyk ählihalk saýlawyny makul bildiler, birnäçeleri bolsa saýlaw hukugyny kanun çykaryjy ýygnaga berdiler. Bir topar ştatlar bolsa bu ugurlaryň iki görnüşiniň hem ulanylmagyny makul bildiler. Bäsdeşlik ýitileşdi; Konstitusiýa boýunça ilkinji saýlawyň geçirilişinde gijä galmalaryň boljakdygy gürrüňsizdi. Mysal üçin, Nýü-Jerside açyk saýlawlar geçirildi, saýlaw bölümleriniň ýapylmaly wagtyny kesgitlemek yätdan çykanlygy sebäpli, bölümler üç hepdeläp açyk durdy.

1789-njy ýylyň 4-nji martynda Konstitusiýany gutarnykly herekete girizmeli edildi. ýöne bellenen günde Nýü-Ýorka wekiller Palatasynyň 59 agzasyndan diňe 9-y, we 22 senatorlardan 8-si geldi. (Demirgazyk Karolina we Rod-Aýlende berkidilen ýerler olar Konstitusyýany tassyk edýänçäler boş durdy). Wekiller Palatasynyň ýygnagy 1-nji aprelde, Senatyňky bolsa 6-njy aprelde geçirildi. Soňra saýlaw seslerini sanamak üçin iki palatanyň bilelikdäki mejlisi geçdi.

Garaşylşy ýaly Jorj Waşington biragyzdan ilkinji prezidentlige saýlandy, ilkinji wise-prezidentlige bolsa massaçusetsli Jon Adams saýlandy. Adams Nýu-Ýorka 21-nji aprelde, Waşington bolsa 23-nji aprelde geldi. Olar 1789-njy ýylyň 30-njy aprelinde kasam etdiler. Şeýlelik bilen täze hökümet döredildi. Dünýäde ilkinji respublikany saklamak işi başlandy.

## KONSTITUSIÝA ESASY KANUN HÖKMÜNDE

ABŞ-nyň Konstitusiýasynda bu dokument «Ýurduň esasy kanuny» diýlip atlandyrylýar. Bu düzgüni sudýalar şeýle düşündirýärler: eger ştatlaryň kanun çykaryjy ýygnaklarynyň ýa-da federal kongresiň kabul eden ştat konstitusiýalary ýa-da kanunlary federal Konstitusiýa garşy gelse, ol kanunlar güýjüni ýitirýär. Konstitusiýanyň bu agalyk ediji taglymaty iki ýüz ýylyň dowamynda Ýokary sudyň kararlary bilen tassyklanýardy we berkidilýärdi.

Ýurduň esasy kanunyny üýtgetmek ygtyýary amerikan halkynyň elindedir. Eger-de halk islese Konstitusiýa üýtgeşmeler girizip ýa-da (teoretiki taýdan) ony täzeden düzüp bilýär. Ýöne halk öz wekilçiligini özi alyp barmaýar. Ol gündeki döwlet işlerini alyp barmak üçin saýlan ýa-da bellän ýolbaşçylaryna ynanýar.

Döwlet ýolbaşçylarynyň wekilçiligi Konstitusiýa bilen çäklendirilendir. Olaryň hereketleri Konstitusiýa we oňa laýyklykda kabul edilen kanunlara gabat gelmelidir. Saýlawly wezipeleri eýeleýän adamlar wagtal-wagtal gaýtadan saýlanmalydyrlar. Özem olaryň işleriniň netijeleri hemişe köpçüligiň göz astynda bolýar. Wezipä bellenýänler belleýän adama ýa-da hökümete doly garaşly bolýar, sebäbi olar işlän wagty ony işden boşadyp bilýärler. Prezident tarapyndan ömürlik bellenýän Ýokary suduň agzalary we federal sudýalary bu tejribä girmeýär. Sebäbi bu tejribe olary syýasy borçlardan we täsirden azat edýär.

Amerikanlar köplenç öz erk-ýgtyýarlaryny saýlawlar üsti bilen beýan edýärler. Ýöne Konstitusiýada ýokary wezipeli adamlary wezipä gabat gelmeýän hereketleri üçin impiçment arkaly işden boşatmak düzgüni göz önüňde tutulandyr. Konstitusiýanyň 2-nji Maddasynyň 4-nji bölüminde: «Prezident, wise-prezident we Birleşen Ştatlarynyň ähli wezipeli raýatlary ýurda dönüklik, parahorluk ýa-da beýleki uly jenaýatlar üçin impiçment arkaly sud edilenden soň işden boşadylyp biliner» diýip ýazylan.

Impiçment – kanun çykaryjy gurama tarapyndan döwlet wezipesindäki adamyny kanuny bozmakda günäkärlemekdir; köp ýaýran pikire garamazdan, impiçment diňe bu günäler üçin sud edilmegi aňlatmaýar. Konstitusiýanyň 4-nji bölümine laýyklykda wekiller Palatasy impiçment barada (kanuna) bille ses bermek arkaly kanun bozmakda aýyplaýar. Soňra aýyplanýan wezipeli adam Ýokary sudun başlygynyň alyp barmagynda Senat sudunda sorag edilýär.

Impiçment ahyrky çäre hasap edilýär. Birleşen Ştatlarynda ol diňe birnäçe gezek ulanyldy. 1797-nji ýyldan başlap, wekiller Palatasy 16 sany federal wezipeli adamlara, ýagny iki prezidentiň, bir kabinet agzasynyň, Ýokary suduň bir agzasynyň we federal sudýalarynyň 11-niň garşysyna impiçment üçin ses berdiler. Senat garşysyna impiçment işini gozgalaň ýolbaşçylarynyň diňe 7-ni günäkär hasaplady. Olaryň hemmesi hem sudýalardyr.

Amerikadaky Graždanlyk urşundan soň, 1868-nji ýylda Konfederasiýa girýän ştatlaryň arasyndaky hereketler üçin prezident Endrýu Jonsonyň garşysyna impiçment ulanyldy. Ýöne Senat bir se-

siň ýetmänligi üçin impiçment ulanmaga zerur bolan üçden iki sesi alyp bilmedi we Jonson prezidentligiň wagty gutarýança öz wezipesinde galdy. 1974-nji ýylda Uotergeýt dawasynyň netijesinde wekiller Palatasynyň sud baradaky Komiteti impiçment gozgamagy hõdürländen soň, Prezident Riçard Nikson işden gitdi, ýöne ondan öň wekiller Palatasynyň umumy mejlisinde impiçment barada bill sese goýulyp bilerdi.

1998-nji ýylda sudda ýalňyş görkezme bermekde we adyl sudyň geçirilişine päsgelçilik döretmekde aýyplanyp, prezident Bill Klinton impiçmente çekildi. Senat suddan soň, ýöňkeleýän günäleriň ikisinde-de Prezidenti aklady. Ýalňyş görkezme bermekde 45 sesiň garşysyna 55 ses, adyl suduň geçirilişine päsgelçilik bermekde bolsa deň (50:50) ses bilen Senat ony aklady. Prezidente wezipeden el çekdirmek üçin aýyplanýan meseleleriň hersine 67 senator ses bermelidir.

## Döwlet dolandyryş prinsipleri

Konstitusiýany kabul edileli bäri köp üýtgeşmeler girizilen hem bolsa, onuň esasy düzgünleri 1789-njy ýyldakysy ýaly galandyr:

❑ Hökümetiň esasy üç pudagy – ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we sud pudaklary biri-birinden aýrydyr. Hersine berilen ygtyýarlyklar beýleki ikisi tarapyndan sazlasdyrylýar. Her pudak beýleki iki pudagyň berlen wekilçilikleriň çäginden çykmazlygy üçin gözegçi hökmünde hyzmat edýär.

❑ Konstitusiýa öz düzgünlerine we şertnamalaryna laýyklykda prezidentiň karary we Senatyň tassyklamasy esasynda kabul edilen kanunlary bilen bilelikde beýleki kanunlardan, kararlardan we düzgünlerden ýokardadyr.

❑ Kanunyň önünde hemme adamlar deňdir we deň derejede kanun boýunça goralmaga hukuklydyr. Hemme ştatlar deňdir we olaryň hiç biri federal hökümeti tarapyndan aýratyn gatnaşyga hukugy ýokdur. Konstitusiýanyň çäklerinde her ştat beýleki ştatlaryň kanunlaryny ykrar etmäge we sylamaga borçludyr. Ştatlaryň hökümetleri hem federal hökümeti ýaly demokratik görnüşde, ýokary hökümet bolsa halka degişli bolmalydyr.

❑ Konstitusiýada kesgitlenilşi ýaly halkyň döwlet dolandyrylyşygynyň görnüşini kanuny tertipde üýtgetmäge haky bardyr.

## Düzediş girizmegiň düzgünleri

Konstitusiýany döredijiler ýurduň ösüşi bilen bir aýakda gider ýaly we öz güýjüni saklar ýaly, Konstitusiýa wagtal-wagtal üýtgeşmeler girizmeli boljakdygyna çüňňur düşünipdirler. Olar şeýle-de oýlanylmadyk ýa-da gyssagly düzedişleriň girizilmezligi üçin düzediş girizmek işiniň kyn bolmagyna hem düşünipdiler. Şol bir wagtda olar az sanlylaryň ýurduň köp sanly raýatlarynyň edýän hereketlerine böwet bolmazlygy üçin hem synanşyk edipdirler. Olar Konstitusiýa gaýtadan seretmek işi iki tertipde bolmaly diýen netijä geldiler.

Kongres her palatanyň agzalarynyň üçden ikisiniň goldamagy bilen düzediş girizmek baradaky teklibi orta atyp bilýär. Ýa-da ştatlaryň üçden ikisiniň kanun çykaryjy ýygnaklary düzedişleriň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmak üçin Kongresden milli konwenti çagyr-

magy talap edip bilýär. Herniçik hem bolsa, düşündirişler ştatlaryň dörtden üçisi goldandan soň güýje girýär.

Konstitusiýany göni üýtgetmek çärelerinden başgada, onuň düzgünleri sudýalaryň düşündirmeleri esasynda hem üýtgedilip biliner. Respublikanyň taryhynyň ilki döwründe, 1803-nji ýylda Medisonyň garşysyna Marberiniň işine seredilende Ýokary sud sud çäklendirmeleri barada taglymaty kabul etdi, şona laýyklykda ABŞ-nyň Ýokary sudunyň Kongresiň kararlaryna düşündiriş bermäge we olaryň Konstitusiýa gabat gelýändigi baradaky meseläni çözmäge hukugy bardyr. Bu taglymat ýuridiki, syýasy, ykdysady we sosiýal şertleriniň üýtgemegi bilen baglylykda Ýokary suduň Konstitusiýanyň maddalaryna düşündiriş bermek hukugyny hem göz önünde tutýar. Bu döwürde Ýokary sud Konstitusiýanyň tekstine kän üýtgetmeler girizmän, radio we telewideniýäniň işlerini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmekden başlap jenaýatda günäkärlenýänleriň hukuklaryna çenli işlerde konstitusiýon kanunlaryň hereketiniň häsiýetini wagtyň talabyna laýyk getirmekde dürli meseleler boýunça birnäçe kararlary kabul etdi.

Esasy kanunyň düzgünlerini ýerine etirmek we ony üýtgeýän şertlere uýgunlaşdyrmak üçin Kongresiň kanun çykaryjy kararlary Konstitusiýany giňeldýärdi we belli bir derejede onuň manysyny üýtgedýärdi. Sudýalaryň pikiri boýunça, bu kanunyň we düzgünleriň Konstitusiýanyň esasy pikirlerine gabat gelýändigi baradaky meseläni çözmek iki ýagdaýda-da synag bolup hyzmat edýär.

### Hukuklar barada bill

Konstitusiýa 1789-njy ýyldan bäri 27 sany düzediş girizildi we görnüşi ýaly, gelejekde-de düzedişler giriziljege meýzeýär. Konstitusiýa düýpli düzedişler kabul edilenden son, ilkinji iki ýylyň dowamynda girizildi. Şol döwürde-de ilkinji 10 sany düzediş girizildi, ol düzedişleriň hemmesine bilelikde Hukuklar barada Bill diýilýär. 1789-njy ýylyň sentýabrynda Kongres bu düzedişleriň hemmesine bilelikde ses berdi, 1791-nji ýylyň ahyrynda bolsa olary 11 ştat tassyklady.

Konstitusiýa ilkibaşda güýçli garşylyk görkezenler federal birleşigiň berkleşmesiniň garşysyna çykyş edenler däl-de, adam hukuklaryny anyklaşdyrmagy zeryr hasap eden döwlet adamlary boldy. Olaryň biri Wirjiniýa ştatyndaky hukuklaryň Jarnamasynyň awtory Jorj Meýsondyr. Bu Jarnama hukuklar baradaky Billiň buşlukçysydyr. Konstitusiýon konwentiň wekili hökmünde Meýson, dokument adam hukuklaryny ýeterlikli goramaýar diýip oňa gol çekmekden boýun gaçyrdy. Meýsonyň garşylygy sebäpli Wirjiniýa ştatynda tasdan Konstitusiýa tassyklanman galypdy. Konstitusiýany adam hukuklaryny kepillendirýän anyk düzgünleri girizmek şerti bilen tassyklan Massaçusets ştatynda hem şular ýaly ýagdaý ýüze çykypdy. Kongresiň birinji ýygnagyna çenli bu düzedişler hemmeler tarapyndan biragyzdan goldanyldy we Kongres olaryň taslamasyny gysga wagtda taýýarlady.

Bu düzedişler 200 ýyl mundan öň ýazylan hem bolsa, şu güne çenli üýtgedilmän geldi. Birinji düzediş dini garaýyşlaryň azatlygyny, söz we metbugat

azatlygyny, parahatly ýygnak geçirmek hukugyny we ýalňyşlyklary düzetmek üçin ýygnaklar üsti bilen hökümete ýüzlenmek hukugyny kepillendirýär. Ikinjisi adamlara ýarag götermek hukugyny kepillendirýär. Üçünji düşündirişe görä, öý eýesiniň razylygy bolmasa goşunyň ýaşaýyş jaýlarynda ýerleşmäge haky ýokdur. Dördünji düzediş adamlary sebäpsiz öýleriň dökülmeginden we tussag edilmekden, şeýle-de emläkleriň döwletiň haýryna geçirilmeginden goraýar.

Indiki dört sany düzediş sud işlerine degişlidir. Bäşinji düzediş boýunça Uly emininiň günäkärleýji karary bolmasa hiç kim uly jenaýat üçin jogapkärçilige çekilip bilinmeýär. Bu düşündirişe laýyklykda hiç bir adam şol bir jenaýat üçin ikinji gezek jezalandyrylmaýar we degerli kanuny derňewsiz hiç kim jenaýata çekilmeýär, şeýle-de jenaýat işinde öz-özüne şaýat bolmak üçin hiç kime zor salynmaly däldir. Altynjy düzediş her bir jenaýat işinde adalatly oturdaşlaryň tiz we köpçüligiň gatnaşmagyndaky suduny kepillendirýär. Günäkärlenýäniň aklawjynyň kömegine we şaýatlary suda çagyrmaga bolan hukuklaryny kepillendirýär. Yedinji düzediş gozgalýan işiň gymmaty 20 dollardan ýokary bolan ähli raýat işleriniň oturdaşlar sudunda garalmak hukugyny kepillendirýär. Sekizinji düşündirişe görä, çenden aşa girew talap edilmeli däldir we agyr ýa-da adaty däl jezalar berilmeli däldir.

10-njy düşündirişiň iň soňky ikisi Konstitusiýanyň giň wekilçiliginiň beýannamasyny berýär. Dokuzynjy düzedişde Konstitusiýada görkezilen şahsyýet hukuklary gutarnykly däldigi, sebäbi adamlaryň Konstitusiýada anyk görkezilmedik başga hukuklarynyň hem bardygy barada aýdylýar. Onunjy düzedişe laýyklykda Konstitusiýa tarapyndan federal hökümete berilmedik, ýöne käbir ştatlara ulanmagy gadagan edilmedik hukuklar ştatlaryň ýa-da halkyň ygtyýarlygynda galýar.

### Şahsyýet hukuklarynyň goralmagynyň wajyplygy

Konstitusiýanyň federal hökümetini gurmakda güýçli tarapy, onuň Birleşen Ştatlaryny iki ýüz ýylyň dowamynda adatdan daşary asudalyk bilen üpjün etmegidir. Hukuklar baradaky Bill we soňky girizilen düzedişler adam hukuklaryny goramaklygy ABŞ-nyň ýuridiki sistemasynyň esasy edip goýdylar.

Milli howply ýagdaý milli howpsuzlygyň bähbitleri üçin hökümet bu hukuklary çäklendiresi geldi, ýöne Birleşen Ştatlarynda bular ýaly hereketler göwünsiz kabul edilýärdi we berk howatyrlanmalar bilen garalýardy. Mysal üçin, uruş döwründe harby hökümet Birleşen Ştatlary bilen daşary ýutlaryň arasyndaky poçta gatnaşygy, esasanam esgerleriň uruşdan öýlerine iberýän hatlary berk barlanylýardy. Ýöne adyl suda bolan konstitusiýon hukuk uruş döwründe-de saklanyp galýardy. Jenaýatda aýyplanýan adamlar, hatda içalylykda, diwersiýada we beýleki howply işlerde günäkärlenýän duşmançylykly ýurtlaryň raýatlarynyň hem özlerini goramaga hukugy bardyr we Amerikanyň sud ulgamy boýunça günäsi subut edilýänçä günäsiz hasap edilýär.

Hukuklar baradaky Billden soňky Konstitusiýa girizilen düzedişler dürli-dürli zatlara degişlidir. Olaryň iň ulusy 1868-njy ýylda tassyklanan 14-nji düzedişdir. Onda raýatlyk meselesi ýönekeý dilde we aýdyň kesgitlenýär we kanun tarapyndan goralmaga deň hukuklylyk kepilledirilýär. 14-nji düzedişde esasan Hukuklar baradaky Billde görkezilen ştatlaryň hukuklary sylamakdaky borçlary kesgitlenýär. Beýleki düzedişler federal hökümetiň sud ygtyýarlygyny çäklendirýär; prezident saýlamak düzgünine üýtgeşmeler girizýär; gulçulygy gadagan edýär; adamlaryň milletine, reňkine, jýnsyna we geçmişde gulçulykda bolandygyna garamazdan ses bermäge bolan hukugyny goraýar; Kongrese adamlaryň hususy girdejisine salgyt salmaga hukuk berýär we ABŞ-nyň senatorlaryna göni ses berlişleri girizýär.

Iň soňky düzedişlere girýänler: 21-nji düzediş-prezidentligiň möhletini iki möwsüme çenli çäklendirýär; 23-nji düzediş-Kolumbiýa okrugynyň raýatlaryna ses bermek hukugyny berýär; 24-nji düzediş-her adamyň töleýän saýlaw salgydyny tölenmänligine garamazdan ses bermäge hukuk berýär; 25-nji düzedişde-saýlawlaryň arasyndaky döwürde wise-prezidentiň wezipesi boş bolsa oňa adam bellemegiň şertleri barada aýdylýar; 26-njy düzediş-saýlawýylaryň ýaş çäklendirmesini 18 ýaşa düşürmegi göz öňünde tutýar we 27-nji düzediş bolsa senatorlaryň we wekiller Palatasynyň agzalaryna tölenýän aýlyga degişlidir.

Bellemeli möhüm zat, 27 sany düzedişleriň köpüsi şahsyýetleriň raýatlyk ýa-da syýasy azatlygyna degişlidir, az sanlysy bolsa 1787-nji ýylda Filadelfiýada kabul edilen ilkinji taslama bilen deňeşdireňde döwlet gurluşyny giňeltmäge gönükdirlendir.

## FEDERAL ULGAMY

Konstitusiýany döredijiler öz öňlerinde birnäçe aýdyň maksatlary goýupdyrlar. Olar ony alty bölumden we 52 sözden ybarat edip esasy dokumentiň girişine ýerleşdiripdirler.

1787-nji ýylda 13 ştat üçin «has kämilleşen Birleşigi» gurnamak iň esasy mesele bolandygy aýdyňdyr. Nähili birleşme bolanda-da Konfederasiýanyň maddalaryna laýyklykda döredilenden has kämilleşen boljakdygy örän aýdyňdy. Ýöne täze gurluşy döretmekde birnäçe wajyp meseleleri saýlap almak gerekdi.

### «... has kämilleşen Birleşigi döretmek üçin»

Ähli ştatlar 11 ýyl mundal ozal Angliýa bilen gatnaşyklaryň kesilen wagtyndaky özbaşdaklygyny saklamaga dyrjaşýardylar. Ştatlaryň hukuklary bilen merkezi hökümetiň bähbitleriniň arasyndaky deňligi dogry tapmak kyn wezipeleriň biridi. Konstitusiýany döredijiler ony, ýurt abadançylygynyň bähbitlerine we isleglerine umuman gapma-garşy gelmezlik şerti bilen adamlaryň gündelik durmuşyny kadalaşdyrmak üçin zerur bolan ähli wekilçilikleri ştatlara bermek arkaly çözdüler. «Federalizm» sözi bilen belli bolan wekilçiligiň bölünişigi şu güne çenli düýpli üýtgemän gelýär. Ştatlara bilim, saglygy goramak, iş gurnamak, zähmet şerti, nikalaşmak we nika bozmak, ýerli salgydy salmak we polisiýanyň gündelik wezipeleri ýaly mese-

leleri çözmek wekilçilikleri doly ykrar edilýär. Şonuň üçin hem iki sany goňşy ştatlaryň şol bir mesele üçin dürli kanunlary bardyr.

Konstitusiýany düzüjileriň ähli ugurtapyjylygyna garamazdan ştatlaryň hukuklaryna degişli meselelerde gapma-garşylyklar saklanandyr. 75 ýyl geçenden soň, 1861-njy ýylda Demirgazyk bilen Günortaň arasynda 4 ýyllyk uruş başlandy. Bu uruş Graždanlyk urşy ýada Ştatlaryň arasyndaky uruş ady bilen taryha girdi. Uruş ilki bilen Birleşigiň täze ştatlarynda gul saklamak düzgünini kadalaşdyrmakda federal hökümetiň hukugy baradaky meseläniň üstünde turdy. Demirgazykdaky ştatlar şeýle hukugy federal hökümete bermeli hasap etdiler, Günortadaky ştatlar bolsa gulçulyk baradaky meseläni her ştatyň özi çözmeli hasap etdiler. Haçanda günorta ştatlarynyň bir topary Birleşikden çykmaga synanşanda, respublikany saklamak ugrunda uruş başlandy. Günorta ştatlary Birleşige gaýtadan girizilenden soň, federal hökümetiniň agalygy dikeldildi we gulçulyk ýatyryldy.

**«... adyl sudy berkarar etmek üçin»**

Amerikan demokratiýasynyň özeni Garaşsyzlyk Jarnamasynda «hemme adamlar deň ýaradylandyr» diýen buýsançly sözler bilen beýan edilýär we bu jümläniň soňky düşündirlişinde «Ýaradan olara aýrylmaz hukuklary berendir, olara ýaşaýyş, azatlyk we bagta ymtylma hukuklary girýär» diýip aýdylýar.

Konstitusiýada adamlar olaryň maddy we sosiýal ýagdaýlaryna tapawut goýmak esasynda bölünmeýär; kanunyň öňünde hemmeler deňdir we kanuny bozany üçin hemmeler deň derejede sud edilýär we jeza berilýär. Bu ýagdaý adamlaryň emläk baradaky, ýuridiki ylalaşyklarda gabat gelýän we iş gatnaşygynda ýüze çykýan jedellerine-de degişlidir. Hukuklar baradaky Billde görkezilen iň möhüm kepillendirmäniň biri hem adyl suduň hemmeler üçin deňligidir.

**«... içerki asudalygy kepillendirmek üçin»**

Birleşen Ştatlarynyň döreýşi bilen utgaşyp gidýän pajygaly wakalar we Amerikanyň günbatar araçäklerindäki ýagdaýlaryň düşnüksizligi, täze milletiň ösmegi we güllemegi üçin içerki asudalygyň zerurdygyny amerikanlara ynandyrdy. Konstitusiýa laýyklykda döredilen federal hökümetiň ştatlary daşarky çozuşlardan goramaga we içerki bidüzgünçiligi, zor salmalary ýatyrmaga ýeterlikli güýji bolmalydyr. 1815-nji ýyldan başlap Birleşen Ştatlarynyň çägine ýekejede daşary ýurt goşuny aýak basan däldir. Umuman ştat hökümetleriniň öz araçäginiň içinde asudalygy berkarar etmäge güýji ýeterlikdir. Ýöne olaryň arkasynda, Konstitusiýa boýunça parahatçylygy berjaý etmekde zerur bolan çäreleri görmäge hukuk berilen örän güýçli federal hökümeti durandyr.

**«... bilelikdäki goranyşy üpjün etmek üçin»**

Hatda garaşsyzlygy gazanandan soň hem, täze döwlet XVIII-nji asyryň ahyrynda birnäçe gezek daşky howplara sezewar boldy. Günbatar araçäkde amerikanlara duşmançylykly indeý taýpalary elmydam howp salýardy. Kanada

*Dowamy 28-nji sahypada*

# HUKUKLAR BARADAKY BILL

*I DÜZEDIŞ – Kongress dini döretmäge ýa-da erkin dini ynançlary gadagan etmäge, söz we metbugat azatlygyny çäklendirmäge, ýa-da halkyň öz arz-şikaýatlaryny kanagatlandyrmak üçin parahat ýygnanyşyp, hökümete ýüzlenmesine degişli hiç hili kanun çykarmaly däldir.*

*II DÜZEDIŞ – Erkin döwletiň howpsuzlygyny goramak üçin berk düzgün-nyzamly polisiýa hökmany gerek bolaýanda-da, halkyň ýarag götermek we saklamak hukugy bozulmaly däldir.*

*III DÜZEDIŞ – Hiç bir esger parahatçylyk ýa-da uruş wagty öý eýesiniň razylygy bolmasa onyň jaýynda ýaşamak üçin galmaga haky ýokdur, ýöne uruş wagtynda welin kanunda görkezilen tertipde rugsat berilýär.*

*IV DÜZEDIŞ – Halkyň şahsyýetiniň goralmaga bolan hukugy, ýaşaýyş jaýy, kagyzlary we emläkleri hiç bir esassyz derňew, ýa-da tussag edilmeli däldir. Kasam ýa-da dabaraly söz berme bilen delilendirilen degerli esas bolmasa, hiç bir order berilmeli däldir, mundan başga-da derňew edilmeli ýeriň, ýa-da tussag edilýän adamyň ýa-da zadyň orderde doly suratlandyrmasy bolmalydyr.*

*V DÜZEDIŞ – Jemgyýet üçin howply döwürde ýa-da uruş wagtynda hakyky gullukda bolan polisiýa, gury ýer ýa-da harby-deňiz güýçlerinde gozgalýan işlerden başga, Uly eminiň görkezmesi ýa-da aýratyn karary bolmasa, hiç kim ölüm jezasyna ýa-da başga dürli masgaraçylykly jogapkärçilige çekilmeli däldir; şol bir jenaýat üçin hiç kim ikinji gezek ölüm howpuna ýa-da syna zeper ýetirmezlik düzgüniniň bozulmagyna duçar bolmaly däldir; jenaýat işinde hiç kim öz-özüniň garşysyna şaýat bolmaga mejbur edilmeli däldir; kanun taýdan ýeterlikli derňewsiz hiç kimiň janyna, azatlygyna ýa-da emlägine kast edilmeýär; adalatly öwezini doldurulmazdan hususy eýeçilik jemgyetiň peýdasyna geçirilmeli däldir.*

*VI DÜZEDIŞ – Her bir jenaýata çekilýän adam, jenaýatyň bolan ýerindäki ştatyň ýa-da okrugyň kanun tarapyndan öňden bellenen adalatly, ýüzgörmezek oturdaşlarynyň gyssagly geçirilýän ýa-da köpçüligiň gatnaşmagyndaky suduna hukugy bardyr; jenaýata çekilýäniň günälemäniň asyl manysy we esaslary bilen tanyşmaga hukugy bardyr; onuň özüne garşy görkezme berýän şaýatlar bilen duşuşmaga, öz tarapyndan şaýatlary zor bilen çagyrmaga we özüni goramak üçin aklawjynyň kömegine hukuklary bardyr.*

*VII DÜZEDIŞ – Umumy kanunçylyga degişlilikde garalýan raýat işleriniň gymmaty 20 dollardan ýokary bolsa, oturdaşlaryň suda bolan hukugy galýar; oturdaşlaryň sereden hiç bir işini, umumy kanunçylyga degişli bolaýmasa, Birleşen Ştatlarynyň sudlarynyň hiç biri gaýtadan seredip bilmeýär.*

*VIII DÜZEDIŞ – Çenden aşa girew goýmalar ýa-da gereginden artyk jerimeler talap edilmeli däldir, şeýle-de zabun ýa-da adaty däl jezalar berilmeli däldir.*

*IX DÜZEDIŞ – Konstitusiýada görkezilen belli hukuklar halkda saklanyp galan beýleki hukuklary inkär etme ýa-da kemeltme manysynda düsündirilmeli däldir.*

*X DÜZEDIŞ – Birleşen Ştatlaryna şu Konstitusiýada berilmedik we aýry-aýry ştatlarda ulanylmasy gadagan edilmedik ygtyýarlyklar, ştatlaryň ýa-da halkyň garamagynda galýar.*



1863-nji ýylda Awram Linkoln tarapyndan gol çekilen azat ediş Jarnamasynyň asyl nusgasy Kolumbiýa okrugynda, Waşingtonyň Milli arhiwinde saklanylýar we Graždanlyk urşunyň wakalaryny gaýtadan dikeltmäge borçly edilen bölümiň esgerleri tarapyndan goralýar.

# GULÇULYGY ÝATYRMAK BARADAKY ÇEKIŞMELER

*«Gulçulyk» sözi ABŞ-nyň Konstitusiýasynda getirilmese-de, şeýle meseläniň bardygy barada gönümel bolmasa-da dokumentde garaz aýdylýar. Konstitusion wekilleri, her ştatdan wekiller Palatasyna saýlanýan kongressmenleriň sany kesgitlenende gullaryň hakyky sanynyň bäşden üçüsini göz önünde tutuljakdygyny kesgitli bellediler. Mundan başga-da Konstitusiýada, ştatlaryň serhedini bozýan gaçgak gullaryň («hyzmatkärler we işgärler») eýelerine gaýtaryp berilmegi barada talap bardyr. Ol 1808-nji ýylda kesgitlenendir, ýöne ondan soň Kongres gul söwdasyny ýatyryp hem bilýärdi («häzirki ştatlaryň haýsy olaryň göçürilmegini ýa-da getirilmegini gerek hasap edýän bolsa»).*

*Konwentde bu bölümleriň hersi barada güýçli çekişmeler bolup geçdi we hemmeleri kanagatlandyrýan ugur gutarnykly saýlanyldy. Hatda Aleksandr Gamilton ýaly gulçulyga garşy demirgazyk jemgyýetleriň wekilleri, ştatlaryň arasynda düzedip bolmajak agzalalyklara getirjekdigine we has wajyp maksada gulluk etmegi, ýagny ýurtda berk hökümetiň gurnalmagyny kynlaşdyrjakdygyna salgylanyp, gulçulyk aradaky jedelleriň dowam etdirilmegine garşy çykyş etdiler. Ylalaşygy goldap, gulçulygy ýigrenýän Jorj Waşington we Jeýms Medison ýaly Günortanyň görnükli wekilleri çykys etdiler we birleşik döredilenden soň, ol öz-özünden ýitip gider diýip hasap etdiler.*

*Ýöne Konwentde çykyş edenleriň birnäçesi meseläň ahlak tarapy barada janagyrly gürlediler. Gawernir Morris (Pensilwaniýa ştatyndan) gulçulyk barada «nejis düzgün, we onuň bar bolan ştatlary hem nälet siňendir» diýip aýtdy. Ol ösüp-gülleýän we adama mynasyp durmuşy bagyş edýän sebitler bilen «gul-eýeçilikli ştatlaryň garypçylygyň we ejirleriň» gapma-garşylygyny belledi.*

*Täsin gabat gelmelere görä, Konwentiň mejlisiniň dowamynda gulçulyga garşy iň ýiti çykysy, Jeffersonyň öz nesliniň iň akylly wekili «hasaplaýan adamsy, ýagny Wirjiniýa ştatynyň wekili Jorj Meýson etdi. Meýson, gulçulyk» ... adamlaryň häsiýetine örän erbet zyýan ýetirýär. Her gul eýesi doganda, ol eýýäm kiçijik eziji bolup dünýä inýär... Gulçulyk ylmyň we senagatyň ösmegine böwet bolýar. Garyp adamlaryň agyr işe gözi düşende, olarda zähmete bolan ýigrenç döreýär... Men... ýurduň hökümetinde gul-eýeçiliginiň ösmeginiň önüni almaga doly häkiminiň bolmagyny wajyp hasap edýärin» diýip aýtdy.*

*Geljek ýyllarda-da gul eýeçiligini gadagan edijileriň hereketi şol bir delillleri peýdalanar we ahlak närazylygy duýgularyna ýykgyn ederler; ýöne şol pursatda-da gulçulyk aýratyn düşünje we ahlak meselesi hökmünde bir gapdalda goýylypdy. Diňe Graždanlyk urşunyň (1861–1865 ýý.) heläkçiligi Birleşen Ştatlarynda gulçulygy ýatyrdy we ýurduň ösüşini doly jyns deňligini gazanmagyň kyn ýoluna gönükdirdi.*

*23-nji sahypaň dowamy*

önküsi ýaly Beýik Britaniýa degişlidi we onuň gündogar welaýatlarynda Garaşsyzlyk ürşy döwründe Britan täjine wepaly bolan, ar almaga hyjuwly garaşýan köp amerikan torileri ýygnanypdy. Kontinentiň orta günbatarynda ýerleşen ägirt uly Luizian çäklerinde fransuzlar agalyk edýärdi. Günortada Florida, Tehas we Meksika Ispaniýa degişlidi. Karip deňzinde ýewropa döwletleriniň üçüsiniň hem koloniýasy bardy we şol ýerlerden Amerikanyň kenarýakasyna hüjüm etmäge örän ýakyndy. Ýewropa ýurtlary birnäçe uruşlary başyndan geçirdi, olaryň bir ujy «Täze dünýäde» ýetýärdi.

Ilkinji ýyllarda Konstitusiýanyň «umumy goranyşy» üpjün etmekdäki maksady, Appalaçeý daglarynyň aňyrsynda ýerleşýän çäkleri özleşdirmek we ýurduň şol böleginiň ýerli halky bolan amerikan indeý taýpalary bilen parahatçylyk ugrunda gepleşikler geçirmäge degişli boldy. Ýöne birnäçe ýyllar geçenden soň, 1812-nji ýylda Angliýa bilen uruş başlandy, ispanlar bilen Floridada çaknyşyklar boldy we 1846-njy ýylda Meksika bilen uruş turdy. Bularyň hemmesi harby güýjüň zerurdygyna ynandyrdy.

Amerikanyň ykdysady we syýasy güýjüniň ösmegi bilen onuň goranmak güýçleri hem ösdi. Konstitusiýa goranmak jogapkärçiligini hökümetiň kanun çykaryjy we ýerine ýýetiriji pudaklaryna tabşyrýar, diňe Kongres uruş yglan edip we goranmak üçin pul goýberip bilýär. Prezident harby güýçleriniň baş serkerdesi bolup, ýurdy goramakda esasy jogapkärçiligi çekýär.

**«... umumy abadançylyga ýardam etmek üçin»**

Garaşsyzlyk urşunyň ahyrynda Birleşen Ştatlary agyr ykdysady kynçylyga sezewar boldy. Baýlyklar gutarypdy, karzlara bil baglamak kyndy, kagyz pullaryň hümmeti gaçdy diýen ýalydy. Söwda we senagat işleritogtady diçen ýalydy, statlar we Konfederasiýa hökümeti bergä batdylar. Halkyň arasynda açlyk howpy döremedik hem bolsa, ykdysadyýetiň geljegi garanky görünýärdi.

Federal hökümetiň önünde duran wezipeleriň birinjisi ykdysadyýeti aýaga galdyrmakdy. Konstitusiýanyň birinji maddasynda: «Kongresiň Birlesen Ştatlarynyň umumy abadançylygyny üpjün etmek, ...we bergilerini üzmek üçin salgytlary, ...bellemäge we ýygnamaga hukugy bardyr» diýip aýdylýar.

Hökümetiň salgyt ýygnamak ygtyýarlylygy uruşda edilen bergileri üzmäge we milli puluň hümmetini dikeltmäge mümkıünçilik berdi. Ýurduň maliýe syýasatyny alyp barmak üçin Maliýe kätibi we daşary gatnaşyklara ýolbaşçylyk eder ýaly Döwlet sekretary bellenildi. Şeýle-de ýurduň harby howpsuzlygyna jogap berer ýaly Goranmak kätibi we federal hökümetiniň baş kanunçysy hökmünde Ýustisiýa ministri bellenildi. Ýurduň giňelmegi we onuň ykdysadyýetiniň çylşyrymlaşmagy bilen baglylykda onyň ösüşinigazanmak üçin ýerine ýetiriji hökümetiň gosmaça bölümlerini döretmek zerurlygy ýüze çykdy.

**«...azatlygyň eşretlerini özümiz we nesilimiz üçin berkitmek»**

Täzeden döredilen amerikan respublikasyny häsiýetlendirýän esasy sypatlaryň biri şahsy azatlyga berilýän ünsdir. Köp amerikanlylar geçmişde syýasy we dini ejirlere duçar bolanlygy sebäpli, Täze dünýäde azatlygy saklamak hyjuwyndan dolydy. Konstitusiýany düzüjiler federal hökümetiniň we ştatlar hökümetlerinin ygtyýarlyklaryny çäklendirmek arkaly ähli raýatlaryň hukuklaryny goramak üçin federal hökümetine ygtyýarlyk bermekde seresaplylygy elden bermändirler. Şol sebäpli hem amerikanlar ýurduň içinde halan ýerlerine gidip bilýärler, iş meselesinde, dini we syýasy garaýyşlarda özleri netije çykaryp bilýärler we hukuklary kemsidilýändir öýtseler, hukuklaryny goramak üçin suda ýüz tutup bilýärler. ❑




ABŞ-yň Konstitusiýasynyň kabul edilenine bagyşlanyp, Nýu-Ýorkda geçirilen baýramçylyk dabarasynda «Gamilton» adyny göterýän we «döwlet gämisiniň» alamatyny berýän tekerli gämi. «Federalistiň ýazgylarynyň» awtory Aleksandr Gamilton Nýu-Ýorkda Konstitusiýany esaslandyryjylaryň öňbaşçysy hasap edilýär.



# 2
# bap

# KONSTITUSIÝANYŇ DÜŞÜNDIRILIŞI

# «FEDERALISTIŇ ÝAZGYLARY»

*«Näme, döwlet häkimiýeti ynsanyň kimdigini açyp görkezýän beýik güýç dälmidir eýsem?»*
*– Jeýms Medison*
*«Federalistiň ýazgylary», 1787–1788 ýý.*

Amerikany esaslandyryjylaryň biri, soňra ýurduň üçünji prezidenti edilip saýlanan Tomas Jefferson «Federalistiň ýazgylaryna» ýokary baha berip, ony «döwlet häkimliginiň esasy ugurlaryna düşündiriş berip bilen iň gowy ýazgylardyr» diýip belleýär. Jon Stýuart Milliň pikiri boýunça bolsa, «Federalist» – 85 sany gysga eserlerden durýan ýygyndy aslyýetinde şeýle diýlip atlandyrylýardy – «biziň elimizde bar bolan döwlet häkimliginiň meseleleri boýunça taýýarlanan ylmy işleriň içinde iň bir nusga alarlyk işdir». 1835-nji ýylda bolsa, ýiti garaýyşly fransuz syýasy düşündiriş berijisi Aleksis de Tokwil şeýle diýip ýazýar: «Federalistiň ýazgylary» diýseň ajaýyp kitap bolup, onuň bilen ähli ýurtlaryň döwlet işgärleri hökmany suratda tanyş bolmalydyrlar».

Häzirki zaman taryhçylary, ýuristleri, syýasatşynaslary, «Federalistiň» Birleşen Ştatlarda häzire çenli syýasy pelsepe we döwlet häkimliginiň anyk meseleleri boýunça ýazylan iň bir saldamly işdigi bilen umuman razylaşýardylar. Bu meşhur işi Eflatunyň «Respublika», Aristoteliň «Syýasat», Tomas Gobbsyň «Lewiafan» eserleri bilen deňeýärdiler. Latyn Amerikasynyň, Aziýanyň we Afrikanyň ençeme täze döwletleriniň ýolbaşçylary öz ýurtlarynyň konstitusiýalaryny taýýarlanlarynda hökmany suratda «Federaliste» ýüzlenýärdiler.

1787-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda Filadelfiýada ABŞ-yň Konstitusiýasynyň taslamasyna gol çeken wekiller şeýle şert goýdular-bu resminama 13 ştatdan diňe 9-synda tassyklaýjy konwentler tarapyndan kabul edilen ýagdaýynda ol öz güýjüne girip biler. Degişli bellikleriň ýokdugyna garamazdan, eger-de iki esasy ştatda-Nýu-Ýorkda we Wirjiniýada Konstitusiýanyň agzalan taslamasyna garşy ses berilen ýagdaýynda hem-de, bu ştatlaryň çäkleriniň ululygy we olarda bar bolan häkimligiň giň gerime eýedigini göz öňünde tutsaň, onda elbetde, bu işi bökdemek howpy abanýardy. Konstitusiýa barada Nýu-Ýorkuň hem, Wirjiniýanyň hem wekilleriniň pikiri düýpgöter gapma-garşy gelýärdi. Nýu-Ýorkyň gubernatory Jorj Klinton ozüniň Konstitusiýanyň taslamasyndan närazydygy barada öňden öz pikirini aýdypdy.

Şeýle çäksiz uly baha eýe bolan we uly abraýdan peýdalanan «Federalistiň ýazgylary» ýaly şeýle ägirt iş, geçirilen ylmy barlaglaryň netijesinde we döwlet häkimliginiň guramalarynda amala aşyrylan amaly işleriň täsiri bilen toplanan, ägirt uly durmuş tejribesiniň miwesi bolup görünmegi hem ähtimal. Emma, hakykatda bolsa, bu ýazgylar iki sany ýaş adam tarapyndan amala aşyryldy. Olar Nýu-Ýork ştatyndan 32 ýaşly Aleksandr Gamilton we Wirjiniýa ştatyndan 36 ýaşly Jeýms Medison dagydyr. Olar öz işlerini howlugyp ýazypdyrlar-kähalatlarda, bir hepdede dört sany eser taýýar edilýärdi. Ýokary Suduň başlygy bolan, tanymal ýaşuly alym Jon Jeýe bolsa «Federalistiň ýazgylaryndaky» eserleriň bary-ýogy bäşisi degişlidi.

Rewolýusiýa döwri ABŞ-yň ilkinji prezidenti Jorj Waşingtonyň kömekçisi bolup işlän A. Gamilton öz göz öňünde tutan wajyp taslamasyny amala aşyrmak üçin Medisona we Jeýe bu işe goşulmagy haýyş edipdi. Olaryň esasy maksady Konstitusiýanyň işläp düzülen taslamasyny Nýu-Ýorkuň konwentiniň tas-

syklamagyny gazanmakdy. Olaryň her biriniň aýry-aýrylykda «Publiý» tahallusy (lakamy) bilen Nýu-Ýorkuň gazetlerinde Konstitusiýany düşündirmek we ony goramak maksady bilen yzygiderli çykyş etmek meýilleri bardy.

Taslamanyň başyny başlaýjy Gamiltondy. Ol iberilen hatlardan maslahata goýuljak 51 sanysynyň yzygiderliligini belläp, olaryň köpüsini düşündirmäge girişdi. Şolaryň içinde has täsirilisi Medisonyň 29 sany hatydy. Çünki, olarda gönümellik, deňagramlylyk we paýhas güýji agdyklyk edýärdi. Ýöne, bir zat welin, düşnüksiz bolup galýardy. 1787-nji ýylyň oktýabr we 1788-nji ýylyň maý aýlary aralygynda ýazylan «Federalistiň ýazgylary» Nýu-Ýork ştatynyň göwünsiz bolsa-da, Konstitusiýany tassyklamagynda aýgytlaýjy rol oýnadymyka? Ýöne nähili bolanda-da, bu eserleriň Konstitusiýa düşündiriş berip bilýän uly bir işdigine hiç hili şübhe ýokdur.

## FEDERALIZMIŇ TÄZE GÖRNÜŞI

«Federalistiň ýazgylarynda» aýdyň beýan bolan pikir federalizme berlen täze kesgitleme bilen tapawutlanýardy. Monarhiýa tarapyndan ejir çekdirilen oňki amerikan kolonistleri öz garşydaşlaryny rewolýusion göreşde ýeňenlerinden soň, oňki düzgüniň deregine merkezleşdirilen we çäklendirilen düzgüniň bolmagyny känbir isläp hem duranokdylar. Ýöne, aýry-aýry ştatlaryň biri-birine bolan gabanjaňlyk we bäsdeşligi netijesinde dörän durnuksyzlygy we guramaçylyksyzlygy özünde jemlän «Konfederasiyanyň makalalarynyň» täsiri astynda toplanan tejribeler bu adamlarda güýçli milli döwlet döretmekde üşükli bolmaklaryna ýardam etdi. «Federalistiň ýazgylarynyň» käbir eserlerinde hiç bir ýurtda amala aşmadyk deňagramlylygyň täze häsiýetini gazanyp boljakdygy barada tassyk edilýärdi. Dogrudanam, «Federalistiň ýazgylary» Nýu-Ýork ýaly port şäheriň söwda bähbitlerini araýan Gamiltonyň milletçilik meýilleri bilen, Medisonyň köphalatlarda Wirjiniýa fermerlerine mahsus bolan ýolbaşçy guramalaryň häkimligine müňkirlik etmek seresaplylygynyň arasynda deňagramlylyk bolup hyzmat edýär.

Medison «Konfederasiýanyň makalalarynda» göz öňünde tutulan, her bir ştatyň hökmany garaşsyzlygyny milli bähbitleri gozgamaýan her bir welaýatda ulanyljak «galan-gaçak garaşsyzlygy» bilen çalşyrylmalydygy barada pikiri teklip etdi. Ol Konstitusiýany tassyklamak işi milletçiligi däl-de, federalizm düşünjesini aňladýar diýip tassyklaýar.

Gamilton «ylalaşyklyk» diýip at goýan milli hökümetiň we ştatlaryň hökümetiniň ygtyýarlyklaryny hödürledi. Ol Günüň daşyndan hereket edýän planetalaryň nusgasynda mysal getirmek bilen şeýle hereketiň aýratyn statusy aýap saklamaga itergi berýändigini aýdýar. Ygtyýarlyklaryň ylalaşyklary baradaky öz garaýşyny goramak bilen, ol merkezi häkimiýete uly ynam bildirdi. «Federalistiň ýazgylarynyň» awtorlarynyň arasynda bolan agzalalyga garamazdan, olar öňki ösüşlerden mazalyja sapak alypdyrlar: başyňy alyp çykmak ýaly ýurtda abraýa eýe bolmak häsiýeti, örän wajyp, emma çäklendirilen ygtyýarlyklaryň merkezi häkimiýete berilmegini talap edýardi. «Federalistiň ýazgylarynyň» awtorlary şeýle işleriň aýry-

aýry ştatlaryň özboluşly aýratynlyklaryna we awtonomiýasyna zyýan ýetirmezden amala aşyryljakdygyna ynanýardylar.

## BÖKDENÇLIKLERIŇ WE GAPMA-GARŞYLYKLARYŇ ULGAMY

«Federalistiň ýazgylary» ýaly syýasy edebiyatda ilkinji gezek döwlet häkimligini çäklendirmek maksady bilen we wezipeden hyýanatly peýdalanmak ýaly işiň garşysyna bökdençlik we gapma-garşylyk usullary bilen hereket etmek baradaky pikir hem öz beýanyny tapýar. Bu sözler, esasan hem, iki palataly legislatura, ýagny kanun çykaryjy guramanyň jemine degişlilikde ulanylýar. Ony bolsa, Gamilton hem, Medison hem, döwlet häkimiýetiniň iň bir berk şahalarynyň biri hasap edýärler. Ilkibaşdaky pikire görä, ştatlaryň kanun çykaryjy guramalary tarapyndan saýlanylýan has konserwatiw Senat tarapyndan peýdalanylýan bökdençlikleriň we gapma-garşylyklaryň ulgamyna hyjuwly, halk sesi arkaly saýlanylýan Wekiller Palatasy öz täsirini ýetirmelidi. (Konstitusiýa degişli 1913-nji ýylda kabul edilen 17-nji Düzediş bu düzgünnamany üýtgetdi, senatorlar hökmany suratda halkyň ses bermegi bilen saýlanylmaly edildi). Emma, şeýle bir ýagdaý ýüze çykdy, ýagny Medison «bir wezipe beýleki wezipäni saklamaly» diýip, umumy jähtden tassyklaýardy, Gamilton bolsa, «demokratik assambleýa demokratik Senat bilen saklanylmalydyr we bu iki gurama hem baş demokratik magistrat, ýagny ýerine ýetiriji gurama tarapyndan bökdençlige degişlidir» diýip belleýär.

Gamilton özüniň iň bir ajaýyp 78-nji eserinde milli kanun çykaryjy guramalar we ştatlaryň kanun çykaryjy guramalarynyň kabul eden Konstitusiýa degişlilikdäki ol ýa-da beýleki kanunlar babatda Ýokary Suduň karar etmegini gorap çykyş etdi. Onuň aýtmagyna görä, «sud gözegçiligi» ygtyýaryny özünde saklaýan bu ägirt uly taryhy ähmiýete eýe güýç, legislatura baglylykda, bökdençligi döretmäge ýeterlik ýagdaýy bar. Çünki, «legislaturadaky fraksionlylygyň ýaramaz ysly demi adalatlylygyň arassa gözbaşyny zäherläp biler». Gamilton sesleriň agdyklyk edýän ýagdaýynda parlamente suduň islendik kararyny ýatyrmaga rugsat berýän iňlis ulgamyny biragyzadn inkär edýär. Tersine, sudlar we sud guramalary çäklendirilen Konstitusiýanyň daýanjy bolmalydyr, çünki, olar bu resminamany kanun çykaryjy häkimiýetiň kast etmeginden goraýardy». Diňe Konstitusiýa düzediş girizmegiň ykjam we kyn işleri amala aşyrylanda, ýa-da Ýokary Suduň agzalaryna olary başga nukdaýnazary kabul etmäge razy etmek maksady bilen ýuwaş-ýuwaşdan täsir edilende, resminamanyň sud tarapyndan düşündirilişini düýpgöter üýtgedip bolar».

## ADAMYŇ TEBIGATY, DÖWLET HÄKIMIÝETI WE ŞAHSYÝETIŇ HUKUGY

Bökdençlikleriň we gapma-garşylyklaryň ulgamy adam tebigatynyň çuňňur hakyky bahasyna daýanýar. Eger, Medison we Gamilton bir tarapdan adamlar öz ýagşy hereketlerinde özlerini akylly-başly alyp barýarlar, olar tertipli bolmaga endik edýärler, adalatlylygy gorap saklaýarlar diýip belleseler, ikinji tarapdan bu döwlet işgärleri başga pikiri hem orta atýarlar, ýagny adamlar göç-

günlilige özlerini aldyrýarlar, olar çydamsyz bolýarlar, köplenç hem açgözlülige ýüz urýarlar. «Federalistiň ýazgylaryndaky» özüniň belli bölekleriniň biri bolan erkinligi gorap saklamak üçin nähili çäreler hökmany diýen soragyň maslahaty geçirilenden soň, Medison şeýle diýip ýazýar: Eger, adamlar perişdeler bolan bolsadylar, onda olara hiç hili döwlet häkimiýeti gerek hem bolmazdy. Eger-de, perişdeler höküm süren bolsalar, onda döwlet häkimiýetiniň üstünden ne içki, ne-de daşky gözegçilik bolardy. Döwlet häkimiýeti döredilen ýagdaýynda haçan-da, onuň çäginde bir adamlar beýleki bir adamlaryň üstünden höküm sürenlerinde, şeýle bir ägirt üly kynçylyk bilen çaknyşýarsyň: ilki bilen häkimiýet kime gönükdirilen bolsa, olaryň üstünden hem höküm sürmeli, soňra bolsa, şol häkimiýeti öz-özüniň üstünden gözegçilik etmäge borçlandyrmaly».

«Federalistiň ýazgylarynyň iň bir haýran ediji we özboluşly eserlerinden onuň 10-njy böleginde Medison bu ikitaraplaýyn meseläniň çözgüdini tapjak bolýardy. Ony alada goýýan esasy zat, ol hem «ilki bilen fraksion, ýagny özbaşdak toparlaryň eden-etdiliklerini syndyrmaly we olary berk gözegçilik astyna almaly. Bu toparlaryň esasynda ol syýasy partiýalaryň hereketleriniň bardygyny duýýardy we olaryň bolsa, halk häkimiýeti üçin diýseň howpludygyny aňýardy: «Olaryň esasynda, men käbir raýatlary göz öňünde tutýaryn. Olar bir topara birleşip, umumy meýillere dalaşyp hereket edýärdiler-göçgünlilige we haýsy hem bolsa, bir bähbit üçin hereket edip, beýleki raýatlaryň hukuklaryna, ýa-da jemgyýetiň hemişelik we umumy bähbitlerine zyýan berýärdiler».

Beýleki raýatlaryň hukugyna howp salýan bu göçgünlikler we bähbitler dini ýa-da syýasy häsiýetlere eýe bolup biler, ýa-da bolmasa, hemişe bolup durýan ýagdaý, ol-da ykdysady maksatlar üçin bagly bolmakdyr. Suw paýlaşygy bu fraksion-özbaşdak toparlaryň göreşinde gapma-garşylyk baýlaryň we garyplaryň arasynda, ýa-da karzyna pul berýänleriň we bergidarlaryň arasynda bolup biler. Ol göreşiň haýsy hem bolsa, bir şahsy emläge eýe bolmak üçin-de alnyp barylmagy ähtimal.

Biri-birine çapraz gelýän talaplary kanagatlandyrmak üçin, ýa-da şol gapma-garşylyklar netijesinde döreýän jedelleriň soňuna çykmak üçin dogruçyl, aňly-düşünjeli we erkin adamlar nähili täsir edip bilerler? Eger-de, göçgünliligi ýa-da şahsy bähbitleri gadagan edip bolmaýan bolsa, onda döwlet häkimiýetiniň haýsy hem bolsa, bir güýji islendik fraksiýanyň-toparlanyşygyň, ol köpçüligiňki bolsun, ýa-da az sanly adamlaryňky bolsun, tapawudy ýok, olaryň öz islegleriniň umumy bähbitlere zyýan getirýän ýagdaýlaryna garşylyk görkezmelidir. Medisonyň tassyklamagyna görä, ol ýa-da beýleki höküm ediji toparlanyşykdan goranmagyň iň bir oňaýly tarapy, ol hem respublikan (ýa-da wekilçilikli) partiýa dolanyşygydyr. Çünki, onuň jemgyýetçilik pikirini gowulandyrýan we ýaýbaňlandyrýan niýeti bolup we şu maksat bilen hem olary ol ýa-da beýleki saýlantgy raýat toparlaryň arasyndan eriş-argaç edip geçirýär.

Medisonyň pikiriçe, ýene wajyp işleriň biri ol hem, respublikanyň geografiki

we halk bazalaryny giňeltmekdir. Bu milli döwletde göz öňünde tutulyp, onuň döredilmegi Konstitusiýada hem teklip edilýär. Ol şeýle diýip ýazýar: «Uly respublikada kiçi respublikadaka görä, her bir wekil raýatlaryň köplüginiň ses bermegi bilen saýlanylar. Şonuň üçin mynasyp däl kandidaturalara işde öz bet niýetli mekirliklerinden üstünlikli peýdalanmaga kynçylyk dörär. Şeýle mekirliklere bolsa, saýlaw döwürleri köp ýüz urdular. Fraksion-toparlanyşyklaryň ýolbaşçylarynyň täsiri olaryň wekilçilik edýän ştatlarynda hem göçgünliligiň ýalnyny tutaşdyryp biler. Ýöne, bu ýolbaşçylara beýleki ähli ştatlary ot aldyrtmaga başartmaz».

Bu eserde erjellik bilen plýuralizm garaýşy hödür edilýär. Ol bolsa, şaýatlyk hökmünde şahsyýetiň köptaraplaýyn özüni görkezmek ukybyny we onuň erkinligini üýtgeşiklik hökmünde goldaýar. Bu üýtgeşiklik bolsa, özüniň öňde goýan maksadyna ýetmekde, ýagny gapma-garşy göçgünlilige we bähbitlere dogry täsir etmek üçin bitaraplygy saklamaklyk wajyp bolup durýar. Şeýle meňzeşlige ABŞ-yň köpsanly dini ynançlarynyň haýsy hem bolsa, bir agdyklyk edýän ybadathanasyny tassyklamakda mümkinçiliklere ýol bermeýän ýagdaýlarynda hem duş gelmek bolýar. Ştatlaryň dürli-dürliligi, olarda ýerleşýän köpsanly özboluşly etraplar we dürli bähbitlere eýerýän toparlar, hakykatdan, bütin ýurduň çäginde öjükdiriji we kuwwatly zulum ediji toparlanyşykdan, ýa-da partiýalardan ýeňiş gazanmak mümkinçiliklerini çetleşdirýär. Medisonyň bu pikirine subutnama hökmünde esasy amerikan syýasy partiýalarynyň ewolýusiýasyndaky özgerlişikleri mysal getirmek bolar. Olaryň iş tejribesine aramça hereket etmek meýli we ideologiki metodlardan ýüz öwürmek häsiýetler mahsusdy. Çünki, şol partiýalaryň her biri giň üýtgeşik toparlanyşlary we ykdysady bähbitleri bilen tapawutlanýardylar.

## HÄKIMIÝETIŇ BÖLÜNIŞIGI

Döwlet häkimiýetiniň dürli pudaklarynyň arasynda häkimiýeti bölmek pikiri merkezleşdirilen häkimiýetiň zor salmagyndan gutulmak üçin döredilip, ol bökdençlikleriň we gapma-garşylyklaryň ulgamynyň iň bir ygtybarly toparyna girýär. Emma, «Federalistiň ýazgylarynyň» awtorlary häkimiýetleri bölmek işinde ýene bir wajyp artykmaçlygy görýärler, ýagny ol döwlet häkimiýetiniň netijeliligini ýokarlandyrýar we onuň täsirliligini güýçlendirýär. Ýöriteleşdirilen wezipeler bilen çäklendirilen dürli döwlet häkimiýetleri bir tarapdan ýörite ekspert düşünjelerini baýlaşdyrýarlar, ikinji tarapdan bolsa, olar öz ýerine ýetiren işlerine buýsanýarlar. Eger, häkimiýetiň şu pudaklary biri-birleri bilen habarlaşyp, ýa-da bolmasa käbir derejede biri-birini gaýtalap işlemedik ýagdaýlarynda şeýle netijeler bolmasa-da bolmazdy.

Hil diýilýän zat bir işe, wezipä kesgitleýji täsir edip biler, emma başga bir işe gezek gelende, ol oňa zyýan berip biler. Mysal üçin, Gamilton şeýle hasap edýär: «ýerine ýetiriji häkimiýetiň iş çygrynda güýjüň ulanylmagy» ýurdy daşarky hüjümlerden goramakda, kanunlaryň adalatly ulanylmagynda we şahsyýetiň bähbitleriniň we erkinliginiň goralmagynda diýseň wajypdyr; ol bula-

ry hukuk hökmünde seredýär we olaryň biri-birisi bilen berk baglanyşyklydygyny belleýär. Şol bir wagtda-da, güýç bilen däl-de, eýsem-de «oňat ölçerilip mesele çözülende we akyl-paýhasa daýanylanda» bu ýagdaýlar kanun çykaryjynyň iň gowy häsiýetleri bolup durýar. Kanun çykaryjy bolsa, halkyň ynamyny ödemeli we jemgyýetiň agzalarynyň dürli bähbitler boýunça agzybir bolmaklaryny gazanmalydyr.

Bu tapawut ol ýa-da beýleki döwlet häkimiýetiniň başlangyçlaryny amala aşyrmakda hökmanydygyny düşündirýär, ýagny näme üçin ýerine ýetiriji häkimiýet bir adamyň-prezidentiň elinde bolmaly, çünki ýerine ýetiriji häkimiýet köpsanly ýolbaşçylaryň elinde bolan ýagdaýynda ol gowşaklyga alyp barar we döwletde adatdan daşary agyr ýagdaý döränýde döwlet häkimiýetiniň wajyp çäreleriniň başa barmazlygyna» täsir eder. Haçan-da, halkyň islegini beýan edýän kanun çykaryjy häkimiýet giňişleýin maslahatyň netijesinde özüniň hemmetaraplaýyn ölçerilen kararyny ol ýa-da beýleki kanuny kabul etmek bilen girizýän bolsa, onda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýolbaşçysy hiç bir erkine goýbermezlikden, betnebis adamlaryň, ýa-da toparlaryň hiç bir gepine gitmän, barlyşyksyz bu karary durmuşa geçirmäge borçludyr. Daşary ýurtlar tarapyndan hüjüme geçilen halatynda bolsa, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýolbaşçysy gyssagly we täsirli jogap çärelerini görmäge, olary kabul etmäge ygtyýarlyklary we güýji bolmalydyr. Sud häkimiýeti barada aýdylanda bolsa, bu ýerde işiň talap edilýän hili aýratyn häsiýete eýe bolmalydyr: ýerine ýetiriji häkimiýete mahsus bolan güýç we derrew karar çykaryp bilýän ukyp däl, halkyň hal-ýagdaýyna ünsli seslenip bilýän, ýa bolmasa kanun çykaryjy häkimiýetiň wekiliniň oňlamaýan aýratynlygy bolan ylalaşyga gitmek ukyby hem däl-de, iň esasy güýç «dogruçyllyk we mylaýymlykdyr». Mundan başga-da, ömürlik möhlete saýlanan sudýalar şeýle ýagdaýda jemgyýetçiligiň ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy häkimiýetleriniň täsirinden azat bolýarlar.

## SYÝASATYŇ ÖMÜRLIK SORAGLARY

«Federalistiň ýazgylarynda» döwlet häkimiýeti, jemgyýet, erkinlik, rehimsizlik we syýasatçynyň tebigaty barada ýatda galaýjak bellikleri tapaýmak hemişe başardyp duranok. Ýöne, nähili bolanda-da, «Federalistiň ýazgylary» kitaby syýasy taglymatyň we tejribäniň Gamilton bilen Medisonyň galdyran ömürlik soraglary bilen çynlakaý gyzyklanýan üçin ýan kitaby bolup galýar. «Bu amerikan publisistleri tarapyndan şu wagta çenli iň bir dilewarlyk, gutarnyklylyk we görelde alarlylyk bilen berilen jogapdyr» diýip, syýasy ulgamlaryň taryhy boýunça belli hünärmen Klinton Rossitor XX asyrda ýazýar. – «Federalistiň ýazgylary» işiniň esasy pikiri, manysy şu aşakdakylardan durýar: «Erkinlik bolmasa, bagt hem bolmaz, erkinlik hem öz-özüňi dolandyrmasyz bolmaýar, öz-özüňi dolandyrmagy hem konstitusiýasyz göz öňüne getirmek mümkin däl, konstitusiýa-da ahlaksyz bolup bilmez-şu sanalan ähli beýik eşretler hem durnuklylyk we tertip – düzgün bolmasa, bolup bilmezler». ❑



Ak tam



# 3
bap

## ÝERINE ÝETIRIJI PUDAK

# PREZIDENTLIK WEKILÇILIKLERI

*«Ýerine ýetiriji hökümetiň başlygy özüniň ähli wekilçiligini halkdan alýar.» – Awraam Linkolnyň prezidentlik wezipesine eýe bolanda ilkinji dabaraly çykyşyndan, 1861-nji ýyl.*

Haçanda Ýewropanyň esasy döwletleriniň ählisinde nesilden-nesle geçýän monarhlaryň bar wagtynda iş möhleti çäklendirilen prezident wezipesini döretmek pikiriniň ýüze çykmagy täzelik bolupdy. 1787-nji ýylda kabul edilen konstitusiýa prezidente ýerine ýetirijilik häkimligi berýärdi we şu güne çenli ol oňa goldaw bolup gelýär. Şeýle-de ol (Konstitusiýa) prezident aradan çykanda, işden el çekende ýa-da ukypsyzlygy ýüze çykanda, prezidentligi alyp barar ýaly wise-prezidenti saýlamaklygy göz öňüne tutýar. Konstitusiýada prezidentiň borçlary we häkimi barada jikme-jik görkezilen hem bolsa, ol wise-prezidente, prezidentiň kabinetiniň 14 adamdan ybarat (oňa federal gulluklarynyň ýolbaşçylary hem girýär) agzalaryna we beýleki federal häkimlerine anyk ýerine ýetirijilik häkimetiň wekilçiligine ygtyýar bermeýär.

Güýçli unitar prezidentligiň döredilmegi Konstitusion Konwentde käbir agzalalygyň çeşmesi boldy. Bir topar döwletlerde birnäçe agzalardan ybarat bolan ýerine ýetiriji geňeşleriň tejribesi bardy. Bu ugur birnäçe ýyllaryň dowamy Şweýsariýalylar tarapyndan ep-esli wagtlap üstünlikli ulanyldy. Benjamin Franklin Birleşen Ştatlarynda-da şoňa meňzeş düzgüniň girizilmegini talap etdi. Onsoň hem, aglaba wekiller iňlis monarhiýasynyň elindäki häkimlik güýjünden entegem ejir çekensoňlar, aňrybir güýçli prezident dolandyrylyşygyny islemeýärdiler. Muňa garamazdan çäklendirmeleriň we deňagramlylygyň çäginde hereket edýän ýeke-täk prezident dolandyrylyşygy üstün çykdy.

Konstitusiýada görkezilen talaplara görä, her bir ABŞ-da doglan we ýaşy 35-e ýeten amerikan raýaty ABŞ-nyň prezidenti bolup biler, Prezidentiň wezipesine kandidatlar prezident saýlawlaryndan birnäçe aý öň syýasy partiýalar tarapyndan saýlanýarlar. Saýlawlar dört ýyldan bir gezek (galyndysyz dörde bölünýän ýyllarda) noýabr aýynyň birinji duşenbesinden soň gelýän sişenbede geçirilýär. Konstitusiýanyň 1951-nji ýylda kabul edilen Düzedişi prezidentiň wezipede bolmagyny iki möwsüm bilen çäklendirýär.

Wise-prezident öz borjuny prezident bilen bir wagtda alyp barýar. Wise-prezident käbir ýagdaýlarda prezidentiň wezipesini ýerine ýetirmek hukugyndan başga-da ol Senatda başlyklyk edýär. 1967-jni ýylda kabul edilen 25-nji düzedişde prezidentlik häkimliginiň tabşyrylyş düzgüni beýan edilýär. Bu düzedişde haçanda prezident öz wezipesini ýerine ýetirmäge ukyply bolmasa, onda wise-prezidentiň prezidentiň wezipesini eýelemäge hakynyň bardygy hem aýdylýar. Ondan ötri prezident sagalsa ýene-de wezipesini eýeläp bilýär. Bu düzedişde prezidentiň wise-prezidenti saýlamaga hakynyň bardygy hem aýdylýar. Mundan başga-da, gürrüňi edilýän düzediş prezidente wise-prezidentiň kandidaturasyny eger-de, şol wezipe eýelenmedik bolsa, bellemäge mümkinçilik berýär; ol Kongress tarapyndan tassyklanmalydyr.

Konstitusiýa Kongrese wise-prezidentden soň prezidentligi kabul etmegiň tertibini düzmeklik ygtyýaryny berýär. Hazirki wagtda prezidentiň we wise-prezidentiň ikisiniň hem orny boş bolanda, Wekiller Palatasynyň başlygy prezidentligi kabul edýär. Ondan soň Senatyň wagtlaýynça başlygy (ýagny, wise-prezi-

dent ýok wagty senatorlar topary tarapyndan saýlanan senator wagtlaýyn başlyklyk edýär), soňra Kabinetiň işgärleri bellenen tertipde başlyklyk edýärler.

Hokümet Waşingtonda ýerleşýär. Kolumbiýa federal okrugy, federal anklawy Merilend we Viržiniýa ştatlarynyň aralygyndaky gündogar kenar ýakasynda ýerleşendir. Şol ýerde-de Prezidentiň ýaşaýan we işleýän Ak tamy ýerleşýär.

Prezident saýlawynyň usuly Amerikan ulgamyna mahsusdyr. Bulletende kandidatlaryň atlarynyň peýda bolmagyna garamazdan, her ştatyň ilaty prezidente (wise-prezidente) ses bermeýärler. Onuň ýerine, prezidentlige dalaş edýänleriň sanawy anyklanýar, ol bolsa her ştatyň senatorlarynyň we wekilleriniň Kongresdäki sanyna deňdir. Her ştatda has köp ses alan kandidat şol ştatyň ähli saýlawlarynyň seslerini gazanýar.

50 ştatyň we Kolumbiýa okrugynyň saýlawçylarynyň sany 538 adam bolup, olar Saýlawçylar kollegiýasyny düzýär. Konstitusiýanyň düzgünlerine görä, saýlawçylar kollegiýasy hiç wagt aýratyn gurama hökmünde bilelikde duşuşmaýar. Onuň ýerine saylawçylar saýlawdan az wagt soň, öz ştatlarynyň paýtagtlarynda üýşýärler. Öz ştatynda halkdan iň köp ses alan kandidata ses berýärler. Prezidentlige kandidat üstünlik gazanmak üçin saýlawçylaryň 538 sesinden 270 ses almalydyr. Eger-de Konstitusiýada bellenilişi ýaly, kandidatlaryň hiçisi ýeterlik ses alyp bilmese, onda wekiller Palatasy karar kabul edýär, özem bu Palatanyň ol ýa-da beýleki ştatlardan bolan ähli agzalary bir bütewilikde ses berýärler. Bu ýagdaýda her ştat we Kolumbiýa federal okrugy diňe bir ses alýar.

Prezidentligiň dört ýyllyk möhleti noýabr saýlawyndan soň 20-nji ýanwarda başlanýar (ol 1933-nji ýylda kabul edilen 20-nji Düzediş boýunça mart aýy bilen çalşyldy). Prezident öz wezipesine ol ozaldan dowam edip gelýän däp boýunça ABŞ-nyň Kapitoliýa binasynyň basgançaklarynda dabara bilen kabul edilensoň işe girişýär. Prezident adat boýunça Birleşen Statlarynyň Ýokary sudunyň başlygynyň alyp barmagynda köpçülügüň öňünde kasam kabul edýär. Kasamyň sözleri Konstitusiýanyň 2-nji maddasynda ýazylandyr: «Men, Birleşen Statlarynyň Prezidentiniň wezipesini wepaly alyp barjakdygyma dabaraly kasam edýärin, we özümüň ähli güýjümi Birleşen Ştatlarynyň Konstitusiýasyny berjaý etmäge, oňa arka durmaga we goramaga bagş ederin». Kasam etmek dessuryndan soň köplenç dabaraly çykyş bolýar. Onda täze prezident öz administrasiýasynyň syýasatyny we meýilnamasyny teswirleýär.

## PREZIDENTIŇ YGTYÝARLYLYKLARY

Birleşen Statlarynyň prezidentiniň wezipesi dünýäde iň bir güýçli wezipedir. Prezident «kanunlaryň ak ýürek bilen ýerine ýetirmegiň aladasyny etmelidir» diýip Konstitusiýada aýdylýar. Õzüniň bu jogapkärçiligini amala aşyrmak üçin ol federal hökümetiniň ýerine ýetiriji pudagy ýaly 4 million adamly örän uly gurama we hakyky gullukda duran 1 million harby gullukçylara başlyklyk edýär. Mundan başgada onuň möhüm kanun çykaryjy we sud wekilçilikleri bardyr.

*Dowamy 43-nji sahypada*

# PREZIDENTLIK

*Wezipäniň möhleti: saýlawçylar kollegiýasynyň üsti bilen halk tarapyndan dört ýyl möhleti bilen we iki möwsüme çenli çäkli saýlanýar.*

*Aýlygy: 2001-njy ýylyň 20-nji ýanwaryndan başlap ýylda 400 000 dollar.*

*Wezipä dabaraly bellenilmegi: noýabrdaky ählihalk saýlawyndan soň, 20-nji ýanwarda.*

*Prezidentiň wezipesine saýlanylmagyň şertleri: Amerikada doglan, pesinden 35 ýaşly we azyndan 14 ýyl Birleşen Statlarynda ýaşaýan raýat bolmaly.*
*Esasy borjy: Konstitusiýany goramak we Kongresiň çykaran kanunlaryny durmuşa geçirmek.*

*Beýleki hukuklary: Kongrese kanunlary hödürlemek; Kongresiň ýörite mejlisini çagyrmak; Kongrese hat üsti bilen ýüzlenmek; kanunlara gol çekmek ýa-da olary ýatyrmak, federal sudýalaryny bellemek, federal departamentleriň we agentlikleriň ýolbaşçylaryny bellemek, şeýle-de beýleki esasy federal wezipelerine ýolbaşçy bellemek; daşary ýurtlarda wekilleri bellemek; daşary ýurtlar bilen resmi işleri amala aşyrmak; ýaragly güýçleriň baş serkerdesiniň wezipesini alyp barmak; Birleşen Statlarynyň garşysyna edilen jenaýatlar üçin günä geçmekligi kepillendirmek.*

*41-nji sahypaň dowamy*

## Ýerine ýetirijilik hukuklary

Ýerine ýetirijilik pudagynyň çäginde prezidentiň döwlet işlerine we federal hökümetiň işleýşine ýolbaşçylyk etmekde giň hukugy bar. Federal agentlikleri üçin kanunyň borçlandyryjy güýji we Kongresiň tassyklamasy hökman däl bolan düzgünleri, kararlary we görkezmeleri prezident ýerine ýetiriji buýruklar ady bilen çykaryp bilýär. ABŞ-nyň ýaragly güýçleriniň baş serkerdesi bolmak bilen prezident federal gulluga Milli gwardiýany hem işe çekip bilýär. Uruş döwürleri we adatdan daşary ýagdaýlarda Kongres prezidente milli ykdysadyýeti we howpsuzlygy dolandyrmakda giň ygtyýarlyklar berýär.




ABŞ-nyň prezidenti Jorj Buş Aeronawtika we kosmiki giňişligi öwrenmek işleri boýunça Milli dolandyryjy edarada daş-töweregi goramak boýunça anyk işleriň geçirilendigi barada aýan edýär. 1992-nji ýyl.

Ministrlikler we ýerine ýetiriji guramalaryň ýolbaşçylar bilen bir hatarda federasiýanyň beýleki ýüzlerçe ýokary wezipeli adamlaryny prezident saýlaýar, Senat bolsa tassyklaýar. Ýöne federal gullukçylara agramly bölegi Raýat gullugyň ulgamynyň üsti bilen saýlanýar. Sebäbi olaryň wezipe almagy we ýokary çekilmegi özleriniň ukyplaryna we iş tejribesine bagly bolýar.

## Kanun çykaryjy wekilçilikleri

Konstitusiýanyň «ähli kanun çykaryjylyk wekilçilikleri» Kongrese berilýär diýen belligine garamazdan döwletiň syýasatyny kesgitleýän adam hökmünde prezidentiň kanun çykarmakda esasy roly bardyr. Kongresiň tassyk eden her bir kanunynyň taslamasyny prezident gadagan edip bilýär, ýöne her palatanyň agzalarynyň üçden ikisi gadagan etmä garşy ses bermeseler taslama kanuny bolmaýar.

Kongresiň kanun çykaryjylyga degişli işleriniň köpüsiniň tassyklamasy ilki bilen ýerine ýetiriji pudaklarda taýynlanýar. Prezident hat üsti bilen her ýylda we ýörite iberýän ýüzlenmelerinde özüniň zerur hasaplaýan kanunlaryny hödürläp bilýär. Eger Kongress hödürlenýän tekliplere seretmegi yza çekse, prezidentiň olary ýörite mejlise çykarmaga hukugy bar. Bularyň hemmesinden başgada, syýasy partiýanyň ýolbaşçysy we Birleşen Ştatlarynyň hökümetiniň baş ýerine ýetirijisi hökmünde köpçüligiň pikirine daýanmaga we şonuň üsti bilen Kongresde kanun çykaryjylyga täsir etmäge ýagdaýy bardyr.



ABŞ-nyň prezidenti Bill Klinton Kongressiň agzalarynyň gatnaşmagynda Ýokary bilim baradaky Kanuna gol çekýär. 1998-nji ýyl.

Soňky ýyllarda Kongress bilen işleşmekde aragatnaşygy gowulandyrmak üçin prezidentler Ak tamda Kongress bilen aragatnaşyk Edarasyny döretdiler. Prezidentiň kömekçileri ähli möhüm kanun çykaryjylyk işlerinden elmydama habarly bolmaga çalyşýarlar we administrasiýanyň syýasatyny senatorlaryň we palatanyň iki partiýasynyň hem wekilleriniň gollap çykyş etmegini gazanmaga jan edýärler.

### Sud wekilçilikleri

Konstitusiýanyň prezidente berýän wekilçilikleriniň arasynda döwletiň wajyp wezipelerine işgärleri bellemek hukugy bardyr. Prezidentiň federal sudýalyklaryna, şol sanda ýokary suda hödürleýän kandidatlary Senat tarapyndan tassyklanmalydyr. Prezidentiň başga bir hukugy bolsa, federal kanunyny bozan her bir adamyň günäsini doly ýa-da şertleýin (impiçment, ýagny döwletiň ýokary wezipeli adamlaryny parlament sudyna çekmeklik oňa girmeýär) çekmekligi kepillendirmekdir. Günä geçmeklik hukugyna tussaglykda bolmagyň möhletini gysgaltmak we jerimeleriň möçberini azaltmak girýär.

### Daşary işlerdäki wekilçilikleri

Konstitusiýa boýunça prezident federal ýolbaşçy hökmünde Birleşen Ştatlarynyň daşary ýurtlar bilen aragatnaşyklaryna ilkinji derejede jogapkärdir. Prezident Senatyň tassyklamagy bilen ilçileri we döwlet ýolbaşçylaryny kabul edýär. Prezident döwlet



ABŞ-nyň prezidenti Ronald Reýgan ýurduň Ýokary sudunyň agzalygyna kabul edilen Sandra Deý O’Konnor bilen duşuşýar. Bu zenan şeýle jogapkärli wezipä çekilen ilkinji aýaldyr. 1981-nji ýyl.



Prezident Jimmi Karter ertirlik nahary mahaly daşary syýasaty meseleleri boýunça öz maslahatçylary bilen her hepdede bolýan ýygnagyny geçirýär.

sekretary bilen bilelikde daşary ýurtlar bilen alnyp barylýan ähli resmi gatnaşyklara ýolbaşçylyk edýär. Käwagt döwlet ýolbaşçylarynyň ýüzbe-ýüz maslahat alyşýan ýokary derejeli konferensiýalaryna prezidentiň hut özi gatnaşyp bilýär. Mysal üçin, prezident Wudrou Wilson Birinji Jahan urşunyň ahyrynda Parižde geçen konferensiýa amerikan wekilçiligine ýolbaşçylyk etdi, prezident Franklin D. Ruzwelt Ikinji Jahan urşy döwründe soýuzdaş döwletleriň ýolbaşçylary bilen duşuşdy. Şondan bäri her prezident ykdysady we syýasy meseleleri ara alyp maslahatlaşmak, şeýle-de iki taraplaýyn we köp taraplaýyn ylalaşyklary gazanmak üçin dünýä ýurtlaryň döwlet ýolbaşçylary bilen duşuşyk geçirýärler.

Prezident daşary ýurtlardaky amerikanlary we Birleşen Ştatlarynda ýaşaýan daşary ýurtlulary Döwlet departamentiniň üsti bilen goramaga jogapkärdir. Prezident täze hökümetleri, döwletleri ykrar etmegiň maksada laýykdygyny ýa-da däldigini çözýär we Senatyň üçden ikisi tarapyndan tassyk edende Birleşen Ştatlarynyň borçlandyrýan şertnamalary aýry ýurtlar bilen baglaşýar. Şeýle-de prezident Senatyň tassyklamagyna mätäç däl ýerine ýetiriji ylalaşyklary daşary döwletler bilen ara alyp maslahatlaşyp bilýär.

## PREZIDENTIŇ HUKUKLARYNA ÇÄKLENDIRILMELER

Prezidentiň wezipeleriniň we jogapkärçilikleriniň örän köp bolmagy, milli we halkara sahnalarda görnükli adam hökmünde özüni görkezenligi sebäpli, syýasy synçylar prezidentiň hukuklaryna has uly üns bermäge ýykgyn edýärler. Franklin D. Ruzweltiň prezidentlik eden döwründe prezidentiň wezipesiniň çenden aşa giňeldilendigine salgylanyp, käbir adamlar «imperial prezidentlik» barada gürrüň gozgaýarlar.

Her bir täze prezidentiň ilki bilen ýüzbe-ýüz bolýan aýdyň hakykaty, olam öňkilerden galan dolandyrmasy kyn we ugruny üýtgetmesi haýal bolan býurokratik gurluşdyr. 3 milliona golaý hökümet gullugyndaky işgärlerden prezidentiň diňe 3 müň adamyny işe bellemäge hukugy bar.

Prezident özünden öňki hökümet edaralarynda-da bar bolan we geljekde-de dowam etjek has özbaşdak hereket edýän býurokratik gurluşa duş gelýär.

Täze prezidentlere işden giden öňki ýolbaşçylaryň ýerine ýetirmedik kararlarynyň uly mukdary bada-bat gabat gelýär. Olar özleriniň wezipä gelmezinden kän öň býüjet tarapyndan tassyklanan we kanuna girizilen, hökümetiň esasy serişdelerini harçlamak (mysal üçin weteranlara ýeňňillikleri hem pensiýalary, durmuşy üpjünçilik tölegleri we garrylara medisina kömegi) ugrunda hereket edýän maksatnamalary miras alýarlar. Olar kanunyň garamagyndadyr we üýtgetmek mümkin däldir. Daşary işlerinde prezidentler özlerinden öňküleriň baglaşan şertnamalaryň we resmi däl ylalaşyklaryň şertleri bilen razylaşmaly bolýarlar.

Saýlawdan soňky şatlykly «wagtyhoşlyk» çalt geçip gidýär. Täze prezident Kongress bilen hyzmatdaşlygyň pesdigini we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýerine ýetiriji häkimiýete tankydy garaýandygyny görýär. Prezident köp halatlarda biri-birine gapma-garşy ykdysady, geografik, etnik we ideologik toparlar bilen bolmanda wagtlaýyn ylalaşykda bolmalydyr. «Kongresde kanunyň taslamasyny ýatyrmak gaty aňsat, kanuny tassyklamak bolsa has kyndyr» diýip prezident Jon F. Kennedi zeýrenipdi.

Bu kynçylyklara garamazdan prezidentleriň köpüsi ikinji möhlete saýlanmak pursadyndan el çekmeýärler. Her prezident kanun çykarmakda azajyk hem bolsa öz maksadyna ýetýän we halkyň esasy bähbitlerine ters gelýän kanunlary ýatyryp bilýär. Prezidentiň uruş we parahatçylyk meselelerinde, şol sanda bu meselelerde şertnamalary baglaşmakda hökümi güýçlüdir. Ondan başgada prezident öz maksat-hyýallaryny ýaýratmakda we syýasatyny goramakda öz wezipesinden peýdalanyp bilýär. Bu ýagdaý öz gezeginde syýasy garşydaşlarynyňka garaňda, köpçülügiň aňyna täsir etmäge oňa has gowy mümkinçilik berýär. Haçanda prezident bir meseläni gozganda, ol şol wagt köpçüliginiň jedel edýän zadyna öwrülýär. Prezidentiň hökümi we täsiri çäklendirilip biliner, ýöne beýleki wezipeli we wezipesiz amerikanlylaryňka garanyňda onuň hökümi hem täsiri has uludyr.

## ÝERINE ÝETIRIJI MINISTRLIKLER

Federal kanunlarynyň gündelik ýerine ýetirilişine garamak we olary ugrukdyrmak, milli we halkara işlerinde ýörite ugurlary alyp barmak üçin Kongresiň döreden ýerine ýetiriji dürli ministrlikleri elindedir. 14 sany ministrlikleriň ýölbaşçylary, prezident tarapyndan saýlanylýar we Senatda tassyk edilýär. Bular maslahatçylaryň geňeşi bolup, «Prezidentiň Ministrler Kabineti» ady bilen bellidir. Ministrliklerden başgada prezidentiň ýerine ýetiriji edarasyna girýän birnäçe dolandyryjy apparatlaryň guramalary bardyr. Bulara Ak tamyň Işgärleri, Milli Howpsuzlyk Geňeşi, Býüjet we Dolandyryş edarasy, Ykdysady Maslahatçylaryň Geňeşi, Birleşen Ştatlarynyň Söwda Wekilleriniň Edarasy hem-de Ylym we Tehnologiýa býurosy girýär.

Konstitusiýada prezidentiň Ministrler Kabinetini göz öňünde tutýan düzgün ýokdur. Onda her bir ýerine ýetiriji departamentiň başlygyndan jogapkärçilik çekýän ugry barada prezidentiň hat üsti bilen her bir ministrligiň esasy wezipeli

işgärleriniň öz başarýan ugurlaryndan düşündiriş sorap bilýändigi hakda aýdylýar. Ýöne onda departamentleriň ady ýa-da borçlary görkezilmeýär. Şeýle-de Kabinetde işlemek üçin ýörite hukuk berýän konstitusion häsiýetlendirme ýokdur.

Şeýle kabinet zerurlyk hökmünde Konstitusiýadan daşarda döräpdi. Hatda ýurduň ilkinji prezidenti Jorj Waşingtona Kabinetiň degerli maslahatyna we kömegine daýanman, öz borçlaryny ýerine ýetirmek düýbünden mümkin däldi. Kabinetler her prezident nähili döretse şonuň ýaly hem bolýar. Birnäçe prezidentler olaryň maslahatyna köp daýanýardylar, birnäçeleri azrak we birazlary bolsa düýbünden üns bermeýärler. Kabinetiň agzalary maslahatçy hökmünde garalsalar hem, garalmasalar hem, olar özlerine degişli ugurlar boýunça hökümetiň işini ugrukdyrmaga jogapkärli bolup gelýärdiler.

Her ministrlikleriň müňlerçe işgärleri bolup, yurduň ähli künjeginde, şol sanda Waşingtonda-da edaralary bardyr. Departamentler hersiniň anyk wezipeleri bolan bölümlere, býurolara, edaralara we gulluklara bölünýär.

## Oba hojalyk ministrligi (OHM)

Oba hojalyk ministrligi öndürijiler we alyjylar üçin bahalaryň adalatlylygy we bazarlaryň durnuklylygyny kepillendirmek maksady bilen oba hojalyk önümlerine gözegçilik edýär, hojalyklaryň (fermalaryň) girdejilerini gowulandyrmak we goramak ugrunda işleýär, oba hojalyk önümleri üçin daşary bazarlaryny giňeltmäge we ösdürmäge kömek edýär. Ministrlik mätäçler üçin iýmit barada talaplary çykaryp, garyplaryň, açlygyň we iýmit ýetmezçiligiň öňüni almaga ýykgyn edýär; iýmit baradaky okuw maksatnamalaryna howandarlyk edýär we iýmit kömegini (ilkinji nobatda çagalara, göwreli aýallara we garrylara) bermek baradaky maksatnamalary ugrukdyrýar. Ol ýer eýelerine, ýeri, suwy, tokaýlyklary we beýleki tebigy baýlyklary goramaga kömek berip, önümiň möçberini saklaýar.

Birleşen Statlarynyň oba hojalyk ministrligi obalary özgertmek, we oba hojalyk önümlerini öndürýänlere we tebigaty goramak maksady bilen karz pul berýär, Milli ösüş syýasatlaryny durmuşa geçirmegi planlaşdyrýan maksatnamalary ugrukdyrýar we oba hojalygynyň ähli pudaklaryna ylmy we tehnologik barlaglary geçirýär. Ministrlik barlaglaryň we ýer baradaky gulluklaryň üsti bilen satuwa çykarylýan iýmitleriň hiliniň standartyny kepillendirýär. Oba hojalyk ministrligiň oba hojalygy baradaky ylmy barlag gullugy ýurt möçberinde çözülmesi birinji derejede wajyp bolan oba hojalykda ýüze çykýan meseleleriň çöžgüdini tapmak bilen bolýar we Milli öba hojalyk kitaphanasynyň ylmybarlag işlerini alyp barýanlardan başlap ýönekeý okyjylara çenli maglumatlary ýetirip durmagyna gözegçilik edýär.

Birleşen Statlarynyň oba hojalyk gullugy daşary ýurtlarda Amerikanyň oba hojalyk önümlerini daşary bazarlara ýetirmäge ýardam edýän gurama bolup hyzmat edýär. Bu gulluk Birleşen Statlarynyň fermerleriniň we işewir adamlarynyň peýdasyna aýry ýurtlaryň oba hojalygyna syn bermek üçin daşary ýurtlarda bu ugurda işleýän hünärmenleri

*Dowamy 50-nji sahypada*

# MINISTRLER KABINETI

*Ähli ministrlikleriň ýolbaşçylary ministrlerdir. Diňe ýustisiýa ministrliginde Baş attorneý ýolbaşçylyk edýär.*

*Hojalyk ministrligi: 1862-nji ýylda döredildi.*

*Söwda ministrligi: 1903-nji ýylda döredildi. 1913-nji ýylda Söwda we Zähmet ministrligi iki sany aýry ministrliklere bölündi.*

*Goranmak ministrligi: 1947-nji ýylda has giňeltme ýoly bilen döredildi. Goranmak ministrligi Harby departamentiniň (1789-njy ýylda döredilen), Harby – deňiz güýçleri ministrliginiň (1798-nji ýylda döredilen) we Harby – howa güýçleri ministrliginiň (1947-nji ýylda döredilen) birleşmesi esasynda döredi. Goranmak ministri Kabinetiniň agzasy bolsa hem Pyýada goşunyň, HDG we HHG ministrleri Kabinete girmeýär.*

*Bilim ministrligi: 1979-nji ýylda döredildi. Ol öň Saglygy goraýyş, bilim we durmuşy üpjünçilik ministrligine girýärdi.*

*Energetika ministrligi: 1977-nji ýylda döredildi.*

*Saglygy goraýyş we durmuşy gullugy ministrligi: 1979-njy ýylda döredildi; Saglygy saklaýyş, bilim we durmuşy üpjünçiligi ministrligi: 1953-nji ýylda, soň 3 sany özbaşdak ministrliklere bölünende döredildi.*

*Ýaşaýyş jaý gurluşyk we şäheri özgertmek ministrligi: 1965-nji ýylda döredildi.*

*Içeri işler ministrligi: 1949-njy ýylda döredildi.*

*Ýustisiýa ministrligi: 1870-nji ýylda döredildi, 1789-1870-nji ýyllary aralygynda baş attorneý Ministrler Kabinetiniň agzasy bolsa-da, departamente ýolbaşçylyk etmeýärdi.*

*Zähmet ministrligi: 1913-nji ýylda döredildi.*

*Döwlet departamenti: 1789-njy ýylda döredildi.*

*Ýol ulaglary ministrligi: 1966-njy ýylda döredildi.*

*Maliýe ministrligi: 1789-nji ýylda döredildi.*

*Weteranlaryň işleri baradaky departament: 1989-njy ýylda, haçan-da weteranlar edarasy kabineti derejesine galdyrlanda döredildi.*

*47-nji sahypaň dowamy*



Aýdaho ştatynyň Dýubua şäheriniň ýakynynda ýerleşýän ABŞ-nyň oba hojalyk departamentiniň ownuk mallar barlag stansiýasynda goýunlaryň sanyny we olaryň agramyny anyklamak maksady bilen mallary ýataglara ýerleşdirýärler.

işe çekýär. Birleşen Statalaryň tokaý hojalygy gullugy bu ministrligiň bir bölümi hökmünde örän uly milli tokaýlara we tarp ýerlere gözegçilik edýär.

## Söwda ministrligi (SM)

Söwda minisrtligi ýurduň halkara söwdasynyň, ykdysadyýetiniň ösüşine we tehnologiýa taýdan öňe gitmäge ýardam edýär. Bu ministrlik dünýä bazarlarynda Amerikanyň bäsdeşligini berkitmek maksady bilen gerekli maglumatlary berýär; täze iş orunlaryny döretmek we az sanly halklara degişli kärhanalaryň ösmegine ýardam edýän maksatnamalary durmuşa geçirýär we döwlet guramalarynyň hem hususy telekeçilik guramalarynyň önümçilik meýilnamalaryny düzüjilerine statistik, ykdysady we demografik maglumatlaryny berýär.

Söwda ministrliginiň düzümine köp sanly dürli-dürli edaralar girýär. Mysal üçin Standartlar we Tehnologiýa baradaky Milli institut senagat bilen işläp tehnologiýalary, ölçegleri we standartlary ulanmak hem ösdürmek bilen ykdysady ösüşe ýardam edýär. Milli howa gullugyny öz düzüminde jemleýän Okean we atmosfera baradaky edara daştöweregi öwrenmekdäki düşünjäni



Kolorado ştatynyň Boulder şäherinde Standartlar we tehnologiýa milli institutynyň Söwda bölüminde atom sagadyny döredenleriň biri Deýwz Gleýz sagadyň mehanizminiň işleýşine gözegçilik edýär. Sagat atom tolkunlarynyň anyk hasaby boýunça wagty görkezýär.

giňeltmek we deňizde hem deňiz ýakalaryndaky tebigy baýlyklary saklamak bilen meşgul bolýar. Patentler we haryt belgiler dolandyryş edarasy ylmyň öňe gidişliginiň, hünärleriň we senagat estetikasynyň durmuşda ulanylşynyň ösüşine ýardam etmek bilen awtorlara we oýlap tapyjylara döretmäge we bu ugurda açyşlar etmäge aýratyn hukuk berýär. Telekommunikasiýa baradaky milli administrasiýa prezidente telefon, telegraf aragatnaşyklar syýasatyndaky meseleler boýunça maslahatlar berip, täzelikleri girizmek, bäsdeşligi ösdürmek we ilaty pes nyrh bilen ýokary hilli aragatnaşyk bilen üpjün etmek üçin amatly şertleri döredýär.

### Goranmak ministrligi (GM)

Dünýäde iň uly edarasy bolup, ştabkwartirasy Pentagonda ýerleşen GM milli harby howpsuzlyga degişli ähli meselelere jogap berýär. Ol Birleşen Ştatlarynyň ýaragly güýçlerini gullukda duran 1 million erkeklerden we aýallardan ybarat bolan harby güýçler bilen üpjün edýär. Adatdan daşary ýagdaý ýüze çykanda, olar «Milli gwardiýa» ady bilen belli bolan 1,5 mln agzaly ştatlardaky ätiýäçlyk güýçleri bilen berkidilýär. Ondan başga-da goranmak ministrlikde 730 000 raýatlar işleýärler. Olar ylmybarlag işleri, gözleg gurluşynda aragatnaşygy sazlamak, kartalary düzmek ýaly ugurlary we halkara howpsuzlygy bilen baglanyşykly meseleleri alyp barýarlar. Birleşen Ştatlarynyň hökümetiniň geçirýän çärelerine goldaw bermek üçin ýokary hilli gözleg-aňtaýyş işlerini sazlaşdyrýan, gönükdirýän we amala aşyrýan Milli howpsuzlyk agentligi hem



Nýu-Ýork ştatynyň West-Pointi şäherinde Goranmak ministri Wilýam J. Perri Harby akademiýanyň uçurymlarynyň birine diplom gowşurýar. 1996-njy ýyl.

öz işini goranmak sekretarynyň gönüden-göni garamagynda alyp barýar.

Bu ministrlik gury ýer goşunynda, harby-deňiz güýçlerinde, harby-howa güýçlerinde we pyýada-deňiz güýçlerinde aýratyn döredilen harby bölümleriň işini gönükdirýän, şeýle-de ol 4 sany harby mekdebiň, Milli harby kollejiň

ştab ýolbaşçylarynyň birleşen komitetiniň we birnäçe ýöriteleşdirilen söweşjeň komandovaniýeleriň işlerine ýolbaşçylyk edýär. Ministrlik ýurduň şertnamalaryndan gelip çykýan borçlaryny ýerine ýetirmek, uzakdaky degişli ýerleri hem söwda işlerini goramak, şeýle-de söweşjeň aviasiýa we hemaýat beriji güýçler bilen üpjün etmek maksady bilen daşary ýurtlarda öz güýçlerini saklaýar. Departamentiň harby däl borçlaryna siliň garşysyna göreşmek, okean baýlyklaryny ösdürmek we nebit känlerini saklamak işleri girýär.



Nýu-Ýorkyň mugt okalýan döwlet mekdepleriniň birinde çagalar sapak wagty.

**Bilim ministrligi (BM)**

Birleşen Statlarynyň bilim ulgamynda okuw jaýlaryna seretmek işleri esasan ýerli häkimiýetleriň paýyna düşýän hem bolsa, Bilim ministrligi amerikan bilimine degişli aýratyn wajyp meseleleriň çözgüdine ýurt möçberinde ýolbaşçylyk edýär we karar kabul edýän ýerli guramalara okuw jaýlaryny oňatlaşdyrmakda kömek edýän özboluşly maglumat merkezi bolup hyzmat edýär. Bu ministrlik bilime ýardam berýän maksatnamalary durmuşa geçirmek syýasatyny düzýär, tassyklaýar we alyp barýar. Bulara okuwçylara maddy kömek bermek baradaky maksatnamalar we professional-tehniki bilim bermek baradaky maksatnamalar hem girýär.

XX-nji asyryň 90-njy ýyllarynda bilim ministrligi şu aşakdaky meselelere: ähli okuwçylar üçin bilim standartlaryny ýokary galdyrmaga; okatmagyň hilini ýokarlandyrmaga; ene-atalary we maşgala agzalaryny okuw we terbiýeçilik işlerine çekmäge; iş bilen okuwyň arabaglanyşygyny berkitmäge; okuwçylara öz bilimlerini kollejlerde dowam etdirmäge mümkinçilik döretmek üçin maliýe kömegini elýeterli etmäge hem olary bu ugurda taýarlamaga we ähli okuwçylara tehniki bilim almaga ýardam berilmegine esasy üns berdi.

**Energetika ministrligi (EM)**

XX-nji asyryň 70-nji ýyllarynda ýüze çykan energetiki kynçylyklar Kongrese energetika ministrligi döretmäge iterdi. Bu ministrlik energetika ugrunda oňden bäri işläp gelýän birnäçe döwlet edaralarynyň wezipesini öz üstüne aldy. Energetika departamentiniň düzümine girýän dolandyryjy apparatyň edarasy ylmy-barlag işlerine; energetika babatda tehnologiýalary işläp taýarlamagyna we görkezilmegine; energiýany tygşytlamagyna we ýerlikli peýdalanmagyna; ýadro energiýasyny raýatlar we harby güýçler

üçin ulanylyşyna, energiýanyň öndürilişini we peýdalanylyşyny sazlaşdyrylmagyna, energiýa göterijiler üçin we nebitiň paýlanylyşyna, nyrhlaryň emele gelmesine we energetika barada merkezleşdirilen maglumatlary ýygnamak we olara syn bermek baradaky maksatnamalaryň ýerine ýetirilmegine jogap berýär.

Energetika ministrligi energetiki önümleriň zyýanly täsirini mümkingadar pese düşürmek üçin ýörite standartlary goýmak arkaly ýurdyň daş-töweregini goramak ýaly işleri hem alyp barýar. Mysal üçin, energetika ministrligi daş-töweregi we ilatyň saglygyny goramak ugrunda ylmy-barlag işlerini geçirýär. Oňa energiýanyň ol ýa-da beýleki görnüşleri bilen bagly bolan zyýanly maddalary we olaryň biologiki täsirini öwrenmek hem girýär.

### Saglygy goraýyş we durmuş gullugy ministrligi (SGDGM)

300 sany maksatnamalara gözegçilik edýän saglygy goraýyş we durmuş gullugy ministrligi beýleki federal guramalara garanyňda amerikanlaryň has köpüsiniň durmuşy bilen gönüden-göni galtaşýandyr. Bu ministrligiň iň uly bölümi bolan Saglygy goraýyşy maliýeleşdirýän administrasiýa her bäşinji amerikanlyň alýan medicina kömegi üçin pul göýberýän «Medikeýr» we «Medikeýd» maksatnamalaryň durmuşa geçmegine ýardam berýär. «Medikeýr» garry we kesellän 30 mln amerikanlylara medisina ätiýaçlandyrmasyny töleýär. Federal hökümetiniň we ştatlaryň hökümetleriniň bilelikdäki «Medikeýd» maksatnama 31 mln (15 mln çaga hem şoňa girýär) pes aýlykly amerikanlylara berilýän medisina hyzmatynyň bahasyny öz üstüne alýar.

Düwnük, Alsgeýmer keseli, diabet, artrit, ýürek damar we SPID keselini öwrenýän ylmy-barlag işleriniň taslamalarynyň 30 müň sanysyna goldaw berýän, dünýäde iň uly medisina ylmy-barlag guramasy bolan Milli saglygy saklaýyş institutynyň işini hem SGDGM üpjün edýär. SGDGM-nyň beýleki edaralary ilatyň iýmit üpjünçiliginiň we ulanýan dermanlarynyň howpsuzlygyna hem netijeliligine jogap berýärler; ýo-



Gartaşanlaryň saglygyny goramakda ökde hünärmen Tereza Fem Kaliforniýa ştatynyň Los-Anjeles sagaldyş merkezinde müşderileriň biri bilen maslahat edýär.

kanç keselleriň ýaýramagyna garşy iş alyp barýarlar we amerikan indeýlerine hem-de Alýaskanyň ýerli ilatyna medisina hyzmatlaryny berýärler; narkotiki we toksiki jisimleri ulanyp, önüň girdabyna düşenleri bejermegiň şeýle-de ruhy kesellilere berilýän medisina hyzmatynyň hiliniň we netijesiniň ýokarlanmagyna ýardam edýärler.

## Ýaşaýyş jaý gurluşygy we şäheri özgerdiş ministrligi (ÝJGŞÖM)

Ýaşaýyş jaý gurluşygy we şäheri özgerdiş ministrligi (ÝJGŞÖM) şäher etraplaryny özgertmäge we garyp-gasarlary arzan nyrhly jaýlar bilen üpjün etmäge ýardam berýän maksatnamalary ugrukdyrýar. ÝJGŞÖM-nyň alyp barýan jaýlary adalatly paýlamak baradaky kanunçylygy käbir adamlaryň we maşgalalaryň jaý edinmek meselesinde hukuklarynyň kemsidilmegine garşy gönükdirlendir. ÝJGŞÖM maşgalalara jaý satyn almaga kömek edýän, girew goýmak arkaly berilýän ätiýäçlendirme baradaky maksatnamalary we adaty ýaşaýyş şertlerinde kömeksiz ýaşap bilmejek az girdeýjili maşgalalara jaý tölegleri üçin pul göýbermek baradaky maksatnamany ýerine ýetirýär. Mundan başga-da bu ministrlik ýaşaýyş massiwlerini gaýtadan dikeldiş we bejeriş işlerine, şäher merkezlerini weýrançylykdan saklamaga we täze etraplaryň ösmegine ýardam edýän maksatnamalary alyp barýar. Bular bilen deň hatarda ÝJGŞÖM jaý satylýan bazarlarda jaý alyjylaryň hukuklaryny goraýar we jaý gurluşygy pudagynyň ösüşini höweslendirýän maksatnamalaryň döremegine kömek berýär.

## Içeri işler ministrligi (IIM)

Içeri işler ministrligi, ýurduň tebigy baýlyklaryna we olaryň ýerlikli peýdalanylyşyna gözegçilik edýän esasy gurama bolup, ol federal hökümetiniň eýeçiligindäki döwlete degişli ýerleriň we Birleşen Ştatlarynyň tebigy baýlyklarynyň esasy bölegine jogap berýär. Birleşen Ştatlarynyň Awçylyk we balykçylyk hojalyklarynyň Gullugy 500-den gowrak ýabany haýwanlary ösdürilip ýetişdirilýän ýerleriň, güýçli batgalyga öwrülen 37 etrabyň, 65 sany milli balykçylyk hojalykçylaryň işlerini dolandyrýar, şeýle-de tarp ýerler baradaky kanuny gyşarnyksyz ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän birnäçe agentlikleriň işine ýolbaşçylyk edýär. Milli seýilgähler gullugy Amerikanyň tebigy we medeni mirasy bolup durýan 370-den gowrak milli seýilgähleriň we ýadygärlikleriň, iki gyrasyna bag ekilen awtomobil we suw ýollarynyň, deňiz kenarlaryň, dynç alyş zolaklarynyň we taryhy ýadygärlikleriniň ýagdaýyna gözegçilik edýär.

Bu ministrlik özüniň ýerleri dolandyrmak baradaky Byurosynyň üsti bilen ýurdyň esasan günbatarynda ýerleşen millionlarça gektar ýerlere we onyň baýlyklaryna hem gözegçilik edýär. Ol meýdan ösümlikleriň aýratyn ýaýran ýerinden başlap, gurluşyk üçin agaç materiallarynyň taýýarlanýan we nebit çykarylýan ýerleri öz içine alýar. Suw hojalyk býurosy bolsa Birleşen Ştatlarynyň günbatar böleginde ýerleşen ýarym gurak ýerlerdäki az suwly suw ýataklaryna seredýär. Içeri işler ministrligi Birleşen Ştatlarynyň mineral önümleriniň gazyp-agtaryş işlerini düzgünleşdirýär, mineral resurslarynyň möçbe-

rini kesgitleýär we indeý taýpalaryna we Alýaskanyň ýerli ilatyna ynanylan baýlyklaryň ýerlikli peýdalanylmagy we goralmagy üçin esasy jogapkärçiligi çekýär. Halkara işinde bolsa, ol Birleşen Ştatlarynyň Virginiýa adalarynyň, Guama, amerikan Samoa we demirgazyk Marian adalarynyň çäklerinde federal syýasatynyň amala aşmagyna gözegçilik edýär, Marşal adalaryny, federal ştatlary bolan Mikroneziýany we Palauny ösdürmek üçin göýberilýän maliýe serişdelerine gözegçilik edýär.



Neşe jisimleri boýunça kanunlara gözegçilik edýän dolandyryjy edaranyň işgärleri bu edaranyň San-Fransiskodaky (Kaliforniýa ştaty) bölüminiň ýörite agenti bilen duşuşýarlar.

## Ýustisiýa ministrligi (ÝM)

Ýustisiýa ministrligi ABŞ-nyň hökümetini hukuk meselelerinde we sud işlerinde jogapkärçilik alyp barýar we prezidentiň hem ýerine ýetiriji ministrlikleriň ýolbaşçylarynyň haýyşy boýunça olara hukuk meselelerinde maslahatlar we öz garaýyşlary barada maglumatlar berýär. Ýustisiýa ministrliginiň Birleşen Ştatlarynyň baş attorneýi (baş prokurory), ýagny kanuny gyşarnyksyž durmuşa geçirýän federal hökümetiniň baş işgäri tarapyndan ýolbaşcylyk edilýär. Ministrligiň düzümine girýän Federal derňew býurosy kanuny goraýan esasy gurama bolup, federal jenaýat kanunynyň garşysyna edilýän jenaýatlar bilen iş salyşýar, ministrligiň Immigrasion we naturalizasiýa gullugy bolsa immigrasiýa baradaky kanunyň ýerine ýetirilişini üpjün edýär. Ýustisiýa ministrliginiň düzümine girýän guramalaryň iň esasy bolan narkotiki jisimler baradaky kanunyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän Edara narkotikler we döwletiň garamagyndaky beýleki neşe jisimler baradaky kanunyň gyşarnyksýz ýerine ýetirilmegine we narkotiki jisimleriň bikanun söwdasyny edýän uly guramalara gözegçilik edýär.

Ýerli polisiýa güýçlerine kömek bermekden başga-da, bu ministrlik ýurduň hemme ýerindäki etrap prokurorlarynyň we sud işlerini ýerine ýetirijileriň işine ýolbaşçylyk edýär, federal tussaghanalaryna we beýleki ýola getiriji edaralara gözegçilik edýär, şeýle-de departament söz bermek bilen möhletden öň azatlyga çykmak we günä geçmek baradaky arzalary öwrenýär, soňra bolsa olar hakda prezidente hasabat berýär. Şeýle-de ýustisiýa ministrligi Interpol we 176 sany ýurtlaryň hukuk goraýjy guramalaryna girýän özara kömegi bermäge borçly bolan jenaýat işleri polisiýanyň halkara guramasy bilen hem aragatnaşykdadyr.

## Zähmet ministrligi (ZM)

Zähmet ministrligi Birleşen Ştatlarynda aýlyk alyp zähmet çekýänleriň maddy üpjünçiligine, iş şertleriniň gowy

bolmagyna ýardam edýär we ýönekeý işgärler bilen ýolbaşçylaryň arasynda dostlukly gatnaşygyň bolmagy üçin amatly şertleri döredýär. Ol zähmeti goramak we saglyk, Iş standartlary we Şahta işlerini goramak baradaky edaralarynyň üsti bilen zähmet hakyndaky federal kanunlaryň düzgünleriniň ýerine ýetirilişini üpjün edýär. Ady agzalan kanunlar zähmetkeşler üçin saglyga howpsuz adaty iş şertlerini, zähmetiň sagatlaýyn tölenilmegini, iş wagtyndan artyk zähmet üçin tölegi, iş eýeleri tarapyndan hukuklarynyň kemsidilmegini, işsiz galanlara we önümçilikde şikes ýetenlere berilýän pul töleglerini göz öňünde tutýan hukuklary kepillendirýär. Şeýle-de zähmet ministrligi işgärleriň pensiýa almak hukugyny goraýar, önümçilik okuwlary baradaky maksatnamalara howandarlyk we adamlara iş tapmaga kömek edýär. Bu ministrligiň zähmet hasabatlary býurosy iş orunlaryna degişli üýtgeşmelere syn edýär we olar barada köpçülige maglumat berýär, şeýle-de bahalarda we ýurduň beýleki ykdysady görkezijilerindäki täzelikler barada habar berýär. Ministrlik gartaşan adamlara, ýaşlara, az sanly milletleriň wekillerine, aýallara we maýyplara iş ýerlerini tapmak üçin aýratyn tagallalar edýär.

### Döwlet departamenti (DD)

Döwlet departament Birleşen Ştatlarynyň daşary syýsatyny işläp düzmekde we amala aşyrmakda ähli jogapkärçiligi öz üstüne alýan prezidente maslahat berýär. Bu departament Amerikanyň daşary ýurtlardaky peýdasyna baha berýär, halkara syýasaty meselelerinde we halkara arenasynda ýurduň geljekki hereketleri barada maslahat berýär, şeýle-de ýurduň tassyk edilen daşary syýasy ýoluny durmuşa geçirmek üçin zerur çäreleri görýär. Bu edara Birleşen Ştatlary bilen daşary ýurtlaryň arasynda gatnaşyklar açýar we aragatnaşyklary saklaýar, täze dörän döwletleri, hökümetleri ykrar etmek meselesinde prezidente maslahat berýär, daşary ýurtlar bilen şertnamalar, ylalaşyklar baglaşmakda gepleşikler geçirýär, Birleşen Milletler Guramasynda we beýleki esasy halkara guramalarynda Birleşen Ştatlarynyň adyndan çykyş edýär. Dowlet departamentiniň ýer togalagynyň dürli ýurtlarynda 250 diplomatik we konsullyk wekilhanalary bar. 1999-njy ýylda bu departamentiň düzümine ABŞ-nyň ýaraglanyşa we ýaragsyzlanyşa gözegçilik edýän edarasy we ABŞ-nyň habarlar edarasy girizildi.

### ÝOL ULAGLARY MINISTRLIGI (ÝUM)

Ýol ulaglary ministrligi (ÝUM) ýurduň ulaglary boýunça ähli syýasatyny özüniň 10 sany işjeň bölümleriniň üsti bilen şu aşakdaky ugurlarda alyp barýar (meýilleşdiriş, konstruktorçylyk işleri we düşelen ýollar gurluşygy; şäher ulaglary bilen köpçülige hyzmat ediş demirýollary; raýat howa ýollary we suw ýollaryň, portlaryň, awtomobil ýollaryň howpsuzlygy; uzaga çekilen nebit we gaz turbalary).

Mysal üçin, Howa ýollarynyň federal Dolandyryş edarasy ýurduň hemme ýerlerindäki howa ýollarynyň buýruk beriji dispetçer ulgamlarynyň, howa hereketlerine gözegçilik merkezleriniň we uçuşlary üpjün edýän gullugyň işlerine ýolbaşçylyk edýär; Duşelen ýollaryň Fe-



Raýat awiýasiýasynyň federal dolandyryjysy howa gatnaşyklar gullugynyň gözegçisi bu gullugyň Waşington ştatynyň Sietl şäherindäki sebit merkezinde radar displeýiniň işleýşine syn edýär.

deral dolandyryş edarasy Ştat ara awtomobil ýollaryny, şäherleriň we obalaryň köçelerini we köprüleri kämilleşdirmek üçin ştatlara maliýe kömegini berýär; uly ýollarda hereket howpsuzlygyň milli uprawleniýesi ýol uçarlaryň we ýol enjamlarynyň howpsuzlygy üçin kadalary, düzgünleri kesgitleýär; söwda flotunyň uprawlenýesi bolsa ABŞ-nyň söwda flotunyň işine ýolbaşçylyk edýär. ABŞ-nyň kenar goragy gullugy deňiz baradaky kanuny we deňiz ýaka zolaglarda gämi gatnawyna rugsat bermegi gyşarnyksyž ýerine ýetirýän ýurduň esasy edarasy bolup, deňizde gözleg-halas ediş işlerini alyp barýar, ABŞ-a narkotiki jisimlerini bikanun getirilmeginiň we ýurtdan çykarylmagynyň garşysyna göreş alyp barýar, şeýle-de nebitiň suwa dökülmeginiň we okeanyň hapalanmagynyň öňüni almak üçin çäreler geçirýär.

**Maliýe ministrligi (MM)**

Maliýe ministrligi ýurduň bütjet we pul zerurlygyny kanagatlandyrmaga jogap berýär. Bu edara dört sany esasy wezipeleri: maliýe, salgyt we büjet syýasatyny işläp düzmekligi; ABŞ-nyň hökümetiniň maliýe edarasynyň borjuny öz üstüne almaklygy; kanuny gyşarnyksyz ulanmakda ýörute hyzmatlary gurnamagy we kagyz we metal (şaýy) pullaryny çykarmaklygy alyp barýar. Maliýe ministrligi hökümetiň maliýe ýagdaýy we milli ykdysadyýet barada Kongrese we prezidente hasabat berýär. Bu ministrlik spirtli içgileriň, temmäki önümleriniň we daşary söwdada hem ştat ara söwdada ok atýan ýaraglaryň satylşyny kadalaşdyrýar; ABŞ-nyň poçta gullugy üçin markalaryň çap edilşine gözegçilik edýär; prezidenti, wise-prezidenti, olaryň maşgala agzalaryny we Bir-



Kolumbiýa federal okrugynyň Waşington şäherinde prezidentiň gorag gullugynyň agentleri Prezident Klintonyň awtoulagyny onuň wezipä geçen wagtyndaky dabarada goraýan pursatlary. 1993-nji ýyl.

leşen Ştatlaryna gelen aýry ýurtlaryň görnükli döwlet we jemgyýetçilik işgärlerini, şol sanda hökümet ýolbaşçylary goraýan Gizlin gullugyň işine ýolbaşçylyk edýär. Birleşen Ştatlarynyň pul birliginiň we gymmat bahaly kagyzlarynyň ýasalmagyna garşy göreş alyp barýar we yürda gelýän harytlaryň akymyny kadalaşdyrýan we olardan salgyt çöpleýän Gümrük gullugynyň işini üpjün edýär.

Maliýe ministrliginiň düzümine pul birliginiň gözegçisiniň Edarasy hem girýär. Bu baş maliýe ministrliginiň işgärleri 2900-e golaý milli banklaryň işini düzgünleşdirýän kanunlaryň ýerine ýetirilmegine hakykatdan gözegçilik edýär. Içerki girdejiler gullugy federal hökümetiniň girdejiler çeşmesiniň uly bölegi bolup hyzmat edýän salgytlary kesgitlemek; olara baha bermek we salgytlary ýygnamak işlerine jogapkärçilik edýär.

**Weteranlaryň işleri baradaky ministrlik (WIBM)**

1930-njy ýylda özbaşdak gurama hökmünde döredilen we 1989-njy ýylda Kabinet derejesine galdyrylan weteranlaryň işleri baradaky ministrlik (WIBM) ABŞ-nyň harby gullugynyň weteranlaryna we olara garaşlylara (eger kanun olara degişli bolsa) ýeňillikler we kömek bermek işlerini alyp barýar. Weteranlaryň saglygyny goramak baradaky dolandyryş edarasy veteranlary keselhanalarda bejermek we olary ýörite seredilýän öýlere ýerleşdirmek ýaly hyzmatlar edýär, şeýle-de 173 sany medisina merkezleriň, 40 sany pensionerler öýüniň, 600 sany klinikalaryň we 133 sany garrylar öýüniň, Wýetnamda, Puerto-Rikodaky we Filippinlerde bolan uruşlaryň weteranlaryna kömek berýän 206 sany merkezleriň üsti bilen ambulatoriýa we diş bejeriş kömeklerini berýär. Bu departament şeýle-de medisinanyň wagtyndan öň garramak, aýallaryň saglyk ýagdaýy, SPID we şikesden galan gorky bilen bagly psihiki üýtgeşmeler ýaly ugurlarda ylmy-barlag işlerini alyp barýar. Weteranlara kömek we ýeňillikler bermek işleri baradaky dolandyryş edarasy veteranlaryň işe ýarawsyzlykda berilýän pul kömegi we pensiýalar baradaky arza-şikaýatlaryna, şeýle-de olara ýörite jaýlary bermekde we beýleki hyzmatlarda inkär etmelere gözegçilik edýär. Mundan başga-da, bu gurama weteranlara umumy bilim bermek baradaky maksatnamalary amala aşyrýar we pensiýadaky ýa-da hakyky gullukdaky weteranlara ýaşaýyş jaýy üçin maddy kömegini berýär. Milli gonamçylyklar düzgüni weteranlary we oňa hukugy bo-

lan maşgala agzalaryny jaýlamak işlerini gurnaýar, olar üçin mazar ýazgylaryny taýynlaýar. Şeýle-de ABŞ-nyň dürli sebitlerinde ýerleşýän 116 sany gonamçylyklarda ýadygärlikleri oturdýar we mazar ýadygärlikleriniň ýüzündäki ýazgylary taýynlaýar.

## GARAŞSYZ GURAMALAR WE MINISTRLIKLER (GGM)

Ministrlikler federal hökümetiň esasy işçi guramalary bolup durýar. Ýöne hökümetiň işini dürs we ykdysadyýetiň işleýşini kadaly alnyp barylmagyny üpjün edýän wajyp meseleleri ýerine ýetirýän başga-da köp sanly guramalar we edaralar bardyr. Ministrlikleriň düzümine girmeýänligi sebäpli olara köplenç garaşsyz guramalar we edaralar diýip at berýärler.

Bu guramalaryň we edaralaryň ugurlary we maksatlary örän giňdir. Olaryň birnäçesine kadalaşdyryjy toparlar diýilip, olar ykdysadyýetiň belli pudaklaryna gözegçilik etmäge ygtyýarlydyr. Beýlekileri bolsa, hökümete ýa-da ilata ýörite hyzmatlary ýardam edýärler. Bu gürrüňi edilýän guramalar we edaralar Kongress tarapyndan döredilip, köplenç adaty hereket edýän kanunlaryň çäginde çözmesi kyn bolan meseleler bilen iş salyşýarlar. Mysal üçin, 1970-nji ýylda tebigaty goramak ugrunda hökümetiň alyp barýan işlerini sazlaşdyrmak üçin Kongress tebigaty goramak boýunça dolandyryş edarasyny döretdi. Garaşsyz guramalaryň we edaralaryň arasynda iň möhümleri şu aşakdakylardan ybarat.

**Merkezi derňew dolandyryş edarasy (MDDE).** Ol belli hökümet guramalarynyň we edaralarynyň işlerini sazlaşdyrýar; milli howpsuzlyga degişli derňew maglumatlaryny ýygnaýar, deňeşdirýär we baha berýär. Şeýle-de MDA prezidentiň apparatyndaky Milli howpsuzlyk geňeşine öz maslahatlaryny hödürleýär.

**Tebigaty goramak baradaky agentligi (TGA).** Birleşen Ştatlarynyň hemme ýerinde suwuň we howanyň hapalanmagyna gözegçilik we hapalanmanyň göwrümini azaltmak, şeýle-de dykyz galyndylary, haşal otlaryň, ösümlik keselleriniň garşysyna ulanylýan dermanlar, radiasiýalar we zäherli maddalar bilen bagly meseleleriň çözgüdi ugrunda ştatlaryň hökümetleri we ýerli hökümetleriň guramalary bilen iş alyp barýar. TGA howanyň we suwuň hiline standartlar goýýar we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär, haşal otlaryň, ösümlik keselleriniň we himiki maddalaryň täsirine baha berýär we awuly galyndylar bilen zäherlenen ýerleri arassalamak baradaky «Superfand» ady bilen belli bolan maksatnamany durmuşa geçirýär.

**Aragatnaşyk boýunça federal komissiýa (AFK).** Bu komissiýa radio, telewideniýe, simli, kabelli we hemra arkaly ştatara we halkara aragatnaşyklary kadalaşdyrmak işlerini alyp barýar. Telegepleşikleri berýän stansiýalara rugsat berýär, radio stansiýalara haýsy tolkunda işlemelidigini görkezýär we kabel aragatnaşygyny ulanmakda göwnejaý tarifleri kepillendirmek üçin sazlaşdyrýan düzgünleriň amala aşyrylyşyny üpjün edýär. AFK jemgyýetçilik aragatnaşyklar liniýasyny, ýagny telefon we telegraf kompaniýalaryň, şeýle-de telearagatnaşyklar gullugyny alyp barýan kompaniýalaryň işlerini sazlaşdyrýar.



Ogaýo ştatynyň Deýtone şäherinde ýerleşýän Great-Maýami derýasynda balykçy çeňňegini suwa oklaýar. Bu derýa Daş-töweregi gorap saklamak boýunça Agentliginiň işläp düzen düzgünlerine gabat gelýän ugurlary boýunça arassalandy.

**Adatdan daşary ýagdaýlarda ýurdy dolandyrmak boýunça federal agentligi (ADÝÝDFA).** Bu agentlik silleriň, tupanlaryň, ýer titremesiniň we beýleki tebigy heläkçilikleriň netijelerini aradan aýyrmak ugrunda federal ştatalarynyň we ýerli agentlikleriň işlerini sazlaşdyrýar. Ol aýry raýatlara we hökümetlere ýaşaýyş jaýlaryny, kärhanalary, jemgyýetçilik binalaryny gaýtadan dikeltmek we täzeçe gurmak üçin maliýe kömegini berýär; ýangyn söndürijileri we adatdan daşary ýagdaýlarda medisina kömegini berýänleri taýynlamak işlerini alyp barýar, şeýle-de Birleşen Ştatlarynda we olaryň çäklerinde adatdan daşary ýagdaýlary meýilnama boýunça alyp barmak üçin maliýe serişdelerini berýär.

**Federal ätiýäçlyk geňeşi (FÄG).** FÄG federal ätiýäçlyk ulgamynyň Birleşen Ştatlarynyň merkezi bankynyň ýolbaşçylyk ediji guramasydyr. Ol dolanşykdaky karzlaryň we pul köplüginiň göwrümine täsir etmek arkaly ýurduň pul baradaky syýasatyny ýöredýär. FÄG hususy bank edaralarynyň işlerini sazlaşdyrýar, maliýe bazarlarynda yzygider töwekgelçiligi saklamakda çäreler görýär, şeyle-de ABŞ-nyň hökümetine, jemgyýetçilik we maliýe edaralaryna zerur bolan maliýe kömegini berýär.



Adatdan daşary ýagdaý dörände hereket edýän Federal agentliginiň dolandyryjy edarasy 1999-njy ýylda bolup geçen «Floýd» tupany netijesinde öýsüz-öwzarsyz galan Roki-Maunt şäheriniň (Demirgazyk Karolina ştaty) ilatyny awto-tirkeg jaýlary bilen üpjün edýär.

**Federal söwda komissiýasy (FSK).** FSK antitrast (uly firmalaryň öz bäsdeşlerinden dürli bikanun ugurlar bilen üstin çykmalaryna garşy) kanunlaryna we alyjylaryň isleglerini goraýan kanunlara, hususy kärhanalaryň işleglerini goraýan kanunlara, hususy kärhanalaryň üstünden edilýän arza-şikaýatlary, Kongresiň talaplaryny we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň maglumatlaryny öwrenmek arkaly gözegçilik edýär. Bu komissiýa ýurduň bazarlarynda ynsapsyzlygyň we aldawçylygyň bolmazlygy ugrunda işleýär.

**Umumy gulluklaryň edarasy (UGE).** Umumy gulluklaryň edarasy (UGE) federal emläkleri bolan binalaryň we enjamlaryň satyn alynmagyna, üpjünçiligine, işine we bejerilişine, şeýle-de artykmaç federal emläkleriniň satylyşyna jogapkärçilik edýär. UGE federal awtomaşynlarynyň parkynyň işini dolandyrýar we uzak aragatnaşyklaryň merkezleriniň, çagalara seredýän edaralaryň üstünden garaýar.

**Milli aeronawtikany we kosmiki giňişligi öwreniş boýunça dolandyryş edarasy (MAKGÖDE).** Milli aeronawtikany we kosmiki giňişligi öwreniş boýunça dolandyryş edarasy MAKGÖDE Birleşen Ştatlarynyň kosmik giňişlikler baradaky maksatnamasyny amala aşyrmak üçin 1958-nji ýylda döredilendir. Ol Amerikanyň ilkinji hemralaryny, aeronawtlaryny orbita çykardy we aýa adam elten «Appolon» kosmiki gämisini 1969-njy ýylda uçurdy. Häzirki wagtda MAKGÖDE ýeriň daşynda uçup ýören hemralarda we planeta ara kosmiki apparatlarda ylmy-barlag işlerini geçirýär, öňdebaryjy aerokosmiki tehnologiýanyň täze konsepsiýalaryny öwrenýär we orbitada ýerleşen «Şattyl» atly adamly kosmiki apparatlar toplumyna ýolbaşçylyk edýär.

**Arhiwler we dokumentler milli edarasy (ADME).** Ähli federal arhiwleriň işine gözegçilik etmek arkaly ýurduň taryhy barada maglumatlary saklaýar. Milli arhiwler fondy golýazmalardan, kinodokumentlerden, audio we video materiallardan, kartalardan, çekilen suratlardan, foto suratlardan we kompjuter maglumatlaryndan ybaratdyr. ABŞ-nyň Konstitusiýasy we hukuklar baradaky



Kolambiýa «speýs-şattylyň» uçuş döwri asrtonawt Fred U. Lesli bu kosmiki uçýan apparatyň içinde erkana hereket edýär. Bu uçuşda astronawt asmanda bolup geçýän hereketleri we suwuklyklary öwrendi.

Bill Kolumbiýa federal okrugynda, Waşingtondaky Milli arhiwler jaýynda saklanýar we görkezilýär.

**Zähmet gatnaşyklary baradaky milli dolandyryjy edara (ZGMDE).** Zähmet gatnaşyklary baradaky milli dolandyryjy edara (ZGMDE), ABŞ-nyň zähmet hukugy hakyndaky esasy kanun, ýagny zähmet gatnaşyklary baradaky milli kanuna gözegçilik edýär. Bu edara zähmet gatnaşyklarynda ynsapsyzlygyň ýüze çykmasynyň öňüni almaga we düzetmäge ygtyýarlydyr, şeýle-de ol işleýänleriň saýlawlar üsti bilen öz isleglerini

kanagatlandyrýan birleşigi döretmäge bolan hukuklaryny kepillendirýär.

**Milli Ylmy Fondy (MYF).** Milli ylmy fondy (MYF) universitetlere, kollejlere, söwda bilen meşgullanýan edaralara we ownuk telekeçilik edýän edaralara pul göýbermek, şeýle-de olar bilen şertnamalar we ylalaşyklar baglaşmak arkaly Birleşen Ştatlarynda esasy ylmy-barlag işleriniň geçirilişini we ylmy-tehniki bilimi almaklygy goldaýar. MYF universitetleriň, senagatyň we hökümetiň arasyndaky hyzmatdaşlygy goldaýar we halkara ylmy-tehniki hyzmatdaşlyga ýardam edýär.

**Kadrlar gullugy baradaky dolandyryjy edara (KGDE).** Kadrlar gullugy baradaky dolandyryjy edara (KGDE) zähmet resurslary bilen iş salyşýan federal hökümetiň guramasydyr. Ol halkyň raýat gullugynyň syýasatdan azat bolmagyny we federal işgärlerini işe bellenende adalatly we önki hyzmatlarynyň göz öňüne tutulmagyny kepillendirýär. Federal agentliklerini kadrlar bilen üpjün etmek gullugyna kömek we bu ugurdaky syýasata ýolbaşçylyk edýär. Mundan başga-da, pensiýa boýunça düzgüni we saglyk üçin ätiýäçlendirmeler baradaky federal maksatnamany dolandyrýar.

**Parahatlyk korpusy (PK).** Parahatlyk korpusy (PK) 1961-nji ýylda döredilip, meýletinleri taýýarlaýar we daşary ýurtlarda iki ýyllyk işe belleýär. Parahatlyk korpusy 80 döwletde iş alyp barýar. Şol döwletlerde oba ýerleriniň oba hojalygyny ösdürmäge, ownuk telekeçiligi we saglygy saklaýyşy galdyrmaga, tebigaty goramaga, tebigy baýlyklary ýerlikli ulanmaga we bilimi ösdürmäge kömek berýär.

**Gymmatly kagyzlar we birža işleri boýunça komissiýa (GKBIK).** Gymmatly kagyzlar we birža işleri boýunça komissiýa (GKBIK), aksiýalary we utuş kagyzlaryny satyn alýan maýa goýujylary goramak üçin döredilendir. Maýa goýyjylaryň hemme zatdan habary bolar ýaly, federal kanunlary özüniň gymmatly kagyzlaryny satyp pul gazanjak bolýan kompaniýalardan özleriniň birža işleri barada bu komissiýa hasabat bermegini talap edýär. Komissiýa gymmatly kagyzlaryň satuwynda garyplygyň öňüni almaga we bu işde günäkär kompaniýa jeza bermäge hukuklydyr. GKBIK fond biržasynyň işini kadalaşdyrmaga hem ygtyýarlydyr.

**Ownuk telekeçilik baradaky dolandyryjy edara (OTDE).** Ownuk telekeçilik baradaky dolandyryjy edara (OTDE), 1953-nji ýylda döredilip, ownuk telekeçilige degişli kärhanalara maslahat we kömek berýär, şeyle-de olaryň islegleri goraýar. Ownuk telekeçiligine pul goldawyny kepillendirýär we suw joşgynynyň ýa-da beýleki tebigy betbagtçylyklarynyň pidalaryna kömek berýär. Ol az sanly halklaryň wekilleriniň firmalaryna ösmäge goldaw berýär we ownuk telekeçilik bilen meşgul bolýan kärhanalara federal hökümeti üçin ýük çekmek ýaly işlerde şertnamalar baglaşmagy üpjün edýär.

**Durmuşy Ätiýaçlandyrma baradaky dolandyryjy edara (DÄDE).** Durmuş ätiýäçlendirme baradaky dolandyryjy edara (DÄDE) pensiýalar, işe ýarawsyzlara we maşgalada ýeke galanlara pul kömegini bermekden ybarat bolan durmuş ätiýäçlendirme baradaky milli maksatnamany amala aşyrmagy dolandyrýar. Ame-



Ownuk telekeçilik boýunça dolandyryjy edara Perri we Monika Lopes ýaly diýseň öndümli işläp, işleri göwnejaý gurnap bilýän adamlara kömek berýär. Bu telekeçiler öz şäherleri bolan Pasadenada (Kaliforniýa ştaty) öndürýän zorly sous bilen Internet boýunça söwda edýärler.

rikan işçileriniň we gullukçylarynyň köpüsi şolar ýaly ýeňillikler almak üçin, öz gazançlaryndan ýörite salgytlar töleýärler. Geljekki ýeňillikler tölenýän salgytlaryň möçberine bagly bolýar.

**Halkara ösüş boýunça Birleşen Ştatlarynyň agentligi (HÖBŞA).** HÖBŞA ösüp barýan, şeýle-de Gündogar Ýewropadaky we öňki SSSR-däki täze garaşsyz döwletlere daşary ykdysady we gumanitar kömegini bermek baradaky maksatnamany alyp barýar. Bu agentlik dört ugurda maksatnamalary alyp barýar: ilat we saglygy goramak, giň göwrümli ykdysady ösüş, tebigaty goramak we demokratiýa.

**Birleşen Ştatlarynyň hat-habarlar gullugy (BŞHHG).** Bu gullugyň işini 1971-nji ýylda ýörüte hökümet karary bilen hat-habarlar departamentiniň ýerine döredilen garaşsyz döwlet korporasiýasy ýerine ýetirýär. Bu aragatnaşyk serişdeleri gullugynyň üsti bilen iberilýän zatlaryň ýygnalyşyna, daşalyşyna we gowşyrylyşyna, şeýle-de ýurduň ähli çäklerinde müňlerçe aragatnaşyk bölümleriniň işine jogapkärçilik edýär. Mundan başga-da, ABŞ-nyň hat-habarlar gullugy Universal hat-habarlar birleşiginiň üsti bilen halkara hat-habarlar hyzmatlaryny we daşary ýurtlar bilen baglanyşylan beýleki şertnamalary üpjün edýär. 1971-nji ýylda döredilen poçta tarifleri baradaky Garaşsyž komissiýa hat-habarlar ibermeleriň dürli görnüşlerine tarifleri belleýär. ❑



ABŞ-nyň hat-habarlar gullugynyň işgärleri hat-habarlary seçip – saýlamakda häzirki zaman enjamlaryndan peýdalanýarlar. Muňa mysal edip Waşington ştatynyň Sietle şäherinde ýerleşýän Hat-habarlar gullugynyň hat-habarlary saýlamak boýunça kärhanalarynyň birini görkezmek bolar.

# BIRLEŞEN ŞTATLARYNYŇ HÖKÜMETI

## KONSTITUSIÝA

### HÖKÜMETIŇ KANUN ÇYKARYJY GURAMASY

**Kongress**

**Senat** **Wekilçilikleriň jaýy**

Kapitolyň arhitektory
Kongresiň büjet ofisi
Umumy sanalyş ofisi
Häkimiýetiň çaphanasy
Kongressiň kitaphanasy
Tehnologiýa ofisi
Stennisiň jemgyýetçilik gullugynyň merkezi

### ÝERINE ÝETIRIJI GURAMA

**Prezident** **Wise-Prezident**
**Prezidentiň ýerine ýetiriji edarasy**

Ykdysadyýet boýunça maslahat beriş geňeşi
Daş-töweregi goramak býurosy
Milli ykdysady geňeşi
Milli howpsuzlyk geňeşi
Dolandyryş we Býujet edarasy
SPIDa garşy milli edarasy
Neşekeşlige garşy milli edarasy
Ylym we tehnologiýany öwreniş edarasy
Prezidentiň ýanyndaky maslahatçylarynyň geňeşi
ABŞ-nyň söwda wekilleriniň edarasy
Ak tam edarasynyň aýal-gyzlar guramasy

### SUDLAR

**Ýokary sud**

ABŞ-nyň apelýasion sudy
Federal okrugy boýunça ABŞ-nyň apelýasion sudy
ABŞ-nyň etrap sudy
ABŞ-nyň federal şikaýat sudy
ABŞ-nyň daşary söwda işleri boýunça sudy
ABŞ-nyň salgyt sudy
ABŞ-nyň ýaragly güýçler baradaky işleri boýunça şikaýat sudy
ABŞ-nyň weteranlaryň işi boýunça sudy
ABŞ-nyň sudlaryň administratiw dolandyrylyşygy
Fedaral sud merkezi

- Oba hojalyk ministrligi
- Söwda ministrligi
- Goranmak ministrligi
- Bilim ministrligi
- Energetika ministrligi
- Saglygy goraýyş we durmuşy gullugy ministrligi
- Ýaşaýyş jaý gurluşyk we şäheri özgertmek ministrligi
- Içeri işler ministrligi
- Ýustisiýa ministrligi
- Zähmet ministrligi
- Döwlet departamenti
- Ýól ulaglary ministrligi
- Maliýe ministrligi
- Weteranlaryň işleri baradaky departament

**Garaşsyz kärhanalar, Hökümet korporasiýalary we ýarym resmi guramalar we edaralar**

Taryhy miraslary saklamak boýunça konsultatiw geňeş
Merkezi derňew edarasy
Raýatlaryň hukuklary boýunça komissiýa
Tiz birža söwdasy boýunça komissiýa
Köpçüligiň peýdalanýan harytlaryň howpsuzlygy boýunça komissiýa
Milli alternatiw gullugynuň korporasiýasy
Daş-töweregi goramak boýunça agentlik
Işe ýerleşdirmekde deňhukuklygy saklamak boýunça komissiýa
ABŞ-nyň eksport-import banky
Fermerçilige karz bermek baradaky administrasiýasy
Aragatnaşyk boýunça federal komissiýa
Depozitler ätiýäçlendirmesiniň federal korporasiýasy
Federal saýlawlar komissiýasy
Adatdan daşary ýagdaýlarda ýurdy dolandyrmak boýunça federal agentligi
Zähmet gatnaşyklary boýunça federal dolandyryjy edara
Deňiz gatnawlary boýunça federal komissiýa
Federal ätiýaçlyk ulgamy
Federal gullukçylara goşmaça pensiýa töleglerini amala aşyrmak üçin goýumlaryň köpeliş düzgünlerini dolandyrýan federal geňeşi
Söwda boýunça federal komissiýa
Umumy gulluklaryň administrasiýasy
Hyzmatlar boýunça düzgüni goramak geňeşi
Aeronawtika we kosmiki giňişligi öwrenmek işleri boýunça milli dolandyryjy edara
Arhiwleriň we dokumentleriň milli dolandyryjy edarasy
Sungat we gumanitar ylymlary boýunça milli fond
Zähmet gatnaşyklary boýunça milli dolandyryjy edara
Yolagçy gatnadýan demir ýollaryň milli korporasiýasy
Ýurtdaky işleriň häzirki ýagdaýyna syn
Milli ylmy fond
Transport howpsuzlygy boýunça milli geňeş
Ýadro gözegçiligi boýunça komissiýa
Zähmeti goramak we tehniki howpsuzlygy boýunça komissiýa
Döwlet edaralarynda gulluk etikasynyň dolandyryşy
Kadrlar gullugynyň dolandyrylyşygy
Aýratyn işler boýunça aklawjynyň edarasy
Daşary ýurtda hususy maýa goýmak boýunça korporasiýa
Parahatlyk korpusy
Pensiýa gulluklaryny kepillendirýän korporasiýa
Hat-habarlar aragatnaşygy tarifleri boýunça korporasiýa
Demirýolçularyň ýaşaýyş üpjünçiligi meseleleri boýunça geňeş
Gymmatly kagyzlar we birža işleri boýunça korporasiýa
Ćäklendirilen harby borçly goşuna çagyrylyş gullugy
Ownuk telekeçilik işleri baradaky dolandyryjy edara
Smitsoniýa instituty
Durmuş ätiýaçlandyryş dolandyryş edarasy
Tennesi käniniň resurslarynyň dolandyryjy edarasy
ABŞ-nyň halkara ösüşi boýunça agentligi
ABŞ-nyň hat-habarlar gullugy
ABŞ-nyň söwda we ösüş boýunça agentligi
Amerikanyň sesi



Kapitoliý (ABŞ-yň Kongresiniň binýady)



# 4
# bap

## HÖKÜMETIŇ KANUN ÇYKARYJY PUDAGY

# KONGRESIŇ HUKUKLARY

*«Hökümet kanun çykarmak hukugyna eýedir».*
*– Aleksandr Gamilton,*
*Federalistiň ýazgylary,*
*1787–1788 ýý.*

Konstitusiýanyň 1-nji maddasy federal hökümetiň ähli kanun çykaryjlyk hukugyny iki palatadan: Senatdan we Wekiller Palatasyndan ybarat bolan Kongrese berýär. Senat, Konstitusiýada bellenilişi ýaly, her bir ştat üçin iki agzadan durýar. Hazirki wagtda bu guramanyň agzalarynyň umumy sany 100-dir. Wekiller Palatasy üçin agzalyk ştatyň ilatynyň sanyna baglylykda amala aşyrylýandygy üçin Konstitusiýada göz öňünde tutulan däldir. Häzirki wagtda onuň sany 435-e deňdir.

Konstitusiýa kabul edilenden 100 ýyl geçenden soň,, şol döwürler içinde senatorlar halkyň gös-göni ses bermegi bilen däl-de, eýsem ştatyň kanun çykaryjy guramalary tarapynadan saýlanylýardy we olaryň her biri öz dogduk ştatlarynyň wekilleri hasaplanylýardy. Senatorlaryň borçlary ähli kanun çykaryjy aktlarda öz ştatlaryna deň hukukly garalmagyny üpjün etmekden durýardy. 1913-nji ýylda kabul edilen 17-nji Düzediş Senata gösgöni saýlawyň bolmagyny üpjün etdi.

Konstitusion Konwentiň wekilleri, eger-de iki aýratyn toparyň – ştat häkimiýetlerine wekilçilik edýan biriniň we halka wekilçilik edýan beýlekisiniň, bilelikde her bir teklip edilýän kanuny goldasalar, Kongressiň ol ýa-da beýleki kanunlary kabul etmekde howlukmaçlyga, ýa-da ätiýaçsyzlyga ýol bermeginde gorkynyň azaljakdygyny görkezýärler. Britan Parlamentinde edilişi ýaly, bir palata beýlekini hemişe barlap bilerdi. On ýedinji Düzedişiň girizilmegi iki palatanyň arasyndaky güýçleriň deňagramlylygyny, hususan, üýtgetmedi.

Konwentde Kongresiň düzümi we hukugy barada dartgynly jedele garamazdan, birnäçe wekiller kanun çykaryjy häkimiýetiň az ähmiýetiniň bardygy barada pikir edýärdiler. Ýurduň içindäki syýasy işjeňligi ştatlaryň hakimiyetlerine we ýerli häkimiýet guramalaryna galdyryp, Kongress, esasan, daşary syýasatyň meseleleri bilen meşgullanar diyip pikir edenler hem boldy. Indi olaryň-da we beýlekileriň-de garaýyşlarynyň ýalňyşdygy açyk-aýdyň boldy. Hakykatdanda, Kongress özüniň örän işjeňdigini subut etdi, giň hukukly we ýurduň abadançylygyna degişli ähli pudaklarda güýçli häkimiýetli gurama boldy. Amerikan taryhynyň dürli döwürlerinde, 480 000 adamly Kongresiň häkimiýetiň ýerine ýetiriji bölümine täsiri kä ýokarlanyp, käte azalan bolsada, bu guramanyň wezipesi hiç mahal prezidentiň kararlaryny diňe «möhürlemäge» syrykdyrylmady.

## KONGRESIŇ AGZASY KIM BOLUP BILER?

Konstitusiýada hiç bir şahsyýetiň otuz ýaşa ýetmese, dokuz ýylyň dowamynda ABŞ-yň raýaty we saýlaw wagtynda saýlanylýan ştatynyň ýaşaýjysy bolmadyk halatynda senator bolyp bilmejekdigi görkezilýar. Wekiller Palatasynyň agzalary ýigrimi bäş ýaşa ýeten, ýedi ýylyň dowamynda ABŞ-yň raýaty we saýlaw wagtynda saýlanylýan ştatynyň ýaşaýjysy bolmalydyrlar.

Senatyň düzümine her ştatdan iki senator girýär. Meselem, 3156 inedördül kilometre golaý ýeri bolan iň kiçi ştat Rod-Aýlendiň meýdany 1 524 640 inedördül kilometre golaý ýeri tutýan ABŞ-yň iň uly ştaty Alýaska bilen deň senatorlyk wekilçiligi hukugy bardyr. 480 000 ilat-



Kongresiň 106-njy çagyrylyşynyň agzalary ABŞ-yň Wekiller Palatasynyň jaýynda kongresmenleriň kasamyny kabul edýärler. Ýanwar 1999 ý.

ly Waýoming ştatynyň 32 270 000 ýaşaýjyly Kaliforniýa ştaty bilen deň derejede wekilçiligi bardyr.

Wekiller Palatasynyň agzalarynyň jemi sany hemişe Kongress tarapyndan kesgitlenilýärdi. Şol san ştatlaryň arasynda ilatynyň sanyna görä bölünýär. Konstitusiýa, ilatyna garamazdan, her bir ştata Wekiller palatasyna azyndan bir agzanyň bolmagyny üpjün edýär. Häzirki wagtda ýedi ştatyň-Alýaska, Delawer, Montana, Demirgazyk Dakota, Günorta Dakota, Wermont we Waýomingiň Palatada ýekeje agzalary bardyr. Beýleki bir tarapdan, alty ştat özleriniň ýigrimiden gowrak agzalary bilen bu palatada wekilçilik edýärler. Diňe Kaliforniýanyň özüniň onda 52 wekili bardyr.

Konstitusiýa her on ýyldan ilat ýazuwynyň geçirilmegini we Wekiller palatasy üçin orunlaryň ilatyň sanynyň üýtgemesine laýyklykda gaýtadan paýlanmagyny göz öňünde tutýar. Konstitusiýanyň başlangyç düzgünnamasynda wekilleriň sany her 30,000 raýat üçin birden artyk bolmaly daldir diýlip ýazylypdyr. Ilkinji Wekiller palatasynda 65 agza bardy, birinji ilat ýazuwyndan soňra ol san 106-a çenli artdyryldy. 1:30 000-e formula yzygiderli ulanylsa, Birleşen Ştatlaryň ilatynyň ösüşi Wekiller palatasynyň agzalarynyň umumy sanyny 7000-e ýetirerdi. Munuň deregine, agzalan formula ýyllar içinde düzedişler girizildi we şu wagtda wekilleriň raýatlarynyň sanyna gatnaşygy takmynan 1:600 000 formulany düzýär. Ştatlaryň

kanun çykaryjy guramalary olary, Kongresiň Wekiller Palatasy üçin saýlaw boýunça, saýlaw okruglaryna bölýär, olar esasan, ilatyň sany boýunça deň bolmalydyrlar. Her iki ýyldan her okrugyň saýlawçylary Kongress üçin wekili saýlaýarlar.

Senatorlar bütin ştat boýunça geçirilýän saýlawlarda jübüt ýyldan bir gezek kesgitlenilýär. Senatorlyk möhleti alty ýyl we her iki ýyldan Senatyň üçden bir bölegi saýlanmaga degişli bolýar. Şonuň üçin-de, senatorlaryň ikiden üç bölegi hemişe kanun çykarmakda kabir milli derejesi bolan adamlardyr.

Şeýle alanyňda, Wekiller Palatasynyň tutuşlygyna kanun çykarmakda öň tejribesi bolmadyk adamlardan düzülmegi mümkindir. Ýöne, iş ýüzünde bu palatanyň agzalarynyň aglabasy birnäçe gezek gaýtadan saýlanýar we Wekiller Palatasy hem edil Senat ýaly, mydama, özündäki tejribeli kanun çykaryjylaryň ol ýa-da beýleki esasy toparynyň bolmagyna daýanýar. Wekiller Palatasynda wekilleriň agzalykda bolmaly möhletiniň iki ýyly düzýändigi sebäpli, ol ýa-da beýleki Kongresiň işiniň dowamlylygy iki ýyla deňdir.

Ýigriminji Düzedişde Kongresiň özüniň başga wagty belleýän ýagdaýlaryndan aýry halatlarda, her ýylyň 3-nji ýanwarynda nobatdaky sessiýasyna çagyrylýandygy görkezilýär. Kongresiň sessiýasy, onuň agzalary onuň işini bes etmeklige ses berýänçä, dowam edýär, ol bolsa, adatça ýylyň ahyrynda bolýar. Prezidentiň zerur hasap eden halatynda, ýörite sessiýany çagyrmaga ygtyýary bardyr. Kongresiň sesiýasy, Waşingtonda ýerleşýän, Kolumbiýa Federal okrugy, Kapitoliýanyň binýadynda geçirilýär.

## WEKILLER PALATASYNYŇ WE SENATYŇ HUKUKLARY

Kongresiň her bir palatasynyň, döwlet girdejilerini artdyrmak baradaky meseleden başga, islendik mesele boýunça islendik kanunyň taslamasyny onuň garamagyna bermäge ygtyýary bardyr, sebäbi ol Wekiller Palatasyndan iberilmelidir. Şol sebäpli uly ştatlaryň kiçi ştatlara garanda, döwlet gaznasyna has köpräk täsir edip biler diýen pikiriň döremegi mümkin. Iş ýüzünde bolsa, her bir palata beýleki palatanyň kabul eden kanunyna garşy ses berip biler. Senat Wekiller Palatasynyň teklip eden ol ýa-da beýleki taslamasyny – hatda islendik taslamasyny-da – goldaman biler, ýa-da onuň mazmunyny üýtgedýän düzedişleri girizip biler. Şeýle ýagdaýda iki palatanyň agzalaryndan düzülen ylalaşdyryjy komitet taslama kanuna öwrülmänkä, onuň iki tarapy hem kanagatlandyrýan ylalaşykly görnüşini işläp düzmelidir.

Mundan başga-da, Senatyň ýörite şol gurama berkidilen, ýagny prezident tarapyndan ol ýa-da beýleki ýokary wezipelere jogapkär adamlaryň bellenilmegini we ol tarapyndan federal hökümetiň ilçileriniň bellenilmegini ykrar etmek, şeýle-de ähli gepleşikleri sesleriň ikiden üç bölegi bilen tassyklamak ýaly, kesgitli ygtyýarlyklary bardyr. Iki ýagdaýda hem, eger-de Senat garşy diýip ses berse, ýerine ýetiriji häkimiýetiň işi amala aşmaýar.

Ýokary raýatlyk wezipeli adamlary jogapkärçilige çekmek işi ulanylan halatynda, Wekiller Palatasynyň, Senat tarapyndan işiň impiçment tertibinde diňlenilmegine getirip biljek, özüňi

nädogry alyp barmak barada günäni ýöňkemäge aýratyn hukugy bardyr. Senatyň işleri impiçment tertibinde seretmekde we wezipeli adamlaryň günäkär ýa-da günäkär däldigini ykrar etmekde aýratyn hukugy bar. Federal hökümetiň ol ýa-da beýleki wezipeli adamlarynyň günäkärdigini tassyk etmek onuň döwlet gullugyndan aýrylmagyna getirýär.

Kongresiň giň hukuklary ABŞ-yň Konstitusiýasynyň 1-nji maddasynda giňişleýin beýan edilendir. Kongresiň şu aşakdakylara ygtyýary bardyr:

- Salgytlary bellemäge we ýygnamaga;
- ABŞ-yň pullaryny karz almaga;
- Aýry-aýry ştatlaryň we daşary döwletleriň arasyndaky söwdany sazlamaga;
- Daşary ýurtlaryň raýatlarynyň ýerli raýat edilmegi üçin ähli ýerde birmeňzeş düzgüni ýola goýmaga;
- Pul çykarmaga, onün hümmetini sazlamaga we gymmat bahaly kagyzlaryň we Birleşen Ştatlaryň dolanyşykda bolan teňňesiniň galp ýasalmagyna jeza çärelerini göz öňünde tutmaga;
- Agram we ölçeg birliklerini bellemäge;
- Bankrot barasynda mesele boýunça birmeňzeş kanunlaryny kabul etmäge;
- Hat-habarlar gulluklaryny we hat-habarlar ýollaryny döretmäge;
- Awtorlara we oýlap tapyjylara olaryň eserleri we açyşlary ücin aýratyn hukuklary bellemäge;
- Federal sudlaryň ulgamyny düzmäge;
- Garakçylygy jezalandyrmaga;
- Uruş yglan etmäge;
- Goşun döretmäge we saklamaga;
- Harby-deňiz güýçlerini döretmäge we saklamaga;
- Federal kanunlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmäge, gozgalaňlary we çozuşyň alamatlaryny basyp ýatyrmak üçin polisiýany çagyrmagyň çärelerini göz öňünde tutmaga;
- ABŞ-nyň hökümeti bilen ähli kanunlary çykarmaga (Waşington, Kolumbiýa federal okrugy)
- ABŞ-nyň Konstitusiýasynyň berjaý edilmegini üpjün etmek üçin ähli zerur kanunlary çykarmaga.

Şu düzgünleriň birnäçesi könelişendir, ýöne olar täsirliliginde galýarlar. 10-njy Düzediş milli hökümete degişli däl hukuklaryň ştatlara ýa-da adamlara berkidilýändigini göz öňünde tutup, kongres hukuklaryna kesgitli çäkleri belleýär. Mundan başga-da, Konstitusiýa, hususan Kongress üçin kesgitli hereketleri gadagan edýär. Onuň şu aşakdakylara hukugy ýokdur:

- *habeas corpus* buýrugynyň hereketini (tussaglykda saklanýan şahsyýeti onuň dogry tussag edilendigini anyklamak üçin suda getirmek barasynda sud buýrugy) ýatyrmaga;
- garşylyklaýyn güýje eýe bolan we şeýlelikde anyk hereketi ol edilenden soň, jenaýata öwürýän islendik kanuny kabul etmäge;
- sudda seretmezden adamlary jenaýatlary, ýa-da bikanun hereketleri üçin günäkärleýän kanunlary çykarmaga;
- raýatlardan, öňki geçirilen ilat ýazuwynyň esasynda däl-de, eýsem göni salgytlary almaga;
- islendik ştatdan çykarylýan harytlara salgyt, ýa-da paç tölegini salmaga;
- söwdada we islendik ştatyň deňiz portlaryna salgyt salmakda, ýa-da olardan peýdalanýan sudlara eglişik etmäge;

- haýsydyr bir dworýan titullaryny kanunlaşdyrmaga.

## KONGRESIŇ JOGAPKÄR ADAMLARY

Konstitusiýada wise prezidentiň Senatyň başlygy bolmalydygy görkezilýär. Ýöne, ol sesleriň deň bölünýän halatlaryndan aýry ýagdaýlarda, ses bermeklige gatnaşmaýar. Senat wise-prezidentiň ýok mahalynda, bu guramanyň ýygnaklaryna baştutanlyk etmek üçin, *pro tempore*[1] başlygyny saýlaýar. Wekiller palatasy şeýle-de öz başlygyny- palatanyň spikerini saýlaýar. Ol, ýa-da *pro tempore* başlygy elmydama palatalaryň her birinde agdyklyk edýän syýasy partiýalaryň agzalary bolup durýarlar.

Her bir täze Kongresiň işiniň başynda, syýasy partiýanyň agzalary, teklip edilýän kanunlaryň akymyna bellenilen suratda hötde gelmek üçin, olaryň adyndan we beýleki resmi adamlaryň adyndan çykyş etjek öz liderlerini we beýleki resmi adamlary saýlaýarlar. Bu resmi adamlar ýolbaşçylyk edýän adamlar we komitet başlyklary bilen birlikde kanunlaryň çykarylmagynda güýçli täsire eýedirler.

## KOMITETLERIŇ WEZIPESI WE IŞ TERTIBI

Kongresiň esasy häsiýetleriniň biride, onuň gündelik işlerinde komitetleriň agalyk ediji wezipäni ýerine ýetirýänligidir. Komitetler özleriniň häzirki ähmiýetine konstitusiýon sebäplere görä däl-de, eýsem kem-kemden ösüşiň dowamynda kesgitlediler, sebäbi Konstitusiýada olaryň döredilmegi barada hiç zat görkezilmeýär.



Senatda 80 sesiň garşysyna 18 sesiň bolmagy bilen, salgytlaryň azaldylmagy barasynda kanun kabul edilenden soň. Missisipi ştatynyň Respublikan partiýasyna wekilçilik edýän, Senatda köplügiň lideri, Trent Lott Florida ştatynda Demokratik Partiýanyň senatory Bob Grem bilen elleşýär. Lott «her bir salgyt töleýjiniň durmuşynyň ähli döwürlerinde salgyt ýüküni ýeňletmekde Senatyň iki partiýaly tagallalaryna» ýokary baha berdi. 1997-nji ýylyň iýuny.

Häzirki wagtda Senatda 17 sany hemişelik (uzak möhletleýin) komitet bar. Wekiller Palatasynda 19 komitet bar. Komitetleriň her biri kanun çykarmagyň kesgitli bölümlerinde: daşary işlerde, gorag işlerinde, bank işinde, söwdada, pul goýbermekde we ş.m.-de ýörtiteleşýär. Palatalaryň her biri tarapyndan girizilýän taslamanyň ählisi diýen ýaly, öwrenmek we soňraky hödürlemäni bermek üçin degişli komitete iberilýär. Komitet kanun taslamasy tarapyndan teklip edilýän islendik çäräni goldap, gözden geçirip, ret edip, ýa-da üns bermän biler. Islendik taslamanyň, degişli komitet tarapyndan bu dokumentiň ilkinji goldawyny almazdan, Wekiller Palatasyna ýa-da Senata barmagy galapyn mümkin



[1] Pro tempore-zerur wagty

däldir. Wekiller Palatasynda, kanun taslamasynyň komitetden giň ara alyp maslahatlaşma berilmegi baradaky haýyşnamany kanagatlandyrmak üçin onuň agzalarynyň 218-niň golunuň bolmagy hökmanydyr. Senatda, şeýle ýagdaý üçin, diňe onuň agzalarynyň aglaba böleginiň razylygynyň bolmagy ýeterlikdir. Iş ýüzünde bolsa, şeýle haýyşnamalar kanun boýunça talap edilýän bu goldawy, seýrek halatlarda alýarlar.

Her bir palatada köplügiň partiýasy komitetleriň wezipesine we iş tertibine gözegçilik edýärler. Komitetleriň başlyklary bu partiýa degişli kanun çykaryjylaryň, ýa-da partiýanyň şeýle maksat üçin ýörite bellenen agzalarynyň toparlarynyň ýygnaklary esasynda saýlanýarlar. Azlygyň partiýasy komitetlerde her bir palatadaky agzalarynyň sanyna deň derejede wekilçilik edýärler.

Kanunlar Kongrese dürli usullar bilen girizilýär. Olaryň birleri hemişelik komitetler tarapyndan düzülýär; beýlekileri kanun çykaryjylyk işjeňliginiň anyk meseleleri bilen meşgullanýan ýörite komitetler tarapyndan; üçünji birleri prezident, ýa-da ýerine ýetiriji häkimiýetiň beýleki jogapkär adamlary tarapyndan hödürlenýärler. Kongresiň işine gatnaşmaýan raýatlaryň we guramalaryň ol ýa-da beýleki taslamany onuň agzalaryna hödürlemäge mümkinçiligi bardyr, Kongresiň aýry-aýry agzalary bolsa, kanuny teklipler bilen özleri çykyş edip bilerler. Kanun taslamalary girizilenden soň, olar köp halatlarda, bu taslamalary goldaýan, ýa-da olara garşy çykyş edýän şahslaryň pikirlerini aýdyňlaşdyrmak üçin jemgyýetçilik diňlemeleriň tutuş toparyny guraýan degişli komitetlere iberilýärler. Birnäçe hepdä, hatda birnäçe aýa çekýän, diňlemek ýagdaýy kanun çykaryjylyk işini jemgyýetçiligiň kanun döretmäge gatnaşmagy üçin açýar.

Eger-de, ol, ýa-da beýleki komitet haýsydyr bir kanun taslamasyna degişlilikde oňaýly karar çykarýan bolsa, ol teklip edilýän kanun açyk we giň ara alyp maslahatlaşma çykarylýar. Senatdaky iş düzgünleri kanun taslamalarynyň ara alyp maslahatlaşmasynda galapyn çäklendirimedik wagta rugsat berýär. Düzgünler boýunça Komitet, Wekiller Palatasynda Komitetiň agzalarynyň sanynyň köplügi sebäpli, ara alyp maslahatlaşmalaryň möhletini adatça çäklendirýär. Ol tamamlanandan soňra, adatça, palatanyň agzalary kanun taslamasyny goldamak, ony ret etmek, ýa-da ony gapdala goýmak – bu adatça kanun taslamasyndan dynmak islegini aňladýar we ret edilmek bilen barabardyr – ýa-da gaýtadan işlemek üçin yzyna, komitete, iberýärler. Eger, ikinji palata bu kanun taslamasyna düzedişler we üýtgeşmeler girizýän bolsa, iki palatanyň-da agzalaryndan ybarat ylalaşdyryjy komitet taraplaryň arasyndaky agzalalygy çetleşdirmäge çalyşýar.

Palatalaryň ikisi tarapyndan kabul edilen kanun taslamasy prezidente iberilýär, sebabi Konstitusiýa laýyklykda, taslamanyň kanun bolmagy üçin, prezident degişli suratda oňa seslenmelidir. Prezidentiň taslama gol çekmekde saýlamaga hukugy bar; taslama gol çekse, ol kanun bolýar, ýa-da ony ret edip bilýär. Prezidentiň ret eden kanun taslamasynyň kanuna öwrülmegi üçin, onuň iki palatada hem, sesleriň ikiden üç bölegi bilen gaýtadan goldanylmagy zerurdyr.

*Dowamy 76-njy sahypada*

# KOMITETLERIŇ ULGAMY

*Konstitusiýada Kongresiň komitetleriniň döredilmegi barasynda anyk talaplar ýokdur. Ýöne ýurduň ösdügiçe, seredilýän kanunlaryň has jikme-jik öwrenilmegine zerurlygyň bardygy barha äşgär boldy.*

*Komitetleriň ulgamynyň başlangyjy 1789-njy ýylda, ýagny Wekiller Palatasynyň teklip edilen täze kanunlaryň tükeniksiz ara alyp maslahatlaşmalaryna ulaşan mahalynda, goýuldy. Ilkinji komitetler Garaşsyzlyk ugrundaky urşuň, hat-habarlar ylalaşyklarynyň we çäkleriniň, şeýle-de beýleki döwletler bilen söwdanyň netijesinde ýüze çykan şikaýatlar bilen meşgullanýardylar. Birnäçe ýyllaryň dowamynda komitetler kä döredilýärdi, käte syýasy, durmuşy we ykdysady özgertmelere baglylykda dargadylýardy. Meselem, häzirki wagtda Garaşsyzlyk ugrundaky uruş bilen baglanyşykly şikaýatlar boýunça Komitetiň bolmagyna zerurlyk aýryldy, ýöne Kongresiň iki palatasynda hem weteranlaryň işleri boýunça Komitet bar.*

*Kongresiň 106-njy çagyrylyşy (1999–2000 ýý.) Wekiller Palatasynda 19 sany hemiselik komiteti we Senatda 17, ýene-de düzümine iki palatadan hem wekiller girýän 4 sany hemişelik komitetleri: Kongresiň kitaphanasynyň komiteti, çap neşirleri boýunça komiteti, salgyt salma boýunça komiteti we ykdysadyýet boýunça komiteti öz içine alýar. Mundan başga-da, palatalaryň her biri anyk meseleleri öwrenmek üçin komitetleri döredip bilýär. Hemişelik komitetlerde işiň agramynyň yzygiderli artmagy bilen, 150 sany goşmaça komitetler döredildi.*

*Hakykat ýüzünde bu komitetler näme bilen meşgul bolýarkalar? Eger-de, gürrün bill – Kongresiň seretmegine berlen kanun taslamasy – hakynda barýan bolsa, degişli komitet teklip edilen kanunyň içgin öwrenilmegine jogapkärdir. Şeýle komitet adatça, bu komitetiň düzüminde işlemeýän hünärmenleriň, ýagny Kongresiň agzalarynyň, hökümetiň ýerine ýetiriji pudagynyň jogapkär adamlarynyň, hususy sektoryň guramalarynyň wekilleriniň we aýry-aýry raýatlaryň pikirlerini bilmek üçin olary diňleýärler.*

*Ähli maglumatlar ýygnalandan soň, komitet täze kanun taslamasyna oňat seslenme bermelidigini, ýa-da onuň düzedişler bilen kabul edilmeginiň maksada laýykdygy hakyndaky hödürlemäni girizmelidigini kesgitleýär. Kämahal, kanun taslamasy gaýra tesdirilýär, ýa-da ünssüz galýar, bu bolsa, aslyýetinde, onuň seredilmesiniň gutarnykly tamamlanýandygyny aňladýar. Ýöne, kanun taslamalarynyň komitetden çykarylyp, Wekiller Palatasynyň, ýa-da Senatyň doly düzümi tarapyndan kabul edilýän halatynda, Wekiller Palatasy we Senat tarapyndan berilen şol bir taslamanyň dürli görnüşleriniň arasyndaky çapraz gelmeleri aradan aýyrmak maksady bilen, bu taslamalaryň işine başga komitet girişýär. Iki palatanyň agzalaryndan durýan, çapraz düşmelerde ylalaşdyrýan bu komitet, (ylalaşdyryjy komitet) Kongresiň ähli agzalaryny kanagatlandyrýan kanun taslamasynyň gutarnykly görnüşini taýýarlaýar, soňra gürrüňi edilýän kanunyň taslamasyny gutarnykly ara alyp maslahatlaşmak we sese goýmak üçin Wekiller Palatasyna we Senata iberilýär. Ýokarda agzalan kanun taslamasy kabul edilen halatynda, gol çekilmek üçin prezidente berilýär.*

# KONGRESIŇ HEMIŞELIK ÝA-DA UZAK MÖHLETLEÝIN KOMITETLERI

*WEKILLER PALATASY*

*Oba hojalygy boýunça*
*Pul goýbermek boýunça*
*Ýaragly güýçleriň işleri boýunça*
*Bank işi we maliýe hyzmatlary boýunça*
*Býujet*
*Söwda boýunça*
*Bilim we zähmet resurslary boýunça*
*Döwlet reformalary we gözegçiligi boýunça*
*Wekiller palatasynyň dolandyryş meseleleri boýunça*
*Halkara gatnasyklary boýunça*
*Ýuridiki*
*Resurslar boýunça*
*Düzgünler boýunça*
*Ylym boýunça*
*Kiçi biznes boýunça*
*Wezipeli adamlaryň iş ýerinde özlerini alyp barmagynyň galyplary boýunça*
*Ýol ulaglary we infrastruktura*
*Weteranlaryň işleri boýunça*
*Býujet çykdajylarynyň üstüni ýapmak üçin serişdeler boýunça*

*SENAT*

*Oba hojalygy, azyk önümleri we tokaýçylyk boýunça*
*Pul goýbermek boýunça*
*Ýaragly güýçleriň işleri boýunça*
*Bank işi boýunça*
*Býujet*
*Söwda, ylym we ýol ulaglary boýunça*
*Energiýa we tebigy resurslar boýunça*
*Daşky gurşagyň we jemgyýetçilik işleriň meseleleri boýunça*
*Maliýe boýunça*
*Halkara gatnaşyklary boýunça*
*Hökümet işleri boýunca*
*Saglygy goraýyş, bilim, zähmet resurslary we pension üpjünçilik boýunça*
*Indeýleriň işleri boýunça*
*Ýuridiki*
*Senatyň reglamenti we dolandyryş işleri boýunça*
*Kiçi biznes boýunça*
*Weteranlaryň işi boýunça*

*73-nji sahypaň dowamy*

Prezident kanun taslamasyna gol çekmekden, ýa-da ony ret etmekden ýüz dönderip biler. Şeýle ýagdaýda kanun taslamasy prezidentiň goly bolmazdan, oňa baranyndan on gün geçenden soň (ýekşenbe gününi hasaba almazdan) kanuna öwrülip bilýär. Bu düzgünden ýeketäk kadadan çykma, ol hem Kongresiň kanun taslamasy prezidente iberilenden soň we ýokarda agzalan on günlük möhlet gutarmazyndan öň dargadylmagydyr. Bu ýagdaýda prezidentiň nähili ýol bilen bolsa-da, kanun taslamasyna seslenmekden ýüz döndermegi onuň ret edilmegini aňladýar; bu iş «jübi ýüz döndermesi» ady bilen bellidir.

## DERŇEWLERI GEÇIRMEKDE KONGRESIŇ YGTYÝARLYKLARY

Kongresiň kanun çykaryjylyk işinden başga, has möhum işleriniň biri özündäki ygtyýarlyklaryň çäginde derňewleri geçirmekdir. Bu ygtyýarlyklar, adatça, haýsydyr bir kesgitli maksat bilen döredilen hemişelik komitetlere we ýörite komitetlere, ýa-da iki palatanyňda agzalaryndan düzülen bilelikdäki komitetlere berilýär.

Derňewler geljekki kanunyň zerurlygy hakynda maglumat ýygnamak, eýýäm kabul edilen kanunlaryň täsirliligini barlamak, hökümetiň beýleki pudaklarynyň dürli guramalarynyň agzalarynyň we jogapkär adamlarynyň başarjaňlygyny we ak ýürekliligini ýüze çykarmak we seýrek halatlarda ýokary raýatlyk wezipeli adamlary jogapkärçilige çekmek kadasyny taýýarlamak maksady bilen geçirilýär. Köplenç, komitetler derňewleri geçirmekde we jedelli meseleleri dykgat bilen öwrenmekde ýardam bermegi üçin daşky barlagçylaryň hyzmatlaryndan peýdalanýarlar.

Derňewleri geçirmegiň ygtyýarlyklary ikinji derejeli möhüm işleri öz içine alýar. Olaryň biri-de, derňewleriň barşyny we onuň netijelerini halka ýetirmekdir. Komitetleriň diňlemeleriniň köpüsi açyk häsiýete eýedir; jemgyýetçilige bellidir we habar beriş serişdeleri bilen giňden beýan edilýär. Şeýlelikde, Kongresde diňlemeler, kanun çykaryjylaryň ABŞ-nyň raýatlaryny bu ýurduň meseleleri barasynda habardar etmek we olaryň çözgüdinde amerikan jemjyýetçiliginiň giň gatlaklarynda gyzyklanmany oýarmak üçin ulanýan, uly ähmiýete eýe bolan, bütewi mehanizmi bolup durýar. Mundan başga-da, Kongresiň komitetleri biperwaý şaýatlary görkezme bermäge mejbur etmekde we görkezme bermekden boýun gaçyrýan şaýatlary Kongrese dil ýetirendigi üçin sud jogapkärçiligine çekmekde we galp görkezme berýänleri ýalan şaýatlygy üçin sud yzarlamalaryna sezewar etmekde ygtyýarlyklary bardyr.

## KONGRESIŇ RESMI DÄL TEJRIBESI

Ýewropa parlament ulgamlaryndan tapawutlylykda, ABŞ-yň kanun çykaryjylarynyň saýlanyp alynmasynyň we özlerini alyp barmagynyň, merkezleşdirilen partiya duzguni bilen hiç hili diýen ýaly umumylygy ýokdur. Esasy amerikan syýasy partiýalarynyň her biri ýerli we ştat guramalaryna, dört ýyl arakesme bilen bolýan prezident saýlawlary döwründe milli partiýa – Respublikan ýa-da Demokratik partiýa birleşýän bileleşigine ýolbaşçylyk edýärler. Şeýlelik-

de, Kongresiň agzalary öz wezipesi üçin bir partiýanyň ýolbaşçysyna, ýa-da Kongresdäki işi boýunça kärdeşlerine däl-de, eýsem onuň üçin ses beren ol ýa-da beýleki ştatyň ýerindäki saýlawçylara borçludyrlar. Netijede, Wekiller Palatasynyň agzalarynyň we senatorlaryň kanun çykaryjylyk tertibi indiwidualizmiň we idiosinkraziýanyň ýüze çykmak meýline eýedir; bu bolsa olar tarapyndan görkezilýän saýlawçylaryň we kontingentiň azatlygynyň we ägirt tapawutlarynyň şöhlelenmesi bolup durýar; munuň çeşmesi bolsa, bu wekilleriň we senatorlaryň hut özlerine berlen saýlaw okrugyny «jemlemegiň» hötdesinden gelendigi barasyndaky hakykatdyr.

Şonuň üçin, Kongress köp basgançakly däl-de kollegiýal guramadyr. Häkimiýet korporasiýada edilişi ýaly, ýokardan aşaklygyna ýaýranokda, eýsem dürli ugurlara ýaýraýar. Häkimiýetiň diňe sähelçe merkezleşdirilmesi gözegçilige alynýar, sebäbi «jezalandyrmak, ýa-da geçirimlik etmek» örän ähmiýetsiz bolup durýar. Kongresiň syýasaty başarjaň birleşikleriň döredilmegi bilen emele gelýär; olaryň düzümi meselä baglylykda, üýtgäp durýar; onuň çözgüdi üçin kanun çykaryjylar ol ýa-da beýleki birleşiklere birikýärler. Kähalatda, dürli taraplardan zor salmalar bolan mahalynda – Ak Tamdan başlap, ähmiýetli güýje eýe bolan ykdysady we etniki toparlara çenli – kanun çykaryjylar çözgüdi gaýra goýmak we şol bir wagtda täsirli sektora özlerini ýigrendirmezlik üçin, kadalaryň düzgünlerinden peýdalanýarlar.

Kongresiň ol ýa-da beýleki agzasynyň wezipesini ýygy-ýygydan kesgitleýän, özüňi alyp barmagyň resmi däl, ýa-da ýazylmadyk düzgünleri bar. «Habardar edilenler», ýagny Wekiller Palatasynyň agzalary we senatorlar kanun çykarmak boýunça özleriniň gös-göni borçlarynda tagallalaryny jemlemek bilen, «habardar edilmedikler», ýagny milli derejedäki meseleler boýunça çykyş etmek bilen ykrar edilmekligi gazanýanlara garanda, Kongresden daşarda uly abraýdan peýdalanýarlar. Kongresiň agzalarynyň öz kärdeşlerine hormat goýmalydygy we ol ýa-da beýleki kongresmeniň onuň kimdir biriniň opponenti bolup durýandygyna we onuň goraýan syýasy ugrunyň kimdir birine juda ýakumsyzdygyna seretmezden, onuň şahsyýetini ýerliksiz aýyplamaly däl diýlip hasaplanýar. Şeýle-de, Kongresiň agzalarynyň kanun çykaryjylyk syýasatynyň diňe az sanly ugurlarynda ýöriteleşmelidirler we kanun döredijilik ulgamynda ýüze çykýan ähli meseleleriň jeminiň çözgüdinde ekspertiň wezipesine dalaş etmeli däldirler diýlip pikir edilýär. Şu resmi däl düzgünleri berjaý edýänleriň oňat komitelerde, ýa-da iň bolmanda, hususan, olaryň saýlawçylarynyň bähbitlerine garalýan komitetlerde ýer almaga mümkinçiligi köpräkdir. ❑

# GÖZEGÇILIK BOÝUNÇA KONGRESIŇ YGTYÝARLYKLARY

*Sözlükler «gözegçilik» sözüni «göz-gulak bolmak üçin synlamak» diýip we şeýle çemeleşme, Kongresiň häkimiýetiň ýerine ýetiriji pudagyna täsir etmek üçin ulanýan gurallarynyň has degerlileriniň biri boldy. Kongress tarapyndan gözegçilik ýitgä we aldawa ýol bermeýär; raýatlaryň azatlygyny goraýar; ýerine ýetiriji häkimiýetiň kanunlary berjaý etmegini üpjün edýär; kanunlary döretmek we jemgyýetçilige aň-bilim ýaýratmak üçin maglumat toplamaga ýardam berýär we ýerine ýetiriji edaralaryň işine baha bermäge mümkinçilik döredýär. Gözegçilik ministrliklere, ýerine ýetiriji guramalara, buýruk çykaryjy komissiýalara we prezidentiň işine degişlilikde amala aşyrylýar.*

*Kongress tarapyndan gözegçilik işiniň amala aşyrylmagy dürli görnüşlere eýe bolup biler:*

- *Komitetler tarapyndan gönükdirilýän talaplar we olarda diňlenilmeler;*
- *Prezident bilen resmi konsultasiýalar we ondan gelýän dokladlar;*
- *Senatyň prezident tarapyndan hödürlenýän kandidaturalar we ol ýa-da beýleki şertnamalary baglanyşmagyň amatlydygy barada berýän maslahatlary we goldawy;*
- *Wekiller Palatasynda ýokary wezipeli adamlary impiçment tertibinde jogapkärçilige çekmek we onuň bilen baglanyşykly soňraky işleriň Senat tarapyndan diňlenilmegi;*
- *Wekiller palatasynda we Senatda ýigrimi bäşinji düzedişe laýyklykda, prezidentiň öz borçlaryny ýerine ýetirmäge ukypsyz ýagdaýynda, ýa-da witse prezidenti wezipesinden boşatmak ýagdaýynda prosesual hereketler;*
- *Kanun çykaryjylar we hökümetiň ýerine ýetiriji pudagynyň jogapkär adamlary bilen resmi däl duşuşyklar;*
- *Kongressmenleriň hökümet komissiýalarynyň düzümine goşulmagy;*
- *Kongresiň komitetleri we her biri Kongresiň täsirli gurallary bolup durýan, Kongresiň Býujet dolandyryş edarasy, Baş Býujet-gözegçilik dolandyryş edarasy (Umumy Býujet hasabaty dolandyryş edarasy) we Tehnika baha beriş dolandyryş edarasy ýaly kömekçi guramalary tarapyndan geçirilýän derňewler;*

*Kongresiň gözegçilik boýunça ygtyýarlyklary, ynsapsyz wezipeli adamlary wezipesinden çetleşdirmekde, syýasy ugry üýtgetmekde we ýerine ýetiriji hakimiýetiň üstünden kanun tarapyndan bellenilýän täze çäreleriň berjaý edilmeginde, az ýardam bermediler. Ynha, meselem, 1949-njy ýylda Senatyň ýörite goşmaça derňew komitetleri tarapyndan geçirilen derňewler Trumeniň administrasiýasynyň ýokary wezipeli döwlet işgärleriniň arasynda parahorlygyň bardygyny ýüze çykardy. Bu birnäçe guramalaryň gaýtadan guralmagyna we Ak Tamyň hökümetde parahorçylyk işlerini derňemek üçin ýörite komissiýasynyň döredilmegine getirdi. XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ahyrynda Senatyň halkara gatnaşyklar boýunça işiniň Komitetde seredilmesiniň telewideniýede görkezilmegi Wýetnamda urşa garşy oppozi-*

*siýany çagyrmaga ýardam etdi. 1973-nji ýylda derňelen Wotergeýtiň işi, öz gulluk wezipesinden syýasy bähbit almak üçin bikanun peýdalanan Ak tamyň wezipeli adamlarynyň paş bolmagyna we soňraky ýylda, Wekiller Palatasynyň Ýuridiki komiteti tarapyndan başlanan, Riçard Niksony ABŞ-nyň prezidentliginden aýyrmak işi onuň prezidentliginiň soňuna nokat goýdy. 1975 we 1976-njy ýyllarda ýörite komitetiň geçiren derňewleriniň netijesinde, gözleg geçiriji guramalarda berlen ygtyýardan düýpli hyýanatçylykly peýdalanma ýüze çykaryldy; bu gözleg geçiriji işjeňligiň käbir görnüşleriniň üstünden barlag boýunça täze kanunlaryň girizilmegine getirdi.*

*1983-nji ýylda, Kongresiň ABŞ-yň Gümrükhana gullugy we ABŞ-yň immigrasiýa we naturalizasiýa Gullugy tarapyndan araçäkde has içgin barlaglaryň geçirilmegi barasyndaky teklibe degişli haýyşyndan soň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň bu teklibi, taze kanun kabul edilmezden, durmuşa geçirmäge ukypsyzdygy hakyndaky mesele goýuldy. 1987-nji ýylda gözegçilik babatyndaky tagallalar, ýerine ýetiriji häkimiýetiň işinde, Eýrana ýarag satmakda we netijede alnan girdejiniň bölegini Nikaraguadaky «kontras» ady bilen belli häkimiýete garşy güýçlere ibermekde, ýüze çykan kanun bozmalaryň üstüni açmaga ýardam etdi. Kongress tarapyndan anyklanan maglumatlar şeýle hadysalara ýol bermeýän kanunyň ornaşdyrylmagy baradaky teklibiň girizilmegine getirdi.*

*1996 we 1997-nji ýyllarda Kongresiň iki partiýaly komissiýasy tarapyndan geçirilen derňewler we Senat tarapyndan soňraky diňlenmeler içerki girdejiler Gullugynyň (IGG), we girdeji salgydyna jogapkär federal guramanyň işleriniň ýolbaşçylyk edilmeginde hyýanatçylyk we kemçilik hadysalaryny ýüze çykarmaga mumkinçilik berdi. Senatyň maliýe boýunça Komiteti, IGG-iň operatiw işgärleriniň şeýle güýçli zor salmaga tölenilmedik salgydyň öwezini dolmak üçin mejbur bolandyklaryny we kähalatda, salgyt töleýjileri bikanun yzarlandyklaryny tassyklaýan görkezmelerini diňledi. Muny, raýatlar özlerine IGG-niň onuň ýol bererliksiz hyjuwly tertibi bilen utgaşýan delilsiz talaplary bildirýändiklerini aýdyp tassykladylar, bu hamala, olaryň tölemedik salgydy sebäplidir diýen netijä geldiler. 1998-nji ýylda Kongres IGG-da reformalaryň geçirilmegi barada kanun kabul etdi, onuň netijesi garaşsyz gözegçilik bileleşiginiň döredilmegi we salgyt töleýjilere, olary salgyt tölemäge degişlilikde mamladyklaryny subut etmek zerurlygyndan azat etmegi we IGG-iň jedelli halatlarda ozüniň degişli subutnamalary görkezmelidigini öz içine alýan, has ygtybarly goragyň berilmegidir.*

*Kongresiň gözegçilik boýunça ygtyýarlyklary, prezidentiň işine gözegçiligi guramakda we döwlet syýasatynyň üstünden barlagy amala aşyrmakda nämäniň derwaýys ähmiýetli faktor bolup durýandygyny elmydama tassyklaýarlar.*



ABŞ-yň Ýokary Sudy



5
bap

## SUD PUDAGY

# KONSTITUSIÝANYŇ DÜŞÜNDIRILIŞI

*«Konstitusiýa laýyklylykda, sud ulgamy biziň azatlygymyzyň we biziň eýeçiligimiziň kepilnamasy bolup durýar.»*
*– Çarlz Ewans Hýuz, ABŞ-yň Ýokary Sudunyň Başlygy, Elmaýrda, Nýu Ýork ştaty, 1907-nji ýylda sözlän sözi.*

Federal hökümetiň üçünji pudagy, sud häkimiýeti, ýurduň bütin çägini öz içine alýan sudlaryň ulgamyndan durýar. Bu ulgamyň başynda Birleşen Ştatlaryň Ýokary Sudy durýar.

Ştatlaryň sud ulgamy entek Konstitusiýanyň taslamasy işlap düzülmänkäde bardy. Konstitusion Konwentiň wekilleriniň arasynda federal sud ulgamlarynyň döredilmek zerurlygy, şeýle-de bu ulgamyň ştatlaryň sudlaryny gysyp çykarmalydygy ýa-da däldigi barasyndaky mesele dogrusynda düýpli gapma-garşylyklar ýüze çykdy. Beýleki ara alyp maslahatlaşylýan meseleler ýaly, wekiller ştatlaryň sudlarynyň sud etmek hukuklaryny (ýurisdiksiýasyny) saklap galmagyna, şol bir wagtda Konstitusiýanyň federal sud ulgamyna çäklendirilen häkimiýeti bermegine getirýän ylalaşyklary gazandylar. Konstitusiýanyň 3-nji maddasynda federal sud ulgamlarynyň aşakdaky esaslary kesgitlenilýär: «Birleşen Ştatlaryň Sud häkimiýeti diňe Ýokary Suda we Kongresiň wagtal-wagtal ykrar edip biljek aşakda durýan sudlaryna degişlidir».

## FEDERAL SUDLARYŇ ULGAMY

Ýokarda agzalan düzgünnamadan ugur alyp, birinji çagyryşyň Kongresi ýurdy okruglara böldi we her okrug üçin federal sudlary döretdi. Bu başlangyçdan häzirki düzüm emele geldi: Ýokary Sud, 13 sany şikaýat sudlary, 94 sany federal okrug sudlary we aýratyn sud etmäge hukukly 2 sany ýörite sud. Häzirki watgda Kongress federal sudlary döretmekde we ýatyrmakda, şeýle-de federal sud ulgamynda sudýalaryň sanyny kesgitlemekde öz hukuklaryny saklap galýar. Ýöne onuň Ýokary Sudy ýatyrmaga hukugy ýokdur.

Sud häkimiýeti hereket edýän Konstitusiýanyň, Kongresiň kanunlarynyň we Birleşen Ştatlaryň halkara gepleşikleriniň, ýagny ilçileriň, wezipeli adamlaryň, Birleşen Ştatlardaky daşary ýurtlaryň konsullarynyň işine degişlilikde ýüze çykýan işlerine; ABŞ-yň Hökümetiniň tarapdar bolýan jedellerine, ştatlaryň arasyndaky (ýa-da olaryň raýatlarynyň) we daşary döwletleriň (ýa olaryň raýatlarynyň, ýa-da olaryň tabynlygyndakylaryň) arasyndaky jedellere we bergidarlyk baradaky işlere ýaýraýar. 11-nji Düzediş federal sud etmek hukugyny, bir ştatyň talapkär, beýleki ştatyň hökümetiniň günäkär hökmünde çykyş edýän ýagdaýlaryndan aýyrdy. Bu federal sud etmek hukugynyň, ştatyň hökümetiniň talapkär hökmünde, beýleki ştatyň raýatynyň günäkär hökmünde çykyş edýän işlerine ýaýramaklygyna päsgel bermedi.

Federal sudlaryň häkimiýeti raýatlaryň ýitginiň öwezini dolmak we beýleki zeperler baradaky arzalaryna, şeýle-de federal kanunlaryň esasynda ýüze çykýan jenaýat işlerine degişlidir. Konstitusiýanyň III-nji maddasyndan ştatlaryň sudlarynyň we federal sudlaryň arasyndaky çylşyrymly aragatnaşyklaryň toplumy gelip çykýar. Adatça, federal sudlarda aýry-aýry ştatlaryň kanunlary esasynda ýüze cykýan işler diňlenilmeýär.Ýöne, federal sudlaryň sud etmäge hukukly işleriniň toplumy hem bar; olar ştat sudlary tarapyndan diňlenilip we karar çykarylyp biliner. Şeýlelikde, sudlaryň iki ulgamynyň hem, bir ugurda özbolușly sud etmek hukuklary we

beýleki ugurlarda gabat gelýän sud etmek hukuklary bardyr.

Konstitusiýa, sud häkimiýetiniň garaşsyzlygyny, «federal sudýalaryň özlerini gowy alyp barýan halatlarynda, öz orunlarynda oturjakdygy» baradaky düzgünnamasyna esaslanyp kepillendirýär. Iş ýüzünde bolsa, bu olaryň öz orunlarynda ömrüniň ahyryna çenli, ýa hormatly dynç alyşa çenli, ýa-da gullukdan gidýänçä oturjakdygyny aňladýar. Egerde, sudýa öz ornunda bolmak bilen düzgüni bozsa, onuň garşysyna prezidente we federal hökümetiň beýleki resmi adamlaryna degişlilikde edilişi ýaly, impiçment düzgüni başlanylyp biliner. ABŞ-yň sudýalary prezident tarapyndan bellenilýär, olaryň belllenilmegi bolsa, Senat tarapyndan tassyklanylýar. Bulardan başga, Kongress sudýalaryň is hakynyň möçberini kesgitleýär.

## ÝOKARY SUD

Ýokary Sud Birleşen Ştatlaryň baş sudy bolup, ol Konstitusiýa tarapyndan ýörite döredilen ýeke-täk sud bolup durýar. Ýokary Suduň islendik kararyna hiç bir beýleki sudlarda şikaýat edilip bilinmeýär. Kongresiň Ýokary Sudda oturýan sudýalaryň sanyny kesgitlemäge we haýsy ýagdaýlaryň onda seredilmäge degişlidigi baradaky meseläni käbir çäklendirmeler bilen çözmäge ygtyýary bardyr. Ýöne Kongress Konstitusiýanyň özi tarapyndan Ýokary Suda berlen ygtyýarlyklary üýtgedip bilmeýär.

Konstitusiýada sudýanyň wezipesini almak üçin hukugyň berilmek şertleri dogrusynda hiç zat aýdylmaýar. Onda sudýalaryň ýurist bolmalydygy barada hiç hili talaplar ýokdur, hakykatda bolsa, ähli federal sudýalar we Ýokary Suduň agzalary hemişe aklawçylaryň kollegiýasyndan durýardy.

Ýokary Sud döredilen wagtyndan bäri takmynan 200 ýyla golaý mundan öň, onuň agzalary 100-den sähelçe gowrakdy. Ilkinji Ýokary Sud onuň başlygyndan we bäş agzasyndan durýardy. Soňraky 80 ýylyň içinde Ýokary Suduň agzalarynyň sany, 1869-njy ýylda bu guramanyň düzümi bir başlygyň we sekiz agzanyň derejesinde bellenilýänça, üýtgäp gelýärdi. Ýokary Suduň başlygy, bu suduň ýerine etiriji işlerine eýe bolan, wezipeli adam bolup durýar. Ýöne, ol ýa-da beýleki iş boýunça karar kabul edilende, Ýokary Suduň başlygynyň, edil agzalarynyňky ýaly bir sesi bardyr.

Ilki-ilkiler Ýokary Suduň sud etmek hukugy diňe iki hili işe: daşary döwletleriň görnükli ýolbaşçylaryna galtaşýan işlere we taraplaryň biri ştat bolan işlere gönükdirilendi. Beýleki ähli işlere Ýokary Sud tarapyndan diňe has aşaky düzümlerdäki sudlaryň arzalary netijesinde seredilýärdi.

Her ýylda gelýän müňlerçe işleriň içinden, Ýokary Sud diňe 150-ä golaýyna seredýär. Olaryň köpüsi kanunyň teswirlemesini, ýa-da haýsydyr bir kanunyň ol ýa-da beýleki bölüminiň kabul edilmeginde Kongresiň ugur alan niýetlerini öz içine alýar. ÝöneÝokary Suduň işiniň degerli bölegini ýerine etiriji häkimiýetiň kanunlarynyň we aktlarynyň Konstitusiýa gabat gelýändigini anyklamak düzýär. Sud derňewiniň bu hukuklary Konstitusiýada takyk görkezilen däldir. Has takygy, olar Ýokary Suduň Konstitusiýany okamagy netijesinde



özüniň garamagyna alan we amerikan ýurisprudensiýasynyň we ýuridiki tejribesiniň ösüş ýolunda päsgelçilik bolan, 1803-nji ýyldaky, Marberi Medisonyň garşysyna gozgalan işde ynandyryjylykly görkezendigi barasyndaky garaýşyny öňe çykarýar. Özüniň bu iş baradaky kararynda Ýokary Sud «Konstitusiýa bap gelmeýän kanuny aktyň kanun däldigini tekrarlaýardy we soňra «hiç bir şübhe bolmazdan sud edarasynyň ygtyýarynyň we borjunýň kanunyň düýp mazmunyny düşündirmekden» ybaratdygyny görkezýärdi. Agzalan garaýyş ştatlaryň hökümetlerine, ýerli hakimiýet guramalaryna hem ýaýradyldy.

Ýokary Suduň kararynyň biragyzdan kabul edilmegi hökman däldir; kanun tarapyndan bellenilen zerur sanlaryny düzýän ýönekeý köpçüligiň bolmagy, ýagny karar kabul etmekde bu guramanyň alty agzasynyň gatnaşmagy ýeterlikdir. Sesleriň bölünen halatynda, karar kabul edilen bolsa, Ýokary Sud, her biriniň bu guramanyň geljekki kararlarynyň esasy bolup hyzmat etjek köpçüligiň pikirini we azlygyň pikirini (ýa-da aýratyn pikiri) halka ýaýradýar. Köplenç Ýokary Suduň agzalary suduň düzüminiň aglaba böleginiň garaýyşlary bilen gabat gelýän sudýalaryň pikirlerini ýazyp alýarlar. Bu haçanda, Ýokary Suduň agzalarynyň, suduň aglaba böleginiň karar kabul etmegiň barşynda ugur alan sebäpleri zerarly däl-de, ol ýa-da beýleki karar bilen ylalaşýan mahalynda edilýär.



ABŞ-yň Ýokary Sudunyň agzalary (çepden saga): Klarens Tomas, Entonni Skeýliýa, Sandra Deý O’ Konnor, Entoni M. Kennedi, Dewid H. Souter, Stiwen J. Breýer, Jon Pol Stiwens, Ýokary Suduň başlygy Uilýam H. Renkwist we Rut Beýder Ginzberg.

## ŞIKAÝAT SUDLARY WE FEDERAL OKRUG SUDLARY

ABŞ-yň sud ulgamynda Ýokary Suddan soňra ikinji derejäni, 1891-nji ýylda işleriň çözülmegine ýardam etmek we Ýokary Sudy onuň ägirt ýükünden kemkäsleýin boşatmak maksady bilen döredilen, şikaýat sudlary eýeleýär. Kongress 12 sany sebit okrug şikaýat sudlaryny we federal okrug boýunça ABŞ-yň Şikaýat suduny döretdi. Bu sudlaryň her birinde oturýan sudýalaryn sany anyk suda baglylykda uly üýtgemelere (6-dan 28-e çenli) sezewar bolýar. Ýöne göçme sud mejlisleriniň köpüsinde sudýalaryň sany 10 bilen 15-iň aralygynda bolýar.

Şikaýat sudlary özleriniň sud etmäge hukukly çäklerinde federal okrug sudlarynyň (ikinji düzümli federal sudlaryň) kararlaryna seredýärler. Şeýle hem, olara garaşsyz sazlaýjy guramalaryň işine seretmäge, bu guramalaryň halys tapdan düşen ýagdaýynda we hukuk meseleleri boýunça düýpli agzalalyklaryň bar mahalynda ygtyýarlyklar berlendir. Mundan başga-da, ABŞ-yň federal okrug boýunça Şikaýat Sudy bütin ýurduň çäginde ýörite işler boýunça şikayat arzalaryna, ýagny söwda we senet işini etmek hukugy bilen bagly işlere, şeýle-de, ýörite sud etmäge hukukly sudlar, halkara söwda meseleleri boýunça Federal sud we Federal Şikaýat sudy tarapyndan kabul edilýän kararlara seretmekde sud etmek hukugyna eýedir.

Şikaýat sudlaryndan soňra, has aşaky düzümli sudlar federal okrug sud-



Bu suratda Kolarado ştatynyň Denwer şäherinde ABŞ-yň federal okrug sudunda Terri Nikolsa (sagdan ikinji) sud edilişi şekillendirilipdir. Nikols 1995-nji ýylda Oklahoma ştatyndaky Oklahoma şäheriniň federal binýatlarynyň birinde bombany partlatmaga gatnaşandygy üçin suda berildi we aýyplandy.

larydyr. 50 ştat we ABŞ-yň çägi jebir çeken taraplaryň öz işleriniň sudy çözülýän ýerlerine aňsat yeter ýaly 94 sany sud okruglaryna bölünendir. Her bir okrug sudunda azyndan iki sudýa bardyr, kabir şunuň ýaly sudlarda birnäçe sudýalar bardyr. Sudýalaryň sany 24-den geçýän köp ilatly sud okruglarynyň hem sany az däldir. Işlere seretmekde ýüküň köp bolmagyna baglylykda, bir okrugyň sudýasy wagtlaýyn beýleki okrugda işläp biler. Şuňa meňzeş sud okruglarynyň çäklerini, ilatyň sanyna, meýdanyna we işiň göwrümine laýyklykda, Kongress belleýär. Käbir kiçi ştatlaryň özleri şeýle sud okruglary bolup durýarlar, şol bir wagtda her bir uly ştatda: Nýu Ýorkda, Kaliforniýada we Tehasda 4 sud okrugy bardyr.

Sudýalar hemişelik işleýän sud okruglarynda işlemelidirler. Bu Kolumbiýa federal okrugyna degişli däldir. Okrug sudýalary öz nobatdaky mejlislerini okrugyň dürli şäherlerinde geçirýärler.

Bu sudlarda çözülýän işleriň we hukuk jedelleriniň köpüsi federal jenaýat hukugy boýunça jenaýatlara we federal düzgün bozmalara, ýagny hat üsti bilen iberilmäge degişli däl zatlara, federal emlägiň talanmagyna, azyk önümleriniň

arassalygy baradaky kanunyň bozulmagyna, bank kanunlarynyň berjay edilmezligine, galp pul çykarylmagyna we kontrafaksiýa ýaly işlere degişlidir. Bular, uly geňeş agzalarynyň aýyplama aktlary bilen, umumy hukuga degişlilikde jenaýat edenleri aýyplaýan we oturdaşlaryň iş boýunça karar çykarýan ýeke-täk federal sudlardyr.

Her bir sud okrugynda bergidarlyk işleri boýunça hem sud bardyr, sebäbi Kongress bergidarlyk işleriniň ştat sudlarynda dal-de, eýsem federal sudlarda çözülmelidigi hakynda karar kabul etdi. Bergidarlyk düzgünine laýyklykda, aýry-aýry adamlar, ýa-da kärhanalar bergidarlaryna bergisini berip bilmedik halatynda, öz aktiwleriniň suduň gözegçiligi astynda ýatyrylmagyny, ýa-da öz maliýe işlerininiň tertibe salynmagyny we bergilerini üzmekligiň meýilnamasyny işläp düzmegi gazanyp bilerler.

## SUD ETMÄGE HUKUKLY ÝÖRITE SUDLAR

Umumy sud etmäge hukukly federal sudlar ýeterlik bolmady we wagtal-wagtal ýörite sudlaryň döredilmeginde zerurlyk döredi. Olar «kanun sudlary» ady bilen bellidir, sebäbi olar Kongresiň kanuny tarapyndan döredildi. Bu sudlardaky sudýalar beýleki federal sudlardaky kärdeşleri ýaly, prezident tarapyndan ömürlik saýlanýarlar, ýöne olaryň Senat tarapyndan goldanylmasy hökmanydyr.

Häzirki wagtda birinji düzümiň sud etmäge hukugy kesgitli işleriň toparyna degişli işlerde ýurduň bütin çägine ýaýraýan iki ýörite sudy bardyr. Halkara söwda meseleleri boýunça Federal sud halkara söwda we gümrükhana meseleleri bilen bagly işleriň seredilmesi bilen meşgullanýar. Federal Şikaýat sudunyň sud etmek hukugy Birleşen Ştatlara ýetirilen pul zyýanynyň öwezini dolmak barasynda talap arzalaryna, federal düzgünler dogrusynda jedellere, hususy eýeçiligiň federal hökümet tarapyndan bikanun eýelenmegine we Birleşen Ştatlara bildirilen beýleki şikaýatlaryň tutuş toplumyna degişlidir. ❏



Bu suratda suratçy Prezident Adamsy (sagda) Ak Tamda onuň soňky gijesinde öz partiýasynyň, federalistleriň partiýasynyň, adamlaryny hökümetde dürli wezipelere belleýändigi barada kagyzlara gol çekýän pursadyny şekillendiripdir. Sud ulgamynda Adamsyň bellänleriniň biri, Wilýam Marberi, özüniň eýelemeli wezipesine hukugy tassyklaýan dokumenti entäk almandy we ol ony Ýokary suda täze administrasiýada ministriň wezipesini eýelän Jeýms Medisonyň garşysyna arza bermek bilen almaga synanyşdy. Suduň Marberiniň Medisona garşy işi boýunça karary sud gözegçiligi garaýşyny ýola goýdy.



# 6
bap

# ÝOKARY SUDUŇ TARYHY KARARLARY

*«Suduň agzalary amaly tejribeden sapak alýarlar we fizikadaky we tebigy bilimlerdäki synaglar we ýalňyşlyklar prosesiniň adyl suda iberilmekde hem ulanarlykdygyny ykrar edip has ynandyryjylykly delilleriň güýjüniň oňunde boýun egijilik bilen baş egýärler» – Luis D. Brendeýs, ABŞ-yň Ýokary Sudunyň agzasy, «Koronado oil end gaz kompaniniň» garşysyna Bernet sud işinde çykyşyndan, 1932 ý.*

1790-njy ýylda özüniň ilkinji mejlisini geçireli bäri, Ýokary Sud häkimiýetiň ygtyýarlyklaryndan raýat hukuklaryna we metbugatyň azatlygyna çenli dürli meseleler boýunça müňlerçe delillendirilen sud kararlaryny kabul etmeli boldy. Bu kararlaryň köpüsi giň jemgyýetçilige az mälim we onda aýratyn gyzyklanma döretmeýän bolsa-da, olaryň birnäçesi amerikan taryhynyň ösüşine eden täsiri nukdaýnazaryndan görnükli bolup durýarlar. Aşakda Ýokary Sud tarapyndan seredilen has ähmiýetli işleriň birnäçesiniň gysgaça beýannamasy berilýär.

## MARBERI MEDISONYŇ GARŞYSYNA (1803 Ý.)

Köplenç, Ýokary Suduň taryhynda örän wajyp diýlip atlandyrylýan Marberiniň Medisonyň garşysyna işi boýunça karary sud gözegçiligi garaýşyny we kanun çykaryjy we ýerine etiriji aktlaryň Konstitusiýa gabat gelýändigini kesgitlemekde bu suduň ygtyýarlyklaryny işe girizdi.

Bu iş 1800-nji ýylyň saýlawlarynda demokrat-respublikaçy Tomas Jeffersonyň şol wagt prezidentiň wezipesinde bolan federalist Jon Adamsy ýeňeninden soň tutaşan syýasy jedeliň netijesinde ýüze çykdy. Adamsyň administrasiýasynyň häkimiýetde bolmagynyň soňky günlerinde, agalyk ediji ýagdaýy federalistler eýeleýän Kongress köpsanly sud wezipelerini şol sanda Kolumbiýa federal okrugynda 42 sany ylalaşdyryjy sudýanyň wezipesini döretdi. Senat bu bellenmeleri tassyklady; prezident olara gol çekdi we döwlet kätibi ýokarda agzalan wezipelere bellenmeler barada bu dokumentlere möhür goýup tassyklamalydy we olar bellenilen adamlara resmi ýagdaýda gowşurylmalydy. Işiň soňky günleriniň howlukmaçlygynda şol wagtky kätip wezipä bellenilýändigi baradaky dokumentleri dört sany ylalaşdyryjy sudýa, şol sanda Wilýam Marberä hem gowşurmagy unudypdyr.

Prezident Jeffersonyň administrasiýasyndaky täze döwlet kätibi Jeýms Medison bellenilmeler baradaky bu dokumentleri gowşurmakdan ýüz dönderdi, sebäbi täze administrasiýa federalistleriň öz partiýalarynyň agzalaryny häkimiýetiň sud pudagyna girizjek bolýandygyna närazylyk bildirdi. Şonda Marberi, onuň wezipä bellenendigi baradaky dokumentleri bermäge Medisony borçly etmegini sorap, talap arzasy bilen Ýokary Suda ýüz tutdy.

Eger, Ýokary Sud Marberiniň tarapyny tutan bolsa, gowşurmak barada bu buýrugyň ýerine ýetirilmeginde mejbury çäräni üpjün etmegiň usullaryny ulanmak barada, suduň hiç hili ygtyýary ýok mahalynda, Medison entegem dokumentleri gowşurmakdan boýun gaçyryp bilerdi. Eger-de, sud Marberiniň garşysyna karar çykaran bolsa, onda Marberä kanuny hukugy bolan wezipäni bermekden boýun gaçyrmak ýoly bilen, sud häkimiýetiniň Jeffersonyň tarapdarlaryna aňsatlyk bilen berilmeginiň howpy dörärdi. Ýokary Suduň başlygy Jon Marşal Ýokary Suduň bu işe seretmäge ygtyýarynyň ýokdugy barada karar çykarmak bilen bu jedeli çözdi. Marşal Ýokary Suda şuňa meňzeş ygtyýarlyklary berýän sud häkimiýeti baradaky Kanunyň 13-nji bölüminiň Konstitusiýa ters gelýändigini aýtdy, sebäbi ol Ýokary Suduň başlangyç sud etmek hu-



XIX asyryň başlarynda Nýu-Ýork aýlagy Gibbonsyň Ogdena garşy sud işiniň geçirilen ýeri boldy, onda Ýokary Sud Kongresiň ştatlaryň arasyndaky söwdany sazlamakda ygtyýarlyklaryny tassyklady.

kugyny, Konstitusiýanyň hut özi tarpyndan kesgitlenen sud etmek hukugy bilen deňeşdireniňde, giňeldýär. Bu iş dogrusynda karar kabul etmekden ýüz dönderip, Ýokary Sud özüniň adyl suduň gutarnykly çözüjisi hökmünde wezipesini saklap galdy.

## GIBBONS OGDENIŇ GARŞYSYNA (1824 Ý.)

«Konfederasiýa maddalaryna» laýyklykda döredilen Birleşen Ştatlaryň ilkinji hökümeti gowşakdy, hususan-da, onuň milli ykdysadyýeti sazlamak boýunça ygtyýarlyklary, şol sanda ştatlaryň arasyndaky söwda akymyny sazlamakda ygtyýarlygy ýeterlik däldi. Konstitusiýa ABŞ-nýn Kongresine «käbir ştatlaryň arasyndaky söwdany sazlamaga» ygtyýar berdi.Ýöne, seýle ygtyýarlyklar ykdysady meseleleriň çözgüdiniň üstünden gözegçiligi saklamak islän ştatlar tarapyndan şübhe astyna alynýardy.

XIX asyryň başlarynda Nýu-Ýork ştaty Nýu-Ýorkyň we Nýu-Jersiniň arasynda gatnaýan gämileriň eýelerine şeýle iş bilen meşgullanmaga Nýu-Ýork ştatynyň rugsadyny almaga borçly edýän kanun kabul etdi. Aaron Ogdeniň şeýle rugsady bardy, Tomas Gibbonsyňky bolsa ýokdy. Ogden Gibbonsyň Nýu-Ýork ştatyndan degişli rugsady bolmazdan bäsdeş bolup dyrýandygyny bilenden soňra, Gibbonsa işewürlük bilen meşgullanmagy gadagan etmegi sorap, suda ýüz tutdy. Gibbonsda oňa 1793-nji ýylda federal hökümetleriň kabotaž gämi gatnawy baradaky Kanunyna laýyklykda, deňiziň kenarýaka suwlarynda ýüzmäge berlen rugsady bardy, ýöne Nýu-Ýork ştatynyň sudlary Gibbonsyň kanuny bozandygy dogrusynda Ogden bilen ylalaşdylar, sebäbi onda Nýu-Ýork ştatynyň rugsady ýokdy. Ýöne, haçan-da Gibbons öz işi bilen Ýokary Suda ýüz tutanda, onuň agzalary Nýu-Ýork kanunyny Konstitusiýa laýyk däl diýip ykrar etdiler, sebäbi ol ABŞ-ýn Kongresiniň söwdany sazlamakda ygtyýarlyklarynyň bozulmasy bolup durýardy.

«‹Sazlamak› sozi özüniň düýp manysynda sazlanylmaly zadyň üstünden doly hukugyň bolmagyny aňladýar» diýip Ýokary Suduň agzalary aýtdylar. Şonuň üçin hem «ol şol bir zada degişlilikde şol bir hereketleri edýän beýlekileriň ähli hereketlerini aradan aýyrýar».

## DRED SKOTT SENDFORDYŇ GARŞYSYNA (1857 Ý.)

Dred Skott, hojaýyny Jon Emersonyň gulçulyga ýol berýän ştatdan, Missuriden, gulçulygyň gadagan ýerine, Illinoýsa, alyp giden guludyr. Birnäçe ýyldan soň, Skott Emerson bilen Missurä dolanyp geldi. Skott erkin ştatda ýaşandygy üçin, özüni indi gul diýip hasaplamaly däl diýip pikir etdi.

1843-nji ýylda Emerson aradan çykdy we üç ýyl geçenden soňra, Skott özüniň azatlygyny talap edip, Emersonyň dul aýalyny suda berdi. Onuň işi 1850-nji ýylda Missuri ştatynyň sudlarynyň birinde ýeňdi. Ýöne 1852-nji ýylda Ýokary Sud ýerli suduň kararyny ret etdi. Şol wagtda hanym Emerson gaýtadan durmuşa çykdy we Skott onuň erkek dogany Jon Senfordyň eýeçiligi boldy (onuň familiýasy sud dokumentlerinde Senford diýlip ýalňyş ýazylan). Skott, ýene-de erkinlige eýe bolmak üçin, Senfordy suda berdi. Işe 1854-nji ýylda Senfordyň garşysyna karar çykaran federal sudlaryň birinde seredildi.



Gul Dred Skott, ozüniň erkin adamdygyny aýan etdi, sebäbi ol birnäçe wagt erkin ştatda ýaşapdyr we degişli statusy almak talaby bilen suda ýüz tutupdyr. Ýokary Sud 1857-nji ýyldaky, giň tankyda sezewar bolan we soňra ýatyrylan, karary bilen Skottyň talabyny ret etdi.

Haçan-da, bu iş Ýokary Suda geçirilende, onuň agzalary Skottyň erkin ştatda ýaşandygy sebäpli azat edilmezligi barada karar kabul etdiler; gara tenli bolany sebäpli ol raýat däldir, şonuň üçin umumy we status hukugynyň kadalary boýunça hereket edýän suda talap arzasy bilen ýüz tutmaga hukugy ýokdur. Bu karar giň tankyda eýe boldy we öz ornundaka 1860-njy ýylda gulçulyga garşy çykyş eden we 1861-nji ýylda Raýatlyk urşunyň başlanmagyny ýakynlaşdyran prezident Awraam Linkolnyň saýlanmagyna köp babatda ýardam etdi. Konstitusiýanyň on üçinji düzedişi tarapyndan Dred Skottyň Senfordyň garşysyna işi boýunça karar Konstitusiýa laýyk däl diýlip hasaplandy; ol 1865-nji ýylda gulçulygy ýatyrdy we on dördünji düzediş bilen 1868-nji ýylda önki gullara raýatlyk berdi.

### ZÄHMET GATNAŞYKLARY MESELELERI BOÝUNÇA MILLI DOLANDYRYJY EDARA (ZGMMDE) «JOUNS END LAFLIN STIL KORPOREÝŞINIŇ» GARŞYSYNA (1937)

Gibbonsyň Ogdena garşy işi Kongresiň ştatlaryň arasyndaky söwdany sazlamakda hökümdarlygyny tassyklan bolsa, onda ZGMMDE-niň Jounsa we Lafline garşy işi Kongresiň ygtyýarlyklaryny giňeltdi we onuň söwdany sazlamakdaky hukugyna ştatlaryň arasyndaky söwda bilen meşgullanýan pudaklaryň iş amalyýetini sazlamak hukugyny goşdy.

«Jouns we Laflin» ýurduň iň iri polat guýujy zawodlarynyň biri, ol on sany hakyna tutma işgäri kärdeşler arkalyşygynyň işine gatnaşandygy üçin işden çykarmak bilen, 1935-nji ýylyň Zähmet gatnaşyklary barada Milli kanunyny bozupdyr. Bu kanun zähmet gatnaşyklarynyň çäginde sap ýürekli däl işiň tutuş toparynyň ýüze çykmagyny gadagan edýär we kärdeşler arkalaşyklaryny döretmekde we bilelikdäki şertnamalary baglaşmakda işçileriň hukuklaryny goraýar. Ýokarda agzalan polat guýujy kompaniýa, işden çykarylan işçileriň işlerini gaýtaryp bermek baradaky ZGMMDE-niň görkezmesini ýerine ýetirmekden boýun gaçyrdy. Federal okrug şikaýat sudy Milli dolandyryjy edaranyň özüniň buýrugynyň mejbury ýerine ýetirilmesi baradaky talabyny ret etdi we Ýokary Sud işiň gaýtadan seredilmesi bilen meşgul boldy.

Bu işde Kongresiň ştatlaryň arasyndaky söwda bilen meşgullanýan kampaniýalaryň «yerli» işjeňligini, ýa-da hakykaty aýdan-da, bir ştatda geçirilýän işjeňligi sazlamaga ygtyýarynyň bardygy, ýa-da ýokdugy baradaky mesele çözüldi. «Jouns we Laflin» korporasiýasy öz zawodynyň iş şertleriniň ştatlaryň arasyndaky söwda galtaşmaýandygyny tekrarlaýardy. «Işçileriň we telekeçileriň arasynda duşmançylygyň bolmagy zerarly önümçiligiň wagtlaýyn togtadylmagynyň ştatlaryň arasyndaky söwdanyň ýagdaýyna has düýpli täsir etjekdigini» görkezmek bilen, Ýokary Sud meseläniň beýle goýulmagy bilen ylalaşmady. «Hakyna tutma işgärleriň öz guramalaryny döretmäge hukugyny ykrar etmeklik we bilelikdäki şertnamalary baglaşmak üçin bu işçiler tarapyndan öz islegleri boýunça saýlanan başlyklarynyň bolmagy, örän köp halatda, senagat-



1946-njy ýylda Pensilwaniýa ştatynyň Pittsburg şäherindäki «Jouns we Laflin» polat guýujy zawodynyň geçelgesinde onuň administrasiýasynyň syýasatyna närazylyk bildirme hökmünde ýygnanan işçiler. On ýyldan soň, Ýokary Sud kärdeşler arkalaşyklaryny döretmekde, işgärleriň işe alýanlar bilen bilelikde şertnamalary baglaşmakda işçileriň hukuklaryny ykrar etmekden ýüz dönderendigi zerarly, «Jouns we Lafliniň» administrasiýasyna garşy karar çykardy.



Gara tenli we akýagyz çagalar, 1954-nji ýylda Ýokary Suduň milli magaryf Bölümine garşy Braun sud işinde ABŞ-yň mugt döwlet mekdeplerinde ak we afro-amerikanlaryň hökmany bilelikdäki okamasyny girizeninden soňra, bile okaýarlar.

da parahatçylykly gatnaşyklaryň derwaýys möhüm şerti bolup durýandygyny tejribe açyk-aýdyň görkezdi». Zähmet gatnaşyklary baradaky Milli kanunyň konstitusion häsiýetini goldamak bilen, Ýokary Sud oňat guralan işe ýeňiş yglan etdi we federal hökümet tarapyndan senagatyň has çuňňur we giň gerimde sazlanmasynyň başlangyjyny goýdy.

## BRAUN HALK MAGARYF BÖLÜMINIŇ GARŞYSYNA (1954)

Bu taryhy işe çenli birnäçe ştatlarda we Kolumbiýa federal okrugynda, Ýokary Suduň Plessiniň Fergýusona garşy işi boýunça 1896-njy ýyldaky karary bilen tassyklanan, ýagny mekdeplerde birmeňzeş okuw şertleri bolsa, jyns hukuklaryna rugsat berýän mekdep ulgamynyň jyns hukuklary hereket edýärdi. 1951-nji ýylda Kanzas ştatyndaky Topika şäheriniň ýaşaýjysy Oliwer Braun öz sekiz ýaşly gyzynyň adyndan şäher mekdep geňeşini suda beren mahaly «birmeňzeş şertlerde aýry okatmaklyk» baradaky garaýyşa garşy çykdy. Braun gyzynyň öz ýaşaýan öýlerinden bäş kwartal aňyrda ýerleşýän akýagyzlaryň mekdebine barmagyny isleýärdi. Braun üçin, gyzynyň öz öýünden ýigrimi bir kwartal aňyrda ýerleşýän afro-amerikanlar üçin mekdepde okanyndan, bu has amatlydy. Federal sudlaryň biri mekdepleriň ikisinde hem okamak şertleriniň birmeňzeşdigini anyklap, Braunyň arzasyny makullamaýan karar kabul etdi.



Klarense Erl Gideon Ýokary Sudda öz işiniň diňlenmesine taýýarlanan wagtynda peýdalanan kitaphanasyna kybapdaş ýuridiki kitaphanada meşgullanýar. 1963-nji ýylda sud Gideonyň peýdasyna karar çykardy we amerikan sudlaryny öz hususy aklawjysyny hakyna tutmaga mumkinçiligi bolmadyk günäkärlere aklawjy bermäge borçly etdi.

Şol wagtda Günorta Karolina, Wirjiniýa we Delawer ştatlaryndaky beýleki gara tenli çagalaryň ene-atalary hem şuňa meňzeş talaplary bildirdiler. Delawerdäki sud afro-amerikanlar üçin mekdepleriň akýagyzlaryň mekdeplerinden ýaramazdygyny kesgitledi we gara tenli çagalaryň akýagyzlaryň mekdeplerine geçirilmegini býurdy.Ýöne, akýagyzlar üçin mekdepleriň jogapkär adamlary bu karar babatynda Ýokary Suda şikaýat etdiler.

Ýokary Sud bu işleriň ählisiniň seredilmesiniň barşynda getirilýäň delillere şol bir wagtda seredýärdi. Kynçylyk çekýän afro-amerikanlar tarapyndan berlen işleriň gysgaça yazuw beýannamalary jyns hukuklarynyň gara tenli çagalara näme sebäpli zeper ýetirýändigini düşündirýän psihologlaryň we sosiologlaryň maglumatlaryny we subutnamalaryny özünde saklaýardy. 1954-nji ýylda Ýokary Sud biragyzdan karar etdi, «ýagny bilim pudagynda aýry, ýöne birmeňzeş okadylyş orun tutup bilmez», şeýle-de mugt döwlet mekdeplerinde jyns hukugynyň gara tenli çagalary «on dördünji düzedişde berjaý etmegiň kepilnamasy bar bolan kanunlar tarapyndan berilýän deň goragdan» mahrum edýändigi barada karar çykardy.

## GIDEON WEINRAÝTYŇ GARŞYSYNA (1963 Ý.) MIRANDA ARIZONANYŇ GARŞYSYNA (1966 Ý.)

1960-njy ýyllardaky Ýokary Suduň iki sany karary jenaýat etmekde aýyplanan adamlaryň hukuklaryny gorady. Klarense Erl Gideon 1961-nji ýylda Floridada bilýard oýnalýan jaýa girendigi üçin tussag edildi. Haçan-da, ol sud tarapyndan bellenilen aklawçynyň berilmegini talap edende, ştatyň kanunynyň aklawçynyň berilmegini diňe kanun boýunça mümkin, ýa-da hökmany ölüm jezasy berilip bilinjek, ýagny öldürilme, ýa-da beýleki agyr jenaýatlar ýaly jenaýatlar barada işlere seredilende göz öňünde tutýandygyny aýdyp, sudýa bu talaby ret etdi. Gideonyň özi gorandy we günäli diýlip ykrar edildi. Tussaglykda bolmak bilen, ýurisprudensiýany öwrenip we Ýokary Suda haýyşnama ýazyp, ol ençeme sagatlap türme kitaphanasynda oturdy. Ýokary Sud Gideonyň işine adalatly seretmekden boýun gaçyryp-

dyrlar diýen karara geldi we her bir ştatyň jenaýat etmekde aýyplanýan, özlerine goragçy tutunmaga ýagdaýy ýok adamlara aklawçy bermelidigi barada buýruk berdi. Haçan-da, Gideona gorag aklawçysynyň kömegi bilen azatlyga çykmak başardan-da, ondan aýyplanma aýryldy we ol aklanyldy.

Laýyk üç ýyldan soň, Ýokary Sud günäkärlenýänleriň sud zalyna düşmezden öňürti, aklawçy almaga hukuklarynyň bolmalydygy barada karar kabul etdi Arizona ştatynyň sudy tarapyndan Ernesto Miranda töleg almak maksady bilen we zorlamak üçin adam ogurlandygy sebäpli ýyl kesildi. Miranda ýyl kesilmegi iki sagatlyk soragdan soň polisiýa işgärlerine onuň boýun almagyna esaslanýardy, üstesine-de, oňa sorag edilen wagtynda aklawçynyň bolmagy dogrusynda hiç zat aýdylmandyr. Öz kararynda Ýokary Sud poliseýlerden tussag wagtynda olaryň tussag edilýänleri häzirki wagtda «Mirandanyň duýdurylyşy» ady alan, ýagny guman edilýänleriň dymmaga hukugynyň bardygy barada we olar tarapyndan aýdylanlaryň hemmesiniň olaryň garşysyna ulanylyp bilinjekdigi, şeýle-de güman edilýänleriň sorag edilmeginde aklawçynyň gatnaşyp biljekdigi we eger-de, olaryň aklawçy tutmaga ýagdaylary ýok bolsa, olaryň oňa berkitjekdigi barada öňüden duýdurmalydygyny talap etdi.

Mirandanyň Arizona garşy işi boýunça karary Ýokary Suduň has belli kararlarynyň biri bolup durýar, sebäbi Mirandanyň öňünden habardar edilmesiniň dramalaşdyrylmagy amerikan kinosynda we amerikan telewideniýesinde adaty ýagdaýa öwrüldi.Ýöne, 1999-njy ýylda federal şikaýat sudlarynyň biri bu karara, banky ýarandygy sebäpli ýyl kesileniň özüne hukuklarynyň bolmalysy ýaly okalyp berilmändigini aýdan Dikkersonyň Birleşen Ştatlara garşy işinde, garşy çykdy. 2000-nji ýylyň iýunynda Ýokary Sud Dikkersonyň işine gaýtadan seretmek we bu işin ara alyp maslahat-



Martin Lýuter King, kiçi (sagda), 1960-njy ýylda Jorjiýa ştatyndaky Atlantada tussag wagtynda. Şol ýylyň özünde Kingiň Montgomerodäki tussaglygy, Alabama ştaty, «Nýu-Ýork Tayms» gazetiniň Salliwene garşy sud işinde wakalaryň ösüşini çaltlandyrdy; onuň barşynda Ýokary Sud döwletiň wezipeli adamsynyň özüne metbugat tarapyndan myjabat atylandygy barada arzany görkezmäge metbugatyň beýannamalary «hakykatdanda erbet niýetli häsiýete» eýe bolýan ýagdaýyndan we maglumatlaryň galpdygyna ýa-da däldigine seretmezden «jogapkärçiliksiz biperwaýlygyň» bolmagy bilen çap edilýäň ýagdaýyndan başga wagtlarda, hukugynyň ýokdugy barada karar çykardy.

laşmasynyň barşynda Mirandanyň işiniň hem esaslydygyna gaýtadan seretmek kararyna geldi.

### «NÝU-ÝORK TAÝMS KOMPANI» SALLIWENIŇ GARŞYSYNA (1964 Ý.)

ABŞ-nyň Konstitusiýasyna 1-nji Düzediş metbugatyň azatlygyna kepillendirilýär.Ýöne birnäçe ýyllaryň dowamynda, Ýokary Sud töhmet atmalar boýunça, ýagny ol ýa-da beýleki şahsyýetiň abraýyna şek ýetirýän ýalan maglumatlaryň çap edilmesine esaslanýan sud arzalaryndan habar beriş serişdelerini azat etmek üçin birinji düzedişi ulanmakdan boýun gaçyryp geldi. «Nýu-Ýork Taýms Kompaniniň» Salliwene garşy işi boýunça Ýokary Suduň karary Birleşen Ştatlaryň töhmet baradaky kanunyna, ýagny döwletiň wezipeli adamlarynyň töhmet atylmak baradaky arzalarynyň kanagatlandyrylmagyna çap edilen maglumatlaryň galpdgyny diňe delilsiz tekraralamak arkaly bil baglap bilmejekdigi barada kararda bar bolan çözgüdiniň netijesinde, düýpli üýtgeşmeler girizdi. Ýokary Sud arzaçynyň şeýle-de, žurnalistleriň we redaktorlaryň hereketleriniň, hakykatdan-da, «bet pygylly häsiýete» eýedigini subut etmäge borçlydygy barada karar çykardy. Mundan başga-da, talapkär olaryň öz materiallaryny «çap edilen maglumatlaryň galpdygyna, ýa-da däldigine jogapkärçiliksiz biperwaýlygy» bildirmek bilen ýerleşdirendigi barasynda sudy ynandyrmalydyr.

Iş Günorta Hristian toparynyň Maslahaty tarapyndan, 1960-njy ýylda Alabamada tussag edilen, afroamerikanlaryň raýatlyk hukuklary ugrundaky hereketiniň baştutany Martin Lýuter King kiçiniň sudda raýatlyk hukuklaryny goramak üçin pul ýygnamak maksady bilen, «Nýu-Ýork Taýms» gazetiniň tutuş sahypasyny eýelän reklama bildirişiniň ýerleşdirilmegi netijesinde ýüze çykdy. Alabama ştatyndaky Montgomeri şäheriniň şäher polisiýa gullugyna jogapkär adamsy L.B. Salliwen gazetde ýerleşdirilen reklama bildirişiniň özüne töhmet bildirýändigini we onuň şäher polisiýa bölüminiň hereketini nädogry görnüşde beryändigini aýtdy. Salliwen gazetde bu bildirişi ýerleşdiren dört sany ruhanyny we «Nýu-Ýork Taýms» gazetini suda berdi.

Bildirişde, hakykatdan-da, birnäçe nätakyklyklar goýberilipdir we oturdaşlaryň düzümi Salliwene 500 000 dollaryň berilmegi barada karar çykardy. «Nýu-Ýork Taýms» gazeti we raýatlyk hukugy ugrundaky göreşiň işeňňirleri Alabama ştatynyň sudunyň karary dogrusynda Ýokary Suda şikaýat etdiler we ol olaryň peýdasyna biragyzdan karar kabul etdi. Ýokary Sud töhmet baradaky kanunlaryň «wezipeli adamlaryň özüni alyp barşy barada tankydy pikiriň aňladylmagyna ygtyýar bermek» üçin ulanylyp bilinmejekdigi, şeýle-de tankytçylara olaryň belliklerinde delillendirilen takyklygyň bolmagy barada talaplary bildirmegiň öz-özüňi paş etmeklige getirjekdigi barada karar kabul etdi. Ýokary Sud ýokarda agzalan reklama bildirişini ýerleşdirmek bilen, «Nýu-Ýork Taýms» gazetiniň, ýa-da ruhanylaryň erbet niýet bilen hereket edendikleri dogrusynda subutnama tapmady. ❑



Tehasyň Wekiller palatasynyň kanun çykaryjy guramasynyň Ostindäki Kapitoliýanyň jaýynda geçirýän ýygnagy.



# 7
bap

# KÖP HÖKÜMETLERIŇ ÝURDY

*«Häzirki Konstitusiýa tarapyndan Birleşen Ştatlara degişli däl edilen we peýdalanmasy aýry-aýry ştatlara gadagan edilmedik ygtyýarlyklar hökmany suratda ştatlara ýa-da halka berkidilýär.»*
*– Birleşen Ştatlaryň Konstitusiýasy, 10-njy düzediş, 1789-njy ý.*

Konstitusiýa tarapyndan döredilen federal özbaşdaklyk Amerikanyň hökümet gurluşynyň agalyk edijiliginiň esasy häsiýetidir. Ýöne bu gurluş müňlerçe kiçi birleşmelerden düzülen bir ýygynda, ýagny mozaika meňzeş, olary birleşdirýän bloklar bolsa bilelikde bir bütewiligi, döwleti emele getirýär. Bu döwlet edarasy jemi 50 sany ştat hökümetlerinden we Kolumbiýa federal okrug hökümetinden ybaratdyr. Bulardan başga-da basgançakdan aşakda, ýagny okruglary, uly we kiçi şäherleri hem-de obalary dolandyrýan kiçiräk birleşmeler bar.

Bu hökümet birleşiginiň köpdürlüligine düşünmek üçin Birleşen Ştatlarynyň jemgyýetçilik ösüş tertibine ser salmak zerurdyr. Biziň bilşimiz ýaly, ýaňky federal ulgamy jemgyýetçilik ösüşiň iň soňky ädimidi. Konstitusiýa kabul edilmänkä, bu ýurtda aýry-aýry koloniýalaryň hökümeti hereket edýärdi (soňra olar ştatlar diýlip atlandyryldy). Bulardan öň okrug we has ownuk administratiw dolandyryş hökümetleri bardy. Atlantikanyň kenar ýakasyna göçüp gelen ilkinji iňlisleriň gaýra-goýulmasyz wezipeleriniň biri-de bu ýerde emele gelen kiçi oturymly ýerlerde döwlet dolandyryşy döretmeklik meselesi bolupdyr. Hatda, 1620-nji ýylda zyýaratçylar «Meýflauer» gämiden kenara düşenlerinde olar şol gäminiň otagynda şertnamanyň ýazgysyny döredipdirler. Ol bolsa Amerikanyň Konstitusiýasynyň ilkinji ýazuw görnüşiniň esasydyr. Soňra bolsa, täze milletiň günbatara süýşmegi bilen, her bir serhetli oturymly ýerler öz içerki işlerini dolandyrmak üçin hususy hökümetlerini döredipdirler.

ABŞ-nyň Konstitusiýasyny düzüjiler hökümetiň bu köpgatlakly dolandyryş ulgamyny hiç-hili üýtgewsiz goýupdyrlar. Haçan-da olar döwletiň milli ýokary gurluşyny düzenlerinde parasatlylyk bilen halky hökümet bilen baglaşdyrýan, hem-de olaryň hajatlary, islegleri bilen has içgin gyzyklanýan guramanyň gerekdigini giňden göz ýetiripdirler. Şeýlelik bilen, belli bir wezipeler – goranmak, pul dolanşygynyň ulgamy – daşary ýurtlar bilen aragatnaşyklar diňe merkezleşdirilen hökümet gurluşy tarapyndan dolandyrylmalydyr. Ýöne beýleki käbir wezipeler, ýagny saglygy saklaýyş, bilim ulgamy, ýerli ulag gatnawy ýerli ýurisdiksiýa tarapyndan has oňaýly dolandyrylyp bilner.

## ŞTAT HÖKÜMETI

ABŞ garaşsyz döwlet bolmazyndan öň koloniýa bolup, iňlis monarhiýasy (ýa-da Tagty) tarapyndan dolandyrylypdyr. Respublikanyň ilkinji ýyllarynda Konstitusiýa kabul edilmezinden öň, her bir ştat awtonom bölek hökmünde hereket edýärdi. Konstitusion Konwentiň wekilleri ýokary federal birleşigini döretmek üçin elinden gelenini edipdirler, ýöne olar ştatlaryň hukugyndan gorkupdyrlar.

Umuman aýdylanda, ştatyň içindäki ähli meseleler diňe hökimete degişli bolupdyr. Olar şu aşakdakylary öz içine alýar: hökümetiň içindäki gatnaşyklar, eýeçiligi sazlaşdyrmak, senagat, jemgyýetçilik we telekeçilik amatlylygy, jenaýatçylyk kodeksi we ştatyň çägindäki işçiler gatnaşyklary. Şu aýdylanlaryň esasynda federal hökümeti ştat hökümetiniň demokratik formada bolmagyny we olaryň federal konstitusiýasyna ýa-da kanunyna we Birleşen Ştatlaryň şertna-



Mekdep okuwçylary we ştatyň bilim ulgamy boýunça jogapkär adamlary Kaliforniýanyň gubernatory Greý Dewisiň Kaliforniýanyň tölegsiz döwlet mekdepleriniň okuw şertleriniň gowylandyrylmagy üçin gönükdirilen kanuna gol çekýän pursatyna synlaýarlar.

masyna garşy gelýän ýa-da ony bozýan kanunlary kabul etmeli däldigini talap etdiler. Elbetde, käbir meselelerde ştatlaryň we federal hökümetiň ýurisdiksiýalary özara ylalaşyk ýagdaýynda amala aşyrylýar. Aýratyn hem soňky döwürde federal hökümeti: saglyk, bilim, ulag gatnawy ýaly birnäçe meseleleriň çözgüdini öz üstüne alýar.

Ýöne federal hökümetiniň ýokarda agzalan jogapkärçiligi öz üstüne alan ýagdaýynda, adatça, maksatnamalar iki hökümet derejesinde hem ylalaşyk esasynda amala aşyrylýar. Bu ýagdaýda maksatnama ýokarky derejeli hökümetiň agdyklyk etmeginde ýerine ýetirilýär.

Milli hökümetde bolşy ýaly, ştat hökümeti üç sany şaha bölünýär: kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, sud häkimiýeti. Bu guramalaryň ýerine ýetirýän wezipeleri hem dürli-dürlüdir, ýa-da milli hökümetiňki ýalydyr. Ştatyň ýerine ýetiriji guramasy gubernator tarapyndan dolandyrylýar. Gubernator halk tarapyndan dört ýyl möhlet bilen saýlanylýar (käbir halatlarda iki ýyl möhlet bilen). Nebraska ştatynyň diňe kanun çykaryjy häkimiýeti bar, ýöne beýleki ştatlaryň diňe iki palatadan ybarat bolan kanun çykaryjy häkimiýeti bardyr. Senat – ýokary palata diýlip atlandyrylýar, Aşaky palata bolsa wekilçilik palatasy, delegatlar palatasy, ýa-da Baş Assambleýa diýlip atlandyrylýar. Köp ştatlarda senatorlar dört ýyl möhleti bilen, Aşaky palatanyň agzalary bolsa iki ýyl möhlet bilen saýlanýarlar.

Ştatlaryň konstitusiýalary käbir meselelerde biri-birinden tapawutlanýarlar, ýöne umumy alanyňda, federal konstitusiýanyň nusgasyny eýermek bilen, ol adam hukugynyň we hökümet gurluşynyň häsiýetiniň beýanyny öz içine alýar. Käbir işlerde, ýagny hökümetiň

telekeçilige bolan garaýşy, banklara we jemgyýetçilik amatlyklaryna, ştatlaryň konstitusiýasy federal konstitusiýa garanda köp derejede netijeli we peýdalydyr. Ýöne her bir ştatyň konstitusiýasy netijede häkimligiň halka degişlidigini üpjün edýär. Belli bir düzgünler we garaýyşlar bolsa, hökümetiň esasyny düzýär.

## ULY ŞAHER HÖKÜMETI

ABŞ-da hem öňki döwürde oba ýerleri köp bolupdyr. Häzir bolsa ABŞ ösen döwlet bolup, ilatyň 80% bölegi uly şäherlerde ýa-da şäheriň golaýynda ýaşaýarlar. Bu maglumat esasynda Amerikan hökümet gurluşynda şäher dolandyryş hökümetiniň uly ähmiýeti bar diýip aýdyp bilýäris. Amerikanyň federal ýa-da ştat derejesinde şäher hökümeti kömege mätäç bolan ilata gönüden-göni kömek edýär, polisiýadan we ýangyna garşy gullugyndan başlap arassaçylygy saklaýyş, saglygy goraýyş hyzmatlary sazlaşdyrýar, bilim, jemgyýetçilik ulagy bilen ýaşaýyş jaý gurmak maksatnamalara gözegçilik edýär.

Amerikanyň esasy uly şäherlerinde dolandyrylyş işi adaty däl çylşyrymlydyr. Diňe ilatyň özüni alanymyzda-da Nýu-Ýork şäheriniň 'ilaty 50 ştatyň 41-isinde ýaşaýan ilatynyň sanyndan hem köpdür. Adatça, Nýu-Ýork şäheriniň häkiminiň wezipesi ABŞ-nyň Prezidentiniň wezipesinden soňky iň kyn ýerine ýetiriji wezipe hasaplanylýar.

Uly şäherleriň hökümetleri ştatlar tarapyndan dolandyrylýar we munisipal häkimiýeti onuň maksadyny we wezipesini kesgitleýär. Ýöne käbir ýagdaýlarda şäher halkyň isleglerini kanagatlandyrmakda ştatdan garaşsyzlygy isleýär.



Illinoýs ştatynyň Çikago şäheriniň häkimi Riçard M. Deýliniň Zemin baýramyna bagyşlanan çäresindäki çykyşy, 1999-njy ýyl.

Örän uly şäher hökümetiniň federal guramalary bilen aragatnaşyk saklamaklygy iki topar üçin-de örän ähmiýetlidir.

Şäher hökümetiniň görnüşi dürli-dürlüdir. Ýöne hemme ştatlarda diýen ýaly şol bir saýlawçylar tarapyndan saýlanýan we ýerine ýetiriji wezipeli adama şäheriň işini dolandyrmak üçin dürli departament ýolbaşçylary tarapyndan kömek edilýär.

Şäher hökümetiniň esasy üç görnüşi tapawutlandyrylýar: Mer (häkim) geňeşi, barlagçylar we şäher ýolbaşçylary.

Mer (häkim) geňesi: bu ABŞ-nyň şäher hökümetiniň iň köne görnüşi bolup, XX-nji asyryň başyna çenli Amerikanyň ähli şäherlerinde ulanylypdyr. Onuň gurluşy ştatyň we milli hökümetiň gurluşyna meňzeşdir. Meselem, şäher hökümetiniň ýerine ýetiriji hökümetiniň baştutany hökmünde häkimiň saýlawy we kanun çykaryjy hökümetiniň wekilçilik maslahatynyň saýlawy we ş.m. Kä halatlarda häkim şäher bölümlerine baştutany we beýleki ýerine ýetirijileri maslahatyň goldamagy bilen belleýär.

Onuň şäher kanunlaryny yzyna gaýtarmaga hukugy bar, şäher býujetini taýýarlamaga borçludyr. Geňeş munisipal gurama hökmünde karar kabul edýär, emläge kesilen salgyt bahasyny kesgitleýär, aýry-aýry şäher bölümleriň arasynda pul serişdesini bölýär.

Barlagçylar: Olar şäher tarapyndan saýlanan üç ýa-da ondanam köp adam bolup, wezipe toparyny düzüp, kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji wezipeleri amal edýän güýçleri özünde jemleýär. Barlagçylaryň her bir agzasy bir ýa-da birnäçe şäher bölümleriniň işlerine gözegçilik edýär. Şol agzalaryň biri guramanyň ýolbaşçysy hasap edilýär, ol köplenç mer diýlip atlandyrylýar. Ýöne onuň beýleki agzalardan üýtgeşik ygtyýarlygy ýokdur.

Şäher dolandyryjy ýolbaşçylar: Şäher dolandyryjysynyň wezipesi şäher meseleleriniň günsaýyn çylşyrymlaşmagy sebäpli ýüze çykdy. Şol meseleleri çözmek üçin bolsa, elbetde, ýiti düşünje gerekdi. Ol bolsa köpçülik tarapyndan saýlanan wezipeli adamlarda ýetmezçilik edýärdi. Şu göze ilip duran ýetmezçiligi ortadan aýyrmak üçin ýerine ýetirijilik ygtyýarlyklaryň agramly bölegini oňat taýýarlygy bolan tejribeli adamlara tabşyrmak kararyna gelinýär. Şol adamyny hem şäheri dolandyryjy ýolbaşçy edip belleýärler.

Şäher dolandyryjy düzgüni indi köp şäherlerde ulanylýar. Bu düzgüne laýyklykda, saýlanylan uly bolmadyk geňeş munisipal guramanyň görkezmesini çap edýär we şäheriň syýasatyny kesgitleýär. Ýöne şonuň bilen birlikde tölegli administrator işe kabul edilýär, onuň ady hem şäheriň dolandyryjysy diýlip tutulýar. Emma ol kabul edilen kararlary ýerine ýetirýär. Şol dolandyryjy hem şaheriň býujetini düzýär, käbir şäher bölümleriň işlerine gözegçilik edýär. Köp halatlarda dolandyryjynyň öz wezipesinde näçe möhletläp durjagy kesgitlenilmeýär. Ol (erkek ýa-da aýal) öz weipesinde geňeşiň çykaran kararyna laýyklykda işleýär (ol ýa gowy işläpdir ýa-da ynamy ödemändir).

## OKRUG HÖKÜMETI

Okrug ştatyň bölümlerinden bolup, ol aslyýetinde, hemme wagt bolmasa-da, öz çäginde iki ýa-da üç şäher tipli şäherçäni, bir näçe obalary özünde jemleýär. Nýu-Ýork şäheri şeýle bir äpet welin, ol bäş sany aýratyn şäher etraplaryna bölünýär, olaryň her biri özbaşdak okrugy emele getirýär: Bronks, Manhetten, Bruklin, Kwins, Steýtend-Aýlend. Beýleki tarapdan bolsa, Kolumbiýa federal okrugynyň Waşington şäherinden Potomak derýasy arkaly bölünen Wirjiniýa ştatynyň Arlington okrugy şol bir wagtyň özünde bütewi okrug administratiýasy tarapyndan dolandyrylýan ilatly şäher etegindäki sebitdir.

ABŞ-nyň köp okruglarynda bir kiçi ýa-da uly şäher okrug merkeziniň wezipesini ýerine ýetirýär. Ol ýerde hökümet edaralary ýerleşýär we häli-şindi ygtyýarlyklaryň geňeşi we okrugyň beýleki wekilleri öz maslahatlaryna ýygnanýarlar. Kiçiräk okruglarda geňeş bütin okrug tarapyndan saýlanylýar. Uly okruglarda olaryň ýolbaşçylygynyň agzalary aýry-aýry etraplara ýa-da şäher tipli şäherçelere wekilçilik edýärler. Geňeşler salgyt ýygnaýarlar, pul serişdelerini tapyp, olary paýlaýarlar, saýlawlaryň ge-

çişine gözegçilik edýärler, ýol, köpri gurluşyklaryny amala aşyrýarlar, olary oňat ýagdaýda saklamagyň aladasyny edýärler, durmuşy kömekleriň milli meýilnamalaryny durmuşa geçirmekde ýolbaşçylyk edýärler, şu zeýilli ştat we okrug meýilnamalaryny işläp düzýärler.

## KIÇIRÄK ŞÄHERIŇ ÝA-DA OBANYŇ HÖKÜMETI

Hukuk işlerini dolandyrýan müňlerçe işgärler uly şäheriň hökümeti bilen iş salyşmakda asgyn gelýärler. Şeýle şäherler kiçiräk şäher we oba diýlip kesgitlenilýär we olar şular ýaly ýerli islegleri: köçeleri ýagtylandyrmak, suw bilen üpjün etmek, polisiýanyň işini ýola goýmak, ýangyna garşy göreş toparyny döretmek, medisina kömegini bermegiň düzgünlerini tassyklamak, zir-zibilleri aýyrmak, ýata suwlary we beýleki galyndylary aýyrmak, hökümetiň işini goldamak maksady bilen salgyt ýygnamak, ştat we okrug bilen bilelikde mekdep ulgamlaryny dolandyrmak işlerine gatnaşmak ýaly wezipeleri amala aşyrýar.

Dolandyryş işi umuman saýlanylan komitete ýa-da geňeşe tabşyrylýar, olaryň bolsa her-hili atlary bar: şäher ýa-da oba geňeşi, saýlanan wekilleriň komiteti, inspektorlaryň komiteti we ygtyýarlyklaryň wekilleriň geňeşi, komitetiň başlygy bolýar. Olar baş wezipäni ýerine ýetirýärler, ýa bolmasa bu iş bilen saýlanan mer hem meşgullanyp bilýär. Şeýle hökümetiň gullukçylar hataryna iş dolandyryjylar, hasapçy, poliseýler, ýangyn söndürijiler we saglygy goraýyş we durmuşy edaralarynyň işgärleri girýär.



Wermont ştatynyň Weýbrij şäheriniň senatory Elizabet Rediniň şäher ýygnanyşygyndaky çykyşy.

Ýerli hökümetiň işiniň iň bir üýtgeşik aýratynlygy, Birleşen Ştatlaryň sebiti bolan Täze Angliýa şäheri «şäher ýygnanyşygy» bolup hyzmat edýär. Ýylda bir gezek, käwagtlar bolsa ondan hem köp, eger ýagdaýlar oňa sebäp bolýan bolsa, hasaba alnan saýlawçylar üçin ýygnanyşyga üýşýärler, şonuň bilen bilikde ýerli meseleleri maslahatlaşýarlar, ýerli häkimiýetiň işini ugrukdyrýan kanunlary kabul edýärler. Şol ýygnanyşykda olar ýollaryň gurluşygy we olary rejelemek barada, jemgyýetçilik jaýlaryny we edaralaryny gurmak boýunça, salgyt tölegleri we şäheriň býujeti barada bilelikdäki kararlary kabul edýärler. Şäher ýygnanyşygy iki ýüz ýyllap dowam edip, ony köplenç iň bir arassa demokratiýanyň görnüşi hasap edýärler. Çüňki, onda döwlet häkimiýeti kesekiniň eline berilmän, ol halk tarapyndan dolandyrylýar.

## BEÝLEKI ÝERLI HÖKÜMETLER

Federal hökümetler, ştatlaryň hökümetleri, ýerli hökümetler hiç haçan ähli amerikan hökümetleriniň birliginiň üs-

tüni ýapyp bilmeýär. ABŞ-nyň ilat ýazuwy býurosy (söwda ministrliginiň hataryna girýär) ABŞ-nyň ýerli dolandyryşynyň 84 995 birligini anyklady. Oňa okruglar, munisipalitetler, şäher tipli şäherçeler, mekdep okruglary we aýratyn etraplar girýärler.

Dürli häsiýetdäki işleri ýerine ýetirmek üçin amerikanlar öz hökümetine bil baglamany endik edipdirler. Respublika ýaňy bir döredilende ähli işleri halk özbaşdak ýerine ýetirýärdi. Kolonial döwürleri, hatda uly şäherlerde-de, az sanly poliseýler, ýa-da ýangyn söndürijiler bardy. Häkimiýet guramalary köçelerde çyralary dikmeýärdiler, syr-süpür edýänler hem şol ýerlerde işlemeýärdiler. Köp halatlarda adamlaryň özleri öz emläklerini goraýardylar, öz maşgalalary barada özleri alada edýärdiler.

Häzirki wagtda ýokarda agzalan wezipeler jemgyýetiň hökmany borçlary diýip hasap edilýär. Jemgyýet bolsa, elbetde, bu işleri döwlet häkimiýetiniň üsti bilen ýerine ýetirýär. Hatda kiçijik şäherlerde-de ýerli häkimiýet polisiýany, ýangyny söndürijini, durmuşy gullugyň we medisina edarasynyň işgärlerini iş bilen üpjün edýär. Mümkin, şonuň üçin hem ýurisdiksiýanyň haýran ediji köplüginiň döremegi şu sebäplidir. ❑



Ýangyna garşy göreşijileriň Pensilwaniýa ştatynyň Montgomeriwille şäheriniň üç sany şäher jaýyndaky ýangyny söndürýän pursaty. Birleşen Ştatlarda ýangyna garşy howpsuzlyk gullugyna ýerli häkimiýet jogapkärlidir.



Los Anjelesde saýlawçylaryň hasaba alnyşy. Kaliforniýa ştaty




# 8
bap

## HALK HÖKÜMETI

# RAÝATYŇ WEZIPESI

*«Raýatyň hut özi hökümetiň ýalňyşmazlygy üçin elinden gelenini etmäge borçludyr».*
*– Robert H. Jekson,*
*ABŞ-nyň Yokary sudunýň agzasy. Daudsa garşy Amerikan aragatnaşyk assosiasiýasy, 1950*

1787-nji ýylda ABŞ-nyň Konstitusiýasynyň işlenip düzülmegi bilen Amerikan döwletini Esaslandyryjylar döwlet häkimietini dolandyrmagyň täze ulgamyny döredýärler. Şol wagt onuň esasy ýörelgesi rewolýusion häsiýetde bolup, ýönekeý we düşnükli hasaplanylypdyr. Döwleti dolandyrmak wezipesi nesilden-nesle geçmeýär ýa-da ýaragyň güýji bilen basylyp alynmaýar, diňe halk tarapyndan amala aşyrylýar. Halk bu wezipä Birleşen Ştatlarynyň raýatlarynyň gatnaşmagyndaky erkin we açyk saýlawlaryň üsti bilen eýe bolýar. Kagyz ýüzünde bu oýlanyşykly işlenen we doly ýerine ýetirip boljak düzgün bolsa-da, hakyky işde ol hakykatdan örän daşda. Ilki başda gowşak saýlawçylaryň hukuklary baradaky meselede birnäçe kynçylyklar döreýär. Mysal üçin, kime saýlaw hukugy berilýär, we kime berilmeýär.

Esaslandyryjylar – şübhesiz öz döwrüniň beýik adamlary bolupdyrlar. Olar diňe jemgyýetiň ösmegine uly goşant goşan adamlar döwleti dolandyrmak üçin saýlanýan şahsyň saýlawynda sesleriniň bolmalydygyny belläp geçýärler. Olar döwlet häkimiýeti hususy eýeçiligi we şahsy azatlygy goramak üçin gurnalýar diýip pikir edipdirler. Kim häkimiýetiň wekillerini saýlaýan bolsalar şol adamlaryň öz eýeçiligi we şahsy azatlygy bolmaly.

Şol wagtlar diňe eýeçiligi bar bolan protestant erkek adamlaryň ses bermäge hukugy bar diýip bellenilipdir. Aýallaryň, garyplaryň, şertnama boýunça işleýän hyzmatkärleriň, katolikleriň, jöhitleriň, afrikaly gullaryň, Amerikanyň ýerli milletiniň ses bermäge hukugy ýok. «Aýallara kimdir birine garaşly bolmaklyk mahsusdyr, şonuň üçin olar gullara ýa-da hyzmatkärlere meňzeýärler», diýip taryhçy Maýkl Şadson ýazypdyr. Diňe öz durmuşy öz elinde bolýan adamlara raýat hukugy berlipdir. Şu çäklendirme sebäpli täze ABŞ-nyň ilatynyň diňe 6% 1789-nji ýylda Jorj Woşingtony ABŞ-nyň birinji prezidenti edip saýlapdyr.

Muňa seretmezden täze amerikanlar iňlis korollygynyň baýlaryndan we dworýanlaryndan dynandyklary sebäpli buýsanýardylar, emma «garyp» adamlar ikibaşdan «hojaýyna» boýun bolmaklygy dowam edýärdiler. Şonuň üçin baý adamlar we aristokrat maşgalalar bilen gatnaşykdaky adamlar köplenç syýasy wezipä hiç hili kynçylyksyz geçýärdiler, emma munuň ýaly ýagdaý uzaga çekmedi. Demokratiýa diýen düşünje gaty berk bolupdyr, ýagny baý bolmadyk adamlar baýlar bilen gatnawy bolmadyk-da bolsa, olar özlerine jemgyýetiň işine gatnaşmak üçin mümkinçilik berilmelidigini aňyna ýetiripdirler.

## SAÝLAW HUKUGYNYŇ GIŇELDILMEGI

XIX asyryň dowamynda ABŞ-nyň syýasy durmuşy haýal, emma özüniň ynamy bilen ähli zady öz içine alýan häsiýete eýe bolýar. Köne iş tejribesi öz möwritini geçiripdi. Ozal syýasatdan üzňe toparlar indi syýasy işlere işeňňir gatnaşýardylar. Saýlawçylaryň hukugy indi köpçülige degişli bolup durýardy. Ilki başdan saýlaw hukugynyň dini we eýeçilik çäklendirmelerini ortadan aýrypdyrlar. Bu bolsa asyryň ortasynda köp ilatyň saýlawlara gatnaşmak hukugyna eýe bolmagyna getiripdi.



Aýal saýlawçylaryň ligasy tarapyndan çap edilen plakat aýallary 1920-nji ýylda Konstitusiýa girizilen on dokuzynjy düzedişdäki ses bermek hukugyndan peýdalanmaga çagyrýar.

Ondan soň haçanda gulçulyk meselesi Raýatlyk urşunyň döremegine sebäp bolanda (1861-1865) ABŞ-nyň Konstitusiýasyna girizilen üç sany düzediş Amerikan demokratiýasynyň göwrümini we häsiýetini düýpli özgertdi. 13-nji düzediş 1865-nji ýylda tassyklanyp, ol gulçulygyň soňuna çykdý. 1868-nji ýylda tassyklanan 14-nji düzediş ABŞ-da doglanlaryň we şol ýerde ýaşaýanlaryň, şol döwletiň raýaty bolup we şol ştatyň, olar nirede ýaşaýan bolsa we federal häkimiýetiniň olaryň ýaşaýyş hukugyny, azatlygyny we deň howpsuzlygy döwlet kanuny tarapyndan üpjün edýändigi hakynda bolupdyr. 1870-nji ýylda 15-nji düzediş tassyklanyp, onda federal hökümetine ýa-da ştat hökümetine güýçli saýlawçyny jynsy boýunça, teniniň reňki boýunça ozal gulçulykda bolanlaryň kemsitmelere sezewar etmegi gadagan edilýändigi nygtalýar.

Ývokarda sanalan aýratynlyklaryň içinde näme üçindir «jyns» sözüniň ähmiýeti barada aýdylanok. Şonuň üçin aýallaryň saýlamaga hukugy bolmandyr. Saýlaw hukugynyň giňeldilmegi onuň öňki gullara ýaýradylmak ýoly bilen täze durmuşy dikeldýär, we aýallara saýlaw hukugy berilýär. Olar bu göreşde doly ýeňişi 1920-nji ýylda gazanýarlar. Şol wagtda 19-njy düzedişde saýlaw hukugy «jynsy boýunça» gadagan edilmeli däldir diýlen karar girizilýär.

Täleýiň oýny bilen birden ýagdaýlar tersine boldy duruberdi. Indi aýallaryň saýlawa gatnaşmaga mümkinçiligi boldy, emma garaýagyz amerikanlara saýlawa gatnaşmak bolmaýardý. XIX asyryň 90-njy ýyllaryndan başlap günorta ştatlaryň akýagyz ilaty afro-amerikanlary döwletiň syýasy durmuşyna gatnaşmakdan doly çetleşdirdiler. Aýratyn hem olar saýlawlara gezek galanda şeýle etdiler, ses berilmegiň mehanizminiň kömegi bilen köpsanly akýagyzlar ýagdaýy kadalaşdyrýan sowatlylyk baradaky maddanyň kabul edilmegini gazandylar. Bu madda laýyklykda 1868-nji ýyla çenli raýatlaryň ata-enesi saýlawlara gatnaşmadyk bolsalar, olar öz sowatlyklaryryny barlatmalydyrlar. Ýokarda agzalan maksada başga-da çäreler, ýagny saýlawçylaryň adam başyna salgyt salmak, olaryň janyna howp salmak ýaly

*Dowamy 112-nji sahypada*

# SYÝASY PARTIÝALAR

*Amerikany esaslandyryjy adamlaryň köpüsi syýasy partiýalary we göreşiji fraksiýalaryň (akymlaryň) peýda bolmagy barada pikirlenmegi hem ýigrenipdirler. Sebäbi partiýalaryň döremegi bilen olar halkyň bähbidi üçin aladalanman, partiýalaryň we fraksiýalaryň arasyndaky göreşlere bar ünsüni bermeginden gorkupdyrlar. Esaslandyryjy adamlar aýry-aýry adamlara her bir kandidatyň saýlawynda ýörite döredilen toparyň päsgel bermezinden ses bermeklerini isläpdirler, emma bu beýle bolmandyr.*

*XVIII asyryň 90-njy ýyllarynda döwletiň täze görnüşi baradaky garaýyşlar döräp ugraýar we garşylykly pikirdäki adamlar birleşmeleriň netijesinde öz teklipleriniň kabul edilmegini isläpdirler. Aleksandr Gamiltonyň tarapdarlary özlerini federalist diýip atlandyrypdyrlar. Olar senagaty we söwdany goldaýan merkezi häkimiýetiň döredilmegi ugrunda çykyş edipdirler. Tomas Jeffersonyň tarapdarlary bolsa, demokrat-respublikan bolup, olar federal häkimiýetiniň çäklendirilen häsiýetde bolan merkezleşdirilmedik agrar respublikasynyň bolmagyny isläpdirler. 1828-nji ýylda federalistler bäsleşlikden cykýarlar. Olaryň deregine syýasy arenada, şol ýylda geçirilen Prezident Endrýu Jeksonyň saýlawyna garşy çykyş eden Wigiler peýda bolýar. Demokrat-respublikanlar demokrat bolup, şeýlelikde iki partiýaly ulgam döreýär we şondan bäri dowam edýär.*

*XVIII asyryň 50-nji ýyllarynda syýasy göreşiň esasy bolup, gulçulyk baradaky mesele durýar. Esasanam, döwletiň Günbataryndaky täze ýerlerde gullaryň ýaşamagy baradaky meselelerde garşylyklar döreýär. Bu meselede Wigiler partiýasy iki häsiýetli orny alyp barýar we ol hem bu partiýanyň ýok bolmagyna getirýär. Ýöne olaryň ýerine «döwletiň bütin çäginde gulçulygyň soňuna çykmaly» diýen şygara daýanýan Respublikan partiýasy gelýär. 1854-nji ýylda bu partiýa prezident häkimiýetine eýe bolýar. Bu döwre çenli partiýa döwletiň syýasy arenasynda önde baryjy syýasy gurama hökmünde özüni görkezýär. Partiýa bolan wepalylyk atadan ogla geçipdir we partiýa işleri, şol sanda uly ýygnanyşyklara partiýanyň agzalarynyň eşiklerini geýip dabaraly ýörişlere gatnaşmaklyk birnäçe obşinalaryň jemgyýetçilik durmuşynyň aýrylmaz bölegi bolup durupdyr. XX asyryň 20-nji ýyllarynda bu partiýa birleşmesi öz güýjüni ýitirip ugraýar. Munisipal reformalaryň, döwlet gullugy baradaky reformalar şeýle hem parahorlyk bilen göreşmek baradaky kanunlaryň saýlawdaky kandidatlaryň sese goýulmasy, milli gurultaýdaky syýastaçylaryň çalşygy, syýasy ulgamyň üýtgemegine getirip we şol sanda Respublikan partiýasynyň abraýyny gaçyryp ugraýar, işe has çynlakaý çemeleşmelidigini görkezýär Bu bolsa partiýany öňki ýaly şowhunly bolmakdan saklaýar.*

*Ýogsa-da, näme üçin döwletde iki sany täsirli syýasy partiýa hereket edýär? Amerikada wezipeli adamlaryň hemmesi diýen ýaly aýry-aýry saýlaw okruglaryndan saýlanyp we wezipesine öz bäsdeşlerini ýeňmegi bilen geçýärler. Bu bolsa, her bir ýeňiji öz garşydaşyndan köp sese eýe bolandygyny görkezýär we şu ulgamda hiç hili deň ölçegli hasabyň bolmaýandygyny görkezýär. Şeýle ulgam döwletde iki bäsdeş partiýanyň monopoliýasynyň bolmagyny tassyklaýar, ýagny bir partiýa häkimiýetde galýar, beýlekisi bolsa işsiz galýar. Bu bolsa, iki syýasy partiýalaryň biri-birine bäsdeş bolmagyna getirýär. Häkimiýete eýe bolup bilmedik partiýa öz güýjüni birikdirýär we olaryň geljekki saýlawlarda ýeňmek mümkinçiligi artýar.*

*Käwagt partiýalar arasyndaky göreşe 3-nji partiýa hem goşulýar. Ol partiýa wagtlaýynça saýlawçylaryň belli bir bölegini özüne çekmeklik başardýar. Soňky ýyllarda Genri Ross Peronyň baştutanlygyndaky «Reformalar» partiýasy üstünlik gazanýar. Bu partiýa 1992-nji we 1996-njy ýyllarda bolup geçen Prezident saýlawlarynda özüni tanatdy. «Reformalar» Partiýasynyň birinji kandidaty Jessi Wentura 1998-nji ýylda Minnesotanyň häkimligine saýlanýar. Üçünji partiýalar köplenç özüniň ýaşamagy ugrunda göreş alyp barmaly bolýarlar. Sebäbi şol iki partiýalaryň haýsam bolsa biriniň teklip eden möhüm meselelerini öz saýlaw maksatnamasyna goşýar. Şeýle usul bolsa ol partiýanyň tarapdarlarynyň sanyny köpeldýär. Käwagt olaryň sesinden hem peýdalanýarlar.*

*Amerikan professory, syýasatçy Nelson U. Polsbi «Federalistiň konstitusiýasyny goramak baradaky bellikler» diýen kitabynda «Amerikanyň ähli döwlet derejesindäki wezipeli adamlar demokratlardyr respublikanlaryň goldawyndan peýdalanýarlar» – diýip belleýär. Demokratlar we respublikanlar hemme ýerde bir däldir. Olary käwagt zordan tapawutlandyryp bolýar, käte bolsa olaryň 50 ştatyň hemmesinde-de birden gözüňe dürtülýän tapawutlyklary bardyr: ýagny hersi öz syýasy medeniýetini ýöredýär we şonuň esasynda-da demokrat ýa-da respublikandygyny bilmek bolýar. Bu aýratynlyklar dogrudan hem adalatly pikiri öňe sürýär, ýagny Amerikanyň iki partiýaly ulgamynyň aňyrsynda 100 partiýaly ulgama meňzeşlik bardyr.*

*109-nji sahypaň dowamy*



Şu suratda (1867-nji ýyl) Kolumbiýa federal okrugynyň Waşingtondaky saýlaw bölümi suratlandyrylypdyr. Onda afro-amerikan raýatlary munisipal saýlawlara ses berýärler. Stolyň başynda oturan afro-amerikan sudýasy saýlawlaryň geçişine gözegçilik edýär.

düzgünler XX asyra çenli dowam edipdir. XX asyryň 50-nji ýyllaryndan başlap raýat hukuklary üçin hereketler 1965-nji ýylda Konstitusiýa saýlaw döwründe adalatsyzlygy aradan aýyrýan kanunlar barada düzediş girizilýär. Ýustisiýa ministrligi federal kanun saýlawlaryň gowy geçirilmegi we günorta ştatlarda saýlaw taýýarlygyny we geçirilmegini gözegçilik etmäge bellenilýär. 24-nji düzediş 1964-nji ýylda tassyklanyp, ol saýlawçylardan adam başyna salgyt alynmagy bes etdi. Käbir ştatlarda afro-amerikanlaryň we garyplaryň saýlawlara gatnaşmak üçin çaklendirmeleri aradan aýyrmak üçin ulanylan çäreleri ýok edildi.

Iň soňky düzedişi Konstitusiýa saýlaw hukugyny giňeltmek üçin girizildi. XX asyryň 60-70-nji ýyllarynda ABŞ-nyň Wýetnam urşuna gatnaşmagy täze pikir berdi. Bu pikir öz watanynyň bähbitlerini goramak üçin ellerine ýarag alýan adamlaryň ses bermäge hukugy bolmagyna getirdi. 26-njy düzediş 1971-nji ýylda tassyklanyp, ol saýlawlarda ses bermäge gatnaşýanlaryň 21 ýaşdan 18 ýaşa çenli peseltdi. Şu wagt ABŞ-nyň uly raýatlary şol ýerde doglanlaryň 18 ýaşdan başlap saýlawlarda ses bermäge hukugy bar. Indi ses bermäge hukuklaryň çäklendirmeleri diňe birnäçe howply jenaýat edenlere we resmi taýdan näsag adamlara degişlidir.

## GÖNÜMEL DEMOKRATIÝA

Biziň döwrümizde syýasy durmuşda saýlawlar bilen bagly esasy soraglaryň biri kime saýlaw hukugy berilmekde dälde, eýsem şu hukugy bar bolan adamyň nähili saýlaw işlerine ýetişişinden ybaratdyr. Prezident saýlawlary hakynda gürrüň etseň, olara diňe saýlawçylaryň ýarysy gatnaşýarlar. 1876-njy ýylyň saýlawlaryna ABŞ-nyň taryhynda iň köp saýlawçylaryň sany 81,8 % boldy. 1880-nji we 1890-njy ýyllar içinde 80 % golaýlady. Soň bolsa bu görkeziji pese düşüp başlady. 1924-nji ýylda 48,9 % çenli düşdi. Demokratik partiýanyň «täze ugruň ylalaşygy» XX asyryň 30-njy ýyllarynda durgunlyk döwründe döwletde saýlawa bolan gyzyklanma döretdi. Ýöne ýene-de 1968-njy ýyldan başlap, 1996-njy ýylda saýlawçylaryň sany 49,1 % düşdi.

Ilatyň köp böleginiň saýlawlara gatnaşmaýanlygy birnäçe adamlary alada goýýar. «Häzirki wagtda jemgyýetçilik pikiri öwrenijileriň we syýasy synçylaryň aýtmaklaryna görä, Amerikanyň saýlaw ulgamynda nählilidir bir näsazlygyň bolup geçýändigi barada pikir döreýär» diýip, syýasaty öwreniji A. Jeýms Riçli özüniň «Amerikan saýlawlary» diýen kitabynda ýazýar. Käbirleri bolsa, bu ýagdaý erbet däl diýip ynanýarlar we reformalaryň kömegi bilen düzetmek mümkin diýip hasaplaýarlar, beýlekiler bolsa, bu «syrkawçylyk» erbetleşdi we sýýasy nukdaýnazardan oňa «hirurgiýanyň» goşulmagyny, umuman jemgyýetçilik gurluşynda düýpli özgerişlikleri talap edýärler. Ýokarda agzalyp geçilen ýagdaý saýlaw kampaniýalaryna uly çykdajynyň çykmagyny, olaryň çenden aşa uzaga çekdirilmegini, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriň jemgyýetde kandidatlar barada dürli pikirleri döretmek ukybyny, «esasy bähbitleri» yzarlaýan toparlaryň täsirini, prezidentlik wezipesine hödürlenýän kandidatlara we prezident saýlawlaryna bolan närazylyklary öz içine alýar.

Köp synçylaryň aýtmagyna görä, ABS-nyň saýlaw ulgamy demokratiýanyň has gönümel we wekilçiliginiň pesräk bolmagyna mätäçdir. Mysal üçin, şäher dolandyryş edarasynda geçirilýän we telewideniýe boýunça görkezilýän ýygnaklarda saýlawçylaryň saýlanan wezipeli adamlar, syýasy partiýalardan bolan kandidatlar bilen pikir alyşmaklygy adamlaryň wekilçilik hukugynyň güýçlenmegine getirdi. Ol ýa-da beýleki meseleler boýunça referendumlary geçirmek we wezipeli adamlary saýlamak üçin ses bermeklik barada pikirleri öňe sürmek tejribesi çalt ösýär. Takyk mehanizmler ştata baglylykda üýtgeýär, ýöne umuman aýdylanda, pikirler saýlawçylara öz ştatlarynyň kanun çykaryjy guramalarynyň hödür edilýän kanuny girizmeklik üçin ilatyň gollarynyň ýygnalmagy esasynda, beýleki ştatlarda bolsa Konstitusiýa düzediş girizmeklik bilen üýtgedýärler. Referendumlarda belli kanunlaryň görnüşleri, mysal üçin, kanun çykaryjy aktlar, obligasiýalaryň çykarmak ýoly bilen pul ýygnamak ýaly talaplar öne sürülýär. Saýlawçylar ştat kanun çykaryjy guramalar bilen kabul edilen kanunlary aýyrmak üçin referendumlary ulanup bilýärler, ýa-da, olar gaýtadan saýlaw geçirmäge, ýagny saýlanan wekilleriň möhletinden öň wezipesinden aýyrmak üçin hereket edip bilýärler.

Häzirki wagtda kanun çykaryjy gurama kanunlaryň taslamasyny bermeklik hukugy döwletiň günbatarynda, esasanda 24 ştatda giňden ulanylýar. Saýlawçylar bu hukuklary Origonada 300 gezekden gowrak, Kaliforniýada 250 gezekden hem köpräk, we Koloradoda 200 gezege golaý ulandylar. Dürli ştalardaky saýlawlarda hünärleriň we işleriň sazlandyryşyny we temmäkiniň garşysyna göreş barada kanuny, ulag ätiýaçlygynyň tölegini, abort hukugyny, humarly oýunlaryň kanuny bolmagyny, morehuanany medisinada ulanmagy, ýadro energiýasyny peýdalanmagy we ot açýan ýaraglara gözegçilik etmegi öz içine alýan her hili meseleler ýüze çykypdy.



«Ynsanýete hemaýat» guramasynyň meýletiňçileri Tehas ştatynyň Hýuston şäherinde jaý gurýarlar. Bu gurama ABŞ-daky meýletinçiler guramalarynyň biri bolup, özlerinden goýum goýup, jemgyýet we etraplaryň jaý şertlerini gowulandyrýarlar.

**RAÝATLYGYŇ BORÇLARY**

ABŞ-nyň raýatlaryna berilýän köp sanly hukuklary olar örän aýap saklaýarlar, ýagny pikir azatlygy, öz pikirlerini beýan etmek, özbaşdak ýa-da köpçülikleýin saýlanan wekiller bilen duşuşmak, hudaýa ynanmak ýa-da unanmazlyk azatlygy, sebäpsis yzarlanmalardan goranmak, sebäpsiz şahsy işleriniň, öýleriniň gözastynda bolmaklygyndan goraýan hukuklardan peýdalanyp bilýärler. Şonuň ýaly hem, hukuklar bilen bir hatarda olaryň öz jogapkärçilikleri, ýagny borçlary-da bar: kanuna boýun bolmak, salgyt töleglerini tölemek, çagyrylan ýagdaýda oturdaşlar suduna gatnaşmaklyk,

kandidatlar we ýüze çykýan käbir meseleler barada gyzyklanmak, eger öňki saýlanan wekilleriň eden-etdilikleri bar bolsa, olary aradan aýyrmak üçin saýlawlara gatnaşmak ýaly borçlardyr.

Raýatlaryň ýene bir wajyp borçlarynyň biri-de jemgyýete gulluk etmek. Haçan-da ýurt howp astynda galanda millionlarça amerikan erkekleri we aýallary ýaragly güýçleriň hataryna goşulyp, öz Watanyny goraýarlar. Öz ýurdunyň harby güýjüni berkitmek maksady bilen, millionlarça amerikan raýatlary harby gullukda parahat durmuşda-da gulluk edýärler. Ýaş we gartaşan amerkanlar Parahatçylyk Korpusyna goşulýarlar, beýleki meýletin guramalaryň işlerine gatnaşýarlar.Olar bu işleri öz ýurtlarynda we daşary ýurtlarda durmuşy hyzmatlary amala aşyrmak maksady bilen ýerine ýetirýärler.

Raýatlaryň iň esasy borçlarynyň biri hem syýasy işlere gatnaşmak bolup durýar. «Demokratiýianyň tarapdarlary raýatlaryň gatnaşmagynda öz etraplarynda we iş ýerlerinde meseleleri çözmeklige gatnaşmagynyň adamlaryň hökümetde öz wezipelerine gowy düşunmäge, öz jogapkärciliklerine düşünmäge, uly bir döwlet bilen bir jemgyýet guruşmaga uly ähmiýeti bar diýip tassyklaýarlar» diýip syýasat ylymlarynyň professory Kreýg Rimmerman özüniň «Täze raýatlyk» diýen kitabynda agzap geçýär. Mysal üçin, etraplaryň ýaşaýjylarynyň ýygnaklary biri-biriniň mätäçliklerini we isleglerini bilmek üçin gereklidir. Şol ýygnaklarda çykyş edýän adam diňe bir öz isleg-arzuwlaryny beýäň etmek üçin däl-de, eýsem beýleki raýatlaryň bähbitlerini araýan we galyberse-de, dawalary çözýän araçy hökmünde gatnaşýar.

Aýowa ştaty tarapyndan ABŞ-nyň Senatory Tom Harkin öň raýat hukugy üçin göreşe gatnaşan aktiwistler, Wýetnam urşyna garşy çykyş edenler we daş töweregi goramak hereketiniň gatnaşyjysy şu gün öz goňşularyna-da täsir etmek bilen, öz öýüniň daşyna üns berýär, goňşularyna ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak barada aýdýar, kommunal gulluklaryň tölegini peseltmek, salgyt töleglerini azaltmak, çäkleredäki zäherli galyndylary arassalamagy talap edýär. Raýat hökmünde çykyş edip «boýun egmäň, gynanmaň, akylyňyzy ýitirmäň, birleşiň we garşylyk görkeziň» diýen pikir bilen ýaşamak bilen, olar töwerekdaşyndaky adamlara öwüt berýärler- diýip belläp geçýär.

### HYÝALY BILELEŞIK

Käbir aladaçyl amerikan saýlawçylary özleriniň işjeň ýagdaýlaryny saklamak üçin öz saýlan wezipeli adamlary bilen aýratyn hem prezident bilen, şonuň bilen birlik-de öz saýlan senatorlary we Wekiller Palatasynyň agzalary bilen aragatnaşyk saklaýarlar. Waşingtonda, ýa-da öz dogduk ştatlarydyr okruglarynda bolsalar-da, saýlawçylar saýlananlara hat ýazýarlar, telegramma iberýärler, jaň edýärler, hatda olaryň iş otaglaryna hem barýarlar. Emma, soňky ýyllaryň içinde durmuşda aragatnaşyk saklamak üçin we saýlawçylara dünýäde näme bolup geçýändigi we bolup geçýän wakalar barada öz pikiriňi aýtmak we näsazlyklary üýtgetmek üçin syýasy arenada täze serişde ýüze çykdy. Bu serişde Internet, ýagny Bütindünýä kompýuter merkezi

ýa-da Ýokary habar beriş ulgamydyr. Bu nähili atlandyrylan hem bolsa, bu serişde Amerikanyň syýasy durmuşyny basym üýtgedýär.





«EnviroLink we Neighborhoods Online» – Internetdäki Bütindünýä kompýuter setindäki iki sany saýt ABŞ-daky we dünýäniň ähli künjeklerindäki umumy gyzyklanmalary bar bolan adamlary birleşdirýändir.

Internet «köpçülikleýin hereketiň güýçli ýaragy bolup biler, eger-de biz ony şu maksat üçin ulansak» diýip syýasy hereketiň işjeň adamsy Ed Şwars «Aragatnaşyk işjeňligi: Raýatlar Interneti nähili ulanýarlar» diýen kitabynda ýazýar. Ol iň güýçli syýasy guramaçylyk işler üçin ýarag bolup durýar. Bu soňky 50 ýylyň içinde döredilen iň güýçli gurallaryň biridir we ähli kişi ondan peýdalanyp biler. Köplenç ýerli işjeň adamlar üçin häkimiýet guramalary we anyk meýilnamalar, şeýle-de syýasy ulgamyň iş usullary barada takyk habarlar zerur bolup durýar. Munuň ýaly habarlary bolsa aňsat we mugt Internetden tapyp bolýar.

«Hyýaly bileleşigiň» täsiri bilen umumy bähbitleri bar bolan erkekleriň we aýallaryň aragatnaşyk saklamaga mümkinçilikleri bar. Olar birnäçe müň kilometr uzak aralykda ýaşaýan-da bolsalar, bir-birleri hakynda hiç zat bilmeseler-de, olar şu wagt kompýuter merkezinde, Internetde duşuşýarlar. Köp halatlarda bu adamlar hiç haçan duşüşanok, emma olar biri-birlerini öz aladalary barada edýän özara gepleşikleriniň üsti bilen, uzak wagtyň dowamynda biri-birine ýazýan habarlary bilen gowy tanaýarlar.

Başga bir düýpli özgerişlik, ol hem Internetiň üsti bilen öň elýeterli bolmadyk döwlet häkimiýeti, syýasat bilen baglanyşykly meseleler, başga-da ýokarda agzalyp geçilen erkekler we aýallaryň öz aladalary boýunça dürli maglumatlary alyp bolýanlygydyr.

Mysal üçin, EnviroLink – daş-töweregi goramak meselesi barada web-saýt bolup durýar. Mundan ýerli guramalar ünse çekiji temalar barada anyk maglumatlary, saglyk üçin howply zyňyndylar barada, parnik gazlarynyň zyýany, zäherli-himiki galyndylary hakynda maglumatlary almaga mümkinçilik bar. Öňler jemgyýetçilik guramalar bu meseleler boýunça diňe duşuşykda umumy gürrüň geçirerdiler. Indi bolsa anyk we giň maglumat almaga EnviroLink mümkinçilik döredýär. Bu saýt bilim boýun-

ça soraglara, häkimiýet guramalarynyň işi daş töweregi goramak baradaky işler bilen meşgullanýan guramalar hem-de, bellenip geçilen guramalary çap etmek üçin gerekli maglumatlar bilen üpjün edýär. Ondan başga-da maglumatlary we maslahat bermegi, adamlar bilen daş töweregi goramak barada anyk meseleleri maslahatlaşmak üçin, aragatnaşyk saklamak üçin olaryň atlary, familiýalary we elektron aragatnaşyk bölümleriniň adreslerini EnviroLinkiň üsti bilen bilip bolýar. Başga-da bu saýtda «gürrüň etmek üçin otaglar» bar, şol ýerde peýdalanyjylar biri-biri bilen pikir alşyp bilerler.

Ýerli işjeňler Internet örän peýdaly diýip belleýärler. Olar syýasat bilen goňşularynyň we jemgyýetiň ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak üçin gyzyklanýarlar. Bu adamlar öz ýaşaýyş massiwlerinde we toparlarynda ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak üçin syýasat bilen meşgullanýarlar. «Ýerli işjeňler» kwartallary arassalamak, zir-zibilleri gaýtadan işlemek, jenaýata garşy göreşýän toparlary döretmek we garry adamlara bilim bermeklik ýaly işleri geçirýärler. Olar ýerlerde sagdyn şertleri döretmek, haçan-da, adamlar özleriniň gowy yaşamaklaryna diňe ýeterlik derejede üns beren ýagdaýlarynda mümkin bolar diýip ynanýarlar. «Ýerli işjeňler öz öňlerinde etraplaryň hyzmat ediş işlerini gowulandyrmaklygy meýil etmän, eýsem olar ýaşaýjylaryň öz gyzyklanmalary hem-de bu işleri üçin öz goşantlaryny goşmaklary arassa ýagdaý döretmek üçin esasy şertdigine ynanýarlar» diýip, Ed Şwarz belläp geçýär. Beýleki düýpli üýtgeşmäniň biri-de ýokarda agzalan erkek adamlaryň we aýallaryň öň alyp bilmedik döwlet häkimiýeti we syýasat, şeýle-de olaryň meseleleri barada ýa-da başga-da gerekli habarlary Internetde gysga wagtyň içinde alyp bilmekleridir.

Muňa mysal bolup, adamlar Şwarzyň ABŞ-nyň çäginde, işjeňlere kömek etmek barada döreden Neighborhoods Online web-saýty kömek edip biler. Bu saýta her gün ýüzlerçe adam girýär. Etraplaryň meseleleriniň täze çözgüdini agtarmak üçin ştat işgärleri, wezipeli adamlar, žurnalistler, talyplar, raýatlar oňa girýärler.

«Biz kem-kemden her bir korporasiýanyň etraplary ösdürmek işi boýunça, her bir maslahat beriş komitetiň, sowatsyzlygy ýok etmek boýunça her bir meýilnamanyň, işçi hünärmenleri taýynlamak boýunça, her bir guramanyň we durmuşy hyzmat ediş işi bilen meşgullanýan her bir kompaniýanyň şu saýtda ýer almagyny, ýa-da oňa nähili girmegiň üstünde işlemegini gazandyk» – diýip Şwars gürrüň berýär.

## ŞAHSY BÄHBITLERIŇ TOPARY

Ýokarda agzalan toparlar we şoňa meňzeş başga toparlar jemgyýetçilik gyzyklanmalaryň topary diýip atlandyrylýar. Olar öz toparlarynyň bähbidi ýa-da şahsy bähbitleri üçin hereket etmeýärler, olar özlerini «diňe jemgyýetiň halkyň bähbitlerini goraýarys» diýip hasaplaýarlar, ýöne bu olaryň dogry orny eýeleýändiklerini aňlatmaýar, eýsem ol diňe girdeji almak elementiniň ýa-da aýry bir şahsy gyzyklanmanyň örän pesdigini görkezýär.

Başga tarapdan şahsy bähbitler toparlaryň adaty syýasatda goraýan ykdy-

*Dowamy 120-nji sahypada*

# KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERI



ABŞ-nyň Prezidentligine dalaş edýän kandidatlar Riçard Nikson (çepden) we Jon F. Kennedi (kamera arkalaýyn dur) özleriniň taryhy telewizion bäsleşiklerine taýýarlanýan pursatlary. 1960 ý.

*Amerikanlar aňsat maglumat gazanmaklyk täze demokratiýanyň wezipesini ýerine ýetirmek şertlerine degişlidigine örän çalt düşündiler, ýagny olar jogapkärçilikli wezipelere kandidatlary bellemeklik ýa-da dogry syýasy ugry saýlamaklyk üçin zerurdygyny aýtdylar. Ondan başga-da, maglumatyň çalt, giň möçberde ýaýradylmalydygyna çalt göz ýetirdiler.*

*Munuň üçin bolsa, gazetden gowy zat ýokdy. Amerikanyň Pensilwaniýa ştatynyň Filadelfiýa şäherinde 1783-nji ýylda ilkinji gazet peýda bolýar. Eýýäm 1800-nji ýyla çenli Filadelfiýada gündelik gazetleriň 5-si, Merilend ştatynyň Baltimor şäherinde üç gazet we Günorta-Karolina ştatynyň Çarlston şäherinde gündelik gazetiň ikinjisi çap edilýärdi. Bulardan başga-da, bütin döwletde beýleki gazetleriň 250-ä golaýy bolup, olaryň köpüsi hepdede bir gezek çap edilýärdi. 1850-nji ýylda ABŞ-da 2000 gazet bolup, olaryň 200-si gündelik gazetleridi.*

*Ýurduň dörän gününden başlap, garaşsyz we dikdüşdi žurnalistler gazetiň ilkinji çykan günlerinden ençeme amerikan syýasatçylaryny özlerine garşy goýdular. 1792-nji ýylda Jorj Waşington: «Eger döwlet we wezipeli işgärler hemişe gazetleriň adalatsyz tankydy hüjümleriniň täsirinde bolsalar, şol gazetler hem, ol ýa-da beýleki wezipeparazlaryň özleriniň alyp barşynyň hakyky sebäplerini açyp görkezip bilmeseler, maglumatlary barlamaga üns bermeseler, onda meniň düşünişime görä, hiç bir adama ýurdy dolandyrmak başartmaz, ýa-da döwlet maşynyny işjeň ýagdaýda saklap bilmez» diýip aýdyp geçýär. Beýleki bir tarapdan syýasatçylar saýlawçylary habarly etmekde gazetiň ummasyz rolunyň bardygyna güwä geçýärler. 1787-nji ýylda Tomas Jefferson «eger mende iki sany hukuk, ýagny gazetsiz hökümeti ýa-da hökümetsiz gazeti saýlamaklyk bar bolan bolsa, men onda şübhesiz soňkyny saýlardym,»– diýip belleýär.*

*1924-nji ýylda syýasatda esasy roly radio eýeleýär. Şonda ilki bilen syýasy partiýalaryň milli gurultaýyndaky delegatlaryň çykyşlaryny göni efire bermeklikden başlanýar. Şol ýylda partiýalar öz edýän işini radioda reklama etdirip ugrapdyrlar, ýagny respublikanlar munuň üçin 120 000 dollar, demokratlar bolsa 40 000 dollar harç edipdirler. Dört ýyldan soň iki partiýanyň hem çykdajylary milliona ýetipdir we şondan bäri saýlaw kompaniýalaryna edilýän çykdajylar ýylsaýyn artýar. Aýratynda şeýle ummasyz harç edilişik soňky ýyllarda has hem köp bolýar.*

*1934-nji ýylda Jorj Gellap jemgyýetiň pikirini bilmek üçin sorag-jogap işini geçirmäge başlaýar. Ilki başda bu döwletiň kiçi etraplaryndaky uly bolmadyk adamlar toparynyň arasynda geçirilipdir. J. Gellap şeýle sorag-jogap işini kanun çykaryjylar, hünärmentler, mugallymlar we beýleki kärdäki adamlar bilen geçiripdir. Bu işi geçirijiler onuň «demokratiýanyň pulsuny» ölçemek üçin çalt we netijeli ugur boljakdygyna ynanypdyrlar. Ýöne, häzirki wagtda sorag-jogap işini geçirmek örän kyn iş bolup durýar, sebäbi ähli zat tehnikanyň üsti bilen geçirilýär, kabul edilen maglumatlar hem tehnikanyň üsti bilen barlanylýar. Şonuň üçin käbir ýalňyşlar bolýar, muňa garamazdan, sorag-jogap etmek umuman we bütinleý jemgyýetçilik pikirini öwrenmekde netijeli ugur hasaplanylýar.*

*1940-njy ýylda, syýasy partiýanyň milli gurultaýy telewideniýe arkaly göni goýberilişi birinji gezek görkezildi we oňa 100 000 adam tomaşa etdi. XX asyryň 50-nji ýyllarynda amerikan maşgalalarynyň üçden bir böleginde telewizor bardy. 1952-nji ýylda saýlaw kompaniýasynyň öň ýanynda iki partiýanyň telewizor reklamasy üçin eden çykdajysy 3,5 mln. dollar bolup, respublikanlar demokratlardan köp sarp etdiler. 1960-njy ýyldaky Kennedi bilen Niksonyň arasyndaky telebäsleşik telewideniýäniň saýlaw kompaniýasynda esasy rolunyň bardygyny tassyklady.*

*Iňlis taryhçysy Filip Jon Dewis «ABŞ-nyň saýlawlary» diýen kitabynda – «Amerikanlaryň köpüsi üçin esasy habar beriji serişde-telewideniýedir» diýip belleýär. ABŞ-da döwletiň jogapkärçilikli wezipesine we jemgyýetiň arasynda gowy täsir galdyrjak bolýan adamlar hökmany telewizorda çykyş etmelidir. Jemgyýetiň özi hem telewideniýede syýasatçylaryň, esasanam, prezident wezipesine dalaş edýän kandidatlaryň telewideniýede görkezilmegine garaşýar. Kongressmen, gubernator we ýerli häkimiýetiň baştutanlarynyň radio we gazetden öz islegleri boýunça peýdalanyp bilýärler, ýöne telewideniýe arkaly çykyş etmeseler welin saýlawçylaryň arasynda ynanmazçylyk döredýärler. Bu bolsa kandidatlar üçin örän zyýanlydyr.*

sady paýy hem bolýar. Kärdeşler arkalaşygynyň iň pes aýlyk hakyndaky we telekeçileriň kärdeşler arkalaşygy bilen zähmet şertleri barada ylalaşygy hakyndaky kanuny göz öňünde tutup, işewür guramalar salgytlary azaltmak syýasatyny goldaýar. Başga şahsy bähbitler toparlary «buthana we etniki toparlar» meseleleri bilen meşguldyrlar.

Soňky ýyllarda sany we täsir edişi boýunça ösen toparlaryň biri hem syýasy hereket komiteti – SHK. Syýasy hereket komiteti- garaşsyz bolmak bilen bir ýada birnäçe meseleleri çözmek üçin gurama bolýarlar. Onuň esasy meselesi Kongrese we prezidentlige dalaş edýän syýasy kampaniýalara pul bermekden ybarat. SHK federal saýlawlarda özüniň kandidatynyň sany boýunça harç etmeklikde çäklendirilendir. Şeýle bolsa-da saýlaw kampaniýalaryna ýa-da öz bähbitlerini goramak üçin SHK-ä pul harajat etmek üçin çäklendirilme ýok. Häzirki döwürde SHK-niň sany müňe ýetdi.

«Syýasy partiýalara edilýän howp umumy bähbitler boýunça birleşýan toparlaryň sanynyň köpelmegi bilen has artýar, hatda bu toparlaryň köpüsiniň Waşingtonda (Kolumbiýa Federal okrugy) bölümleri-de bar we olar özlerini göni Kongrese ýa-da federal guramalara deňeýärler» diýip Maýkl Şadson «Tertipli raýat: jemgyýete Amerikan hysmatynyň taryhy» atly kitabynda ýazýar. Waşingtona eýerýän köp guramalar ýönekeý raýatlaryň ahlak we maddy kömegini gazanmagy başarýarlar. Ýöne bu guramalaryň köpüsi soraglaryň çäkli toplumyna we hatda bir meselä ünsi çekýärler, köplenç hem bu ýeke-täk mesele örän uly täsir ediş güýje eýe bolýar, olar dollar, wagt we raýatlaryň söýgüsi üçin partiýalaryň bäsdeşligine getirýär.»

Bu «aýratyn bähbitler» toparlarynyň sarp edýän pulunyň möçberi kompaniýalar näçe baý boldugyça ösmegini dowam etdirýär. Köp amerikanlarda kesgitli garaýyşlaryň «çarpyşmagy» üçin döredilen gyzyklanýan baý toparlaryň, korporasiýalar, kärdeşler arkalaşygy ýa-da CHK bolsun, tapawudy ýok, ýönekeý adamlaryň täsirine garşylyk gorkezip bilmegi derejede örän güýçlüdigi barada pikirler bar.

Ýöne ýönekeý raýatlar hem bu boýunça käbir zatlary başarýarlar. Olar bir-birlerini habardar edip, soňam alnan maglumatlar esasynda hereket edip bilerler. Her bir saýlanýan wezipeli adama gözegçilik etmek üçin iň amatly usul Internet ulanmakdyr. Bu raýatlar birnäçe minutyň içinde «aýratyn bähbitler» toparynyň haýsysynyň ol ýa-da beýleki wezipeli adamyň saýlanmagyna we bu wezipeli adamlaryň ýaňy-ýakyndaky kanunlar hukuknamalar boýunça nähili ses berendiklerini anyklap bilýärler. Soňra ýaňky raýatlar alnan maglumaty öz pikirlerini halka ýetirmek üçin mümkinçilik alýarlar.

Syýasy durmuşyň maglumaty ol ýada beýleki soraglaryň ara alnyp maslahatlaşylmagy, olar hakda maglumatlaryň ýygnalmagy we olaryň dostlary ýa-da goňşulary bilen geňeşilmegi, saýlanan wezipeli adamlaryň özüni alyp barşyna, esasanam olaryň nähili ses berşine hiç hili täsiri ýetmeýändiginden ybaratdyr, ýöne bu döwlet wezipeparazlaryny özlerini şol wezipä saýlan adamlaryň ikinji sapar hem saýlajakdyklary baradaky sorag aladalandyrýar. Haçanda saýlawçy-

lardan hatlar, telefon jaňlary, fakslar we elektron aragatnaşygy boýunça habarlar gelmäge başlanda, saýlanan wezipeli adamlar olara üns berýärler. Ýöne iň soňunda saýlawçylardan durýan halk öňküsi ýaly halk kimdir birine ses bermek bilen saýlawlarda iň soňky aýgytly nokady goýup bilýär.

Konstitusiýanyň taslamasy işlenip düzülen wagtyndan başlap, ýagny 1787-nji ýyldan şu güne çenli geçilen ýol tekiz bolmady. Saýlawçylar wakanyň täsir ediş astyna düşdüler. Emma olara hemişe bähbitli çözgüdi saýlamaga pursat döräpdi. Maddy we ruhy, ýerli we milli, jemgyýetçilik we şahsy, özüni bilýän we sahylyk, ştatlaryň hukugy we bütin ýurduň maddy hal ýagdaýy ýaly düşünjeleriň aratapawudyny kesgitläp, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň halky bu ähmiýete eýe bolup, güýçli, gülleýän, erkin ýurdy, dogrusy, aňrybaşy göreldeli bolmasa-da, hemişe öňe barýan, ýagty gelejegi bolan ýurdy döredýär. ❑

# ABŞ-nyň hökümeti barada goşmaça edebiýatyň sanawy

Abraham, Henry J.
*Justices, Presidents, and Senators: A History of the U.S. Supreme Court Appointments From Washington to Clinton.* 4th ed. Lanham, Maryland: Rowman and Littlefield, 1999.

Baum, Lawrence
*Supreme Court*. Washington, D.C.: CQ Press, 1997.

Bibby, John
*Two Parties or More?: The American Party System.* Boulder, Colorado: Westview Press, 1998.

Bowen, Catherine
*Miracle at Philadelphia: The Story of the Constitutional Convention, May to September 1787.* Boston, Massachusetts: Little Brown, 1986.

Boyte, Harry C., Heather Booth, and Steve Max
*Citizen Action and the New American Populism.* Philadelphia, Pennsylvania: Temple University Press, 1986.

Brinkley, Alan, Nelson W. Polsby, and Kathleen M. Sullivan
*The New Federalist Papers: Essays in Defense of the Constitution.* New York, New York: Norton, 1997.

Brookhiser, Richard
*Alexander Hamilton, American.* New York, New York: Free Press, 1999.

Carp, Robert A., and Ronald Stidham
*Judicial Process in America.* 4th ed. Washington, D.C.: CQ Press, 1998.

Davies, Philip
*U.S. Elections Today*. 2nd ed. New York, New York: Manchester University Press, 1999.

Edwards, George C.
*Government in America: People, Politics, and Policy.* 8th ed. New York, New York: Longman, 1999.

Fine, Toni M.
*American Legal Systems: A Resource and Reference Guide.* Cincinnati, Ohio: Anderson Publishing, 1997.

Fisher, Louis
*Constitutional Conflicts Between Congress and the President*. 4th ed. Topeka, Kansas: University Press of Kansas, 1997.

Fisher, Louis
*The Politics of Shared Power: Congress and the Executive*. 4th ed. College Station, Texas: Texas A & M University Press, 1998.

Friedman, Lawrence M.
*American Law: An Introduction*. 2nd ed. New York, New York: W.W. Norton, 1998.

Graber, Doris
*Mass Media and American Politics.* 5th ed. Washington, D.C.: CQ Press, 1997.

Greenstein, Fred
*Leadership in the Modern Presidency*. Cambridge, Massachusetts: Harvard University Press, 1988.

Hall, Kermit, ed.
*The Oxford Guide to United States Supreme Court Decisions*. New York, New York: Oxford University Press, 1999.

Hanson, Russell, ed.
*Governing Partners: State-Local Relations in the United States.* Boulder, Colorado: Westview Press, 1998.

Hedge, David
*Governance and the Changing American States.* Boulder, Colorado: Westview Press, 1998.

Hoffman, Daniel
*Our Elusive Constitution: Silences, Paradoxes, Priorities.* New York, New York: SUNY Press, 1997.

Kurian, George T.
*Historical Guide to the U.S. Government.* New York, New York: Oxford University Press, 1997.

Loomis, Burdett
*The Contemporary Congress.* 2nd ed. New York, New York: St. Martins Press, 1998.

Mason, Alpheus
*American Constitutional Law: Introductory Essays and Selected Cases.* 12th ed. New York, New York: Prentice Hall, 1998.

Meador, Daniel J.
*American Courts.* St. Paul, Minnesota: West Publishing Co., 1991.

Nelson, Michael
*The Presidency and the Political System.* 5th ed. Washington, D.C.: CQ Press, 1998.

Notess, Greg R.
*Government Information on the Internet.* 2nd ed. Lanham, Maryland: Bernan Press, 1998.

O'Brien, David M.
*Storm Center: The Supreme Court in American Politics.* 5th ed. New York, New York: W.W. Norton, 1999.

Perloff, Richard M.
*Political Communication: Politics, Press, and Public in America.* Mahwah, New Jersey: Lawrence Erlbaum Associates, 1998.

Polsby, Nelson
*Presidential Elections: Strategies and Structures of American Politics.* 9th ed. Chatham, New Jersey: Chatham House, 1996.

Reichley, A. James, ed.
*Elections American Style.* Washington, D.C.: The Brookings Institution, 1997.

Relyea, Harold C., ed.
*The Executive Office of the President: A Historical, Biographical, and Bibliographical Guide.* Westport, Connecticut: Greenwood Press, 1997.

Rimmerman, Craig A.
*The New Citizenship: Unconventional Politics, Activism, and Service.* Boulder, Colorado: Westview Press, 1997.

Ripley, Randall
*Readings in American Government and Politics.* 3rd ed. Boston, Massachusetts: Allyn and Bacon, 1999.

Rogers, Donald, ed.
*Voting and the Spirit of American Democracy: Essays on the History of Voting and Voting Rights in America.* Urbana, Illinois: University of Illinois Press, 1992.

Rossiter, Clinton, ed.
*The Federalist Papers,* by Alexander Hamilton, James Madison, and John Jay. New York, New York: Mentor, 1999.

Schudson, Michael
*The Good Citizen: A History of American Civic Life.* Cambridge, Massachusetts: Harvard University Press, 1999.

Schwartz, Ed
*Net Activism: How Citizens Use the Internet.* Sebastopol, California: Songline Studios, Inc., 1996.

Selnow, Gary W.
*Electronic Whistle-Stops: The Impact of the Internet on American Politics.* Westport, Connecticut: Praeger Press, 1998.

Van Horn, Carl
*The State of the States.* 3rd ed. Washington, D.C.: CQ Press, 1996.

Weisberg, Herbert, ed.
*Great Theatre: The American Congress in the 1990s.* Cambridge, England: Cambridge University Press, 1998.

Wilson, James
*American Government: Institutions and Policies.* 7th ed. Boston, Houghton Mifflin, 1998.

Woll, Peter, ed.
*American Government: Readings and Cases.* 13th ed. New York, New York: Longman, 1999.

**Berilen suratlar** (eger sahypada iki surat berilen bolsa, olaryň ýokarsyndaka çykgytlar birinji getirilýär):

Front cover: © Brian Lawrence/Pictor. 4–5: © Bettmann/CORBIS. 6, 10, 13, 14: North Wind Picture Archives. 16: File Photo. 26: AP/Wide World Photos. 30–31, 32-33, 35: North Wind Picture Archives. 38–39: © Robert Trippett/Sipa Press. 43: © Martin Simon/SABA. 46: AP/Wide World Photos. © Mark Reinstein/ IPOL – Mary Anne Fackelman/The White House. 50: U.S. Department of Agriculture. 51, AP/Wide World Photos. 52: © Jonathan Elderield/Liaison Agency. 53: © David Butow/SABA. 54: AP/Wide World Photos. 56: © Matthew McVay/SABA. © Nina Bermann/Sipa Press. 58–59: AP/Wide World Photos: (3). 65 © Kim Kulish/SABA–AP/Wide World Photos. 64/65: © James Colburn/IPOL. 71: © Christy Bowe/IPOL. 70: AP/Wide World Photos. 78–79: © Robert Trippett/Sipa Press. 82–83, 84: AP/Wide World Photos. 86–87: Lisa Biganzoli, National Geographic Society. 89–90: North Wind Picture Archives. 91, 96: © Bettmann/CORBIS. 93: File Photo. 94: AP/Wide World Photos. 96–97: © Robert Daemmrich/Tony Stone Images. 99: AP/Wide World Photos. 100: © Cathlyn Melloan/Tony Stone Images. 102: © George Bellerose/Stock Boston, Inc.: AP/Wide World Photos. 104–105: © David Butow/SABA. 107: Hulton Getty Picture Library/Liaison Agency. 110: North Wind Pocture Archives. 112: © Greg Smith/SABA. 114: © 1991–1999 The EnviroLink Network – libertynet.org. 116: Archive Photos.